Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TARYHDAN HEKAÝALAR

***Umumy orta bilim berýän mekdepleriň***
***5-nji synpy üçin derslik***

***Ikinji neşir***

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi*
*ministrligi tarapyndan tassyklanan*

***Çolpan adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi***
***Daşkent – 2015***

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K: 372.893=512.164(075)
KBK 63.3(5Tur)ya72
J88

**Awtorlar:**
**U. Joraýew, K. Usmanow, A. Nurkulow, G. Joraýewa**

*Derslik metodik taýdan G. Joraýewa tarapyndan işlenen.*

**Jogapkär redaktor:**

***Ö. Mawlanow*** – *Awlany adyndaky HBIGTHKI taryh kafedrasynyň professory, taryh ylymlarynyň doktory;*

**Syn ýazanlar:**

***A. Hazratkulow*** – *taryh ylymlarynyň doktory;*
***Ş. Ergaşew*** – *taryh ylymlarynyň kandidaty;*
***A. Hidirow*** – *Özbegistan Milli uniwersitetiniň Özbegistanyň taryhy kafedrasynyň uly mugallymy.*

## Şertli belgiler

***Özüňizi synaň.***

***Bu belgi teksti okap, düşünip öwrenmäge çagyrýar.***

***Bu belgi tekstde duşýan taryhy şahslary, ýerleri we atamalary bilmäge ündeýär.***

***Bu belgi tema boýunça alan bilimiňizi özüňiz synap görmegiňiz üçin berlen soraglary aňladýar.***

**«Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi».**

ISBN 978-9943-05-743-2

**© U. Joraýew we başg., 2015**
**© Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2015**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# GIRIŞ: TARYHY HATYRASYZ GELJEK ÝOK

**Watanyň kesgitlemesi:** Watan! Bu sözüň aşagynda älem-älem many bar. Watan – eziz, mähriban we mukaddes ýurt diýmekdir.

**Ýatda saklaň!**

«Watan» arapça söz bolup, ene ýurt diýen manyny aňladýar.

Watan – biz doglan mekan. Göbek ganymyz daman toprak. Watan – bu altyn bişik. Ata-enemiz, garyndaşlarymyz we dostlarymyz bilen bile ýaşaýan ýer. Babalarymyzyň yzlary galan ýer. Eždatlarymyzyň ýurdy, ýürekdäki göwher.

Watan – Janajan şäheriňiz we obasyňyzdyr. Adamyň kalby, arzuw-umytlary, guwançlary we geljegi Watany bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Mukaddes «Watan» sözi mähriban «ene» sözi bilen ýanaşyk durýar. Çünki, Watan hem ene ýaly ýeke-täkdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Siz kinofilmlerde dürli sebäplere görä uzak möhletleýin daşary ýurtlarda ýaşap, öz Watanyna dolanan adamlaryň samolýotdan ýa-da otludan düşen badyna dyza çöküp ene Watanynyň topragyny ogşaýandyklaryny we gözlerine sylandygyny görensiňiz. Bu zatlar olaryň Watana bolan söýgüsiniň, Watanyň seždegähdeý mukaddesdiginiň aýdyň nyşanydyr.

**Özbegistan – biziň Watanymyz.** Özbegistan geçmişde Turan, Mawerannahr we Türküstan atlary bilen atlandyrylan. Müň ýyllaryň dowamynda ýurdumyzyň çäginde dürli-dürli dinlere we medeniýete eýe bolan adamlar parahat agzybirlikde ýaşap gelipdirler. Diýarymyz özüniň gözel tebigaty, hasyldar topragy, tükeniksiz baýlyklary bilen mydama hemmeleriň ünsüni özüne çekip gelipdir.

*Meňzeşi ýok bu gözel bossan,*
*Dessanlarda biten gülüstan.*
*Özbegistan diýip atlanýar,*
*Ony söýüp il dile alýar.*
*(H. Alimjan)*

Hatda Watanymyzy basyp alanlar hem halkymyzyň döreden baý medeniýetini ykrar edipdirler. Hut şu toprakda köp asyrlaryň dowamynda dünýä medeniýetleri bir-birini baýlaşdyrypdyr.

Watanymyz baryp üç müň ýyllyk taryha eýe. Bu döwürlerde ýurdumyzdan dünýä ylym-biliminiň ösmegine bahasyna ýetip bolmaýan goşant goşan beýik alymlar ýetişip çykdy. Siz okuwçylar bolsa Watanymyz Özbegistanyň gekjegisiňiz. Özbegistan dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinden biri bolmaga ymtylýar.

Bu beýik maksadyň amala aşmagynda Watanymyz Sizi hemmeler höwes eder ýaly perzent bolup kämilleşmegiňize ynam bilen garaýar.

**«Taryhy hatyrasyz geljek ýok».** Dünýädäki zulum ediji güýçler haýsy bir halky özüne tabyn etmekçi, boýun egdirmekçi bolsa, ilki bilen onuň beýik baýlygy bolan milli gymmatlyklaryndan, taryhyndan we ruhyýetinden mahrum etmäge alyşýar. Ýurtbaşymyz Islam Karimow özüniň «Belent ruh – ýeňilmez güýç» kitabynda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Öz taryhyny bilmeýän, düýnki gününi unudan milletiň geljegi ýok» diýip ýöne ýere nygtamandyr. Hormatly Prezidentimiz Islam Karimow tarapyndan aýdylan bu pähimli sözler Sizi Watanymyzyň taryhyny pugta öwrenmäge çagyrýar.

Watanymyzyň geçmişi beýik, onuň geljegide şübhesiz beýikdir. Geçmişdäki beýikligiň nämelerden ybarat bolandygyny we geljekdäki beýiklik ugrunda nähili ullakan döredijilikli işleri amala aşyrylýandygyny taryh ylmyny basgançaklaýyn öwrenmek arkaly bilersiňiz.

**«Taryhdan hekaýalar» dersligi bilen işlemek.** Eliňizdäki derslik Sizi taryhyň syrly älemine syýahata elter. Siz temalary öwrenmezden öň onuň sözbaşysyny ünsli okaň.

*«Ýatda saklaň»* diýlip gönüburçlugyň içinde aýratynlandyrylyp ýazylanlary ýatda saklamaga çalyşyň.

*«Şuny ünsli okaň»* ýumşy Sizi gönüburçlugyň içindäki teksti ünsli okamaga ündeýär. Okanyňyzdan soň onuň mazmuny barada pikir ýörediň.

Derslikdäki *«Özüňizi synaň»* ýumşy Siziň dersde alan bilimleriňizi berkitmäge hyzmat edýär.

Derslikdäki *«Özbaşdak iş»* üçin berlen ýumşuň nähili maksatda berlendigine üns beriň.

Özbaşdak iş – siziň taryhdan alýan bilimiňiziň aýnasydygyny ýatdan çykarmaň.

«Adalgalaryň mazmunyny öwreniň» ýumşunyň ýöne ýere girizilmändigini nygtaýarys. Çünki, taryh ylmynyň hem özboluşly adalgalary bar. Olary ulanmazlyk mümkin däl. Siziň wezipäňiz adalgalaryň adyny we mazmunyny pugta bilmekdir.

Dersligiň *«Soraglar we ýumuşlar»* bölegi Sizi indiki derse taýýarlanyp geleniňize kömek eder.

Dersligi aýawly saklaň. Çünki, sizden soň bu derslikden jigileriňiz peýdalanýarlar.

Bu Siziň okuwçy hökmündäki borjuňyzdygyny elmydama ýatda saklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Soraglar we ýumuşlar

1. *«Watan» düşünjesine kesgitleme beriň. Siz dersligiňizde bu düşünjä berlen kesgitlemä ýene nämeleri goşan bolardyňyz?*
2. *«Taryhy hatyrasyz geljek ýok» diýen pähimli sözleriň mazmuny barada nämeleri aýdyp bilersiňiz?*
3. *Watan hakda nähili goşgulary ýat tutduňyz?*
4. *Mekdebiňiziň kitaphanasyndan Watanymyzy dünýä tanadan beýik şahsyýetler, watanperwer gahrymanlar baradaky kitaplardan okaň we olary gürrüň edip beriň.*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Öýde ata-eneňizden ispan ýazyjysy Migel de Serwantesiň aşakdaky sözleriniň mazmunyny düşündirip bermegini soraň: «Taryh – işlerimiziň hazynasy, geçmiş şaýady, şu günki gün üçin görelde we öwüt, gelejek üçin bolsa duýduryşdyr».



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# I bap. TARYH YLMY NÄMÄNI ÖWRENÝÄR?

## 1-§. TARYHY ÇEŞMELER

**Taryh ylmy barada.** Taryh geçmiş baradaky ylymdyr.

**Ýatda saklaň!**

«Taryh» arapça söz bolup, «geçmiş», «geçen wakalar barada hekaýa» diýen manylary aňladýar.

Taryh adamlar ýer ýüzünde haçandan bäri ýaşaýandygy, iň gadymy zamanlardan tä häzire çenli geçen durmuş ýoly, bu günki durmuşyny nähili guranlygy barada maglumat berýär. Taryhy öwrenmek arkaly eždatlarymyzyň uzak we ýakyn geçmişde näme bilen meşgul bolandyklaryny, nähili ýaşandyklaryny hem-de nähili taryhy wakalaryň bolup geçendigini bilersiňiz.

**Taryhy çeşme.** Taryh ylmy taryhy çeşmeler esasynda döredilýär.

Eýsem, taryhy çeşme näme?

**Üns berip okaň!**

Taryhy çeşme taryhdan maglumat berýän ähli taryhy zatlar we ýazyp galdyrylan dürli resminamalar hem-de kitaplardyr.

Taryhy çeşmeleri öwrenýän alymlar olary jikme-jik öwrenýärler we taryh ylmy üçin zerur maglumatlary toplaýarlar.

Taryhy çeşmeler, öz gezeginde, maddy we ýazuw çeşmelere bölünýär.

**Maddy çeşmeler.** Gadymy adamlaryň süňk galyndylary, olar ýaşan mekan, ýaşaýyş jaýlarynyň, şonuň ýaly-da, gala we şäherleriň,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Daşdan ýasalan zähmet guraly.**



**Diwara çyzylan surat.**



**Daşa öwrülen yz.**



**Hat ýazylan toýun.**




**Suratlaryň şinehatly belgilere öwrülişi.**

suwaryş desgalarynyň, öý-hojalyk hem-de şaý-sepleriň galyndylary zikgelenen teňňeler, gerbler, möhürler hem-de zähmet gurallary maddy çeşmeleri düzýär. Maddy çeşmeleri arheologlar toplaýarlar. Olar geçmişde adamlar ýaşan diýip takmyn edilen ýerlerde gazuw işlerini alyp barýarlar. Şeýdip maddy çeşmeleri düzýän dürli delilleri tapýarlar. Olaryň döredilen wagtyny we ýaşyny kesgitleýärler.

**Ýazuw çeşmeleri.** Ýazuw çeşmeleri taryhy çeşmeleriň möhüm we esasy görnüşidir. Mundan bäş müň ýyl öň käbir halklar ýazmak üçin aýratyn belgileri döredipdirler. Gaýadaş we gaty predmetlere oýup ýazylan ýazuwlar, haýwanyň derisine, agajyň gabygyna, soňluk bilen kagyza ýazylan ýazuwlar, dürli döwürlerde ýazylan golýazmalar, kitaplar, şonuň ýaly-da, arhiwlerde saklanýan taryhy resminamalar ýazuw çeşmeleridir.

Özbegistanyň taryhyna degişli iň gadymy ýazuw çeşmesi «Awesto» kitabydyr. Onda gadymy taryhymyza degişli örän gymmatly maglumatlar bar. Gadymy Horezm we sogd ýazuwlarynda ýazylan ýazuw çeşmeleri-de Watanymyzyň taryhyny öwrenmek üçin uly ähmiýete eýe. Şonuň ýaly-da, gadymy Eýran hökümdarlarynyň ýazuwlary, gadymy Gresiýa, Rim we Hytaý alymlarynyň eserlerinde hem Watanymyzyň taryhyna degişli gymmatly maglumatlar ýazyp galdyrylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özüňizi synaň**

- Maddy çeşme – bu ... .
- Ýazuw çeşmesi – bu ... .

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Arhiw** –köne resminamalar, ýazuw ýadygärlikleri saklanýan ýer.[1]

**Resminama (taryhy çeşme)** – taryhy wakalar we hadysalar barada şaýatlyk edýän, arhiwlerde saklanýan bellikler (ýazuwlar), suratlar.[2]

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Taryh ylmy barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Taryhy çeşmeler näme we olar taryh ylmy üçin nähili ähmiýete eýe?*
3. *Maddy (delil) we ýazuw çeşmelerini deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
4. *Watanymyzyň gadymy taryhy barada ýazyp galdyrylan ýazuw çeşmeleri barada aýdyp beriň.*

## 2-§. KALENDARLARYŇ TARYHYNDAN

**Kalendaryň taryhy.** «Kalendar» latynça söz. Türkmen dilinde «karz depderi», «her aýyň birinji güni» diýen manylary aňladýar. Durmuşymyzda bolsa kalendar – wagtyň günlere, hepdelere, aýlara we ýyllara bölüp hasaplanmagydyr. Kalendarda ýylyň, aýyň we günleriň atlary ýazylyp goýlan bolýar.

**Üns berip okaň!**

Ýyl – Ýeriň Günüň daşynda bir gezek aýlanyp çykmagy üçin gidýän wagt ölçeg birligi. Oňa görä, bir ýyl 365 güne, her dört ýylda bolsa bir gezek 366 güne deň bolup gelýär.

Häzir dünýäniň köp döwletlerinde, şonuň ýaly-da Özbegistanda hem peýdalanylýan kalendara «Grigorian kalendary» diýilýär.

**Kalendaryň watany.** Ilkinji kalendar gadymy Müsürde döredildi. Müsürliler özleri üçin ýaşaýyş meselesi bolan Nil derýasynyň haçan daşýandygyna gözegçilik edipdirler.

---

[1] Özbek diliniň düşündirişli sözlügi (indikide: ÖDDS). – D.: «ЎзМЭ». 2007. 1-nji jilt. 102-nji sah .

[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2004. 5-nji jilt. 556-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Müsürliler Nil derýasynyň daşmagyna çenli kanallary arassalap, bentleri gurup goýmalydylar. Gündelik gözegçilik derýanyň indiki daşmagyna çenli aradan 365 gün geçýändigini görkezipdir. Şu sebäpli müsürliler 365 güni 30 günlük edip, 12 aýa bölüpdirler. Galan bäş güni baýram günlerine hökmünde ýylyň ahyryna goşmaça edip ýerleşdiripdirler. Şeýdip ilkinji kalendar emele gelipdir. Ýöne, müsürliler ýyl hasabynda 6 sagada ýalňyşypdyrlar. Bu 6 sagatlyk tapawut her 4 ýylda bir sutkalyk ýalňyşlygy getirip çykarypdyr.



**Ýuliý Sezar.**




**Grigorian kalendary.**

**Ýulian kalendary.** Gadymky Rim döwletiniň hökümdary Ýuliý Sezar mil. öň. 46-njy ýylda täze kalendar girizýär we ýylyň başyny 1-nji ýanwara göçürýär. Täze kalendar Ýulian kalendary diýlip atlandyrylýar.[1]

Müsürlileriň kalendarynda her 4 ýylda toplanýan bir güni aýyrmak üçin fewral aýy dört ýylda bir gezek 29 gün dowam edýän edilip bellenipdir. Fewral aýy 29 gün bolup gelýän ýylda bir ýyl 366 gün bolupdyr. Ýöne Ýulian kalendary boýunça alnyp barylýan ýyl hasabynda hem ýalňyşlyk bardy. Şu ýalňyşlyk sebäpli dünýäde ýyl hasaby her 400 ýylda 3 güne yza galýardy.

Kalendardaky bu ýalňyşlyk milady 1582-nji ýyla gelip 10 güne ýetipdir. Netijede 1583-nji ýylda ýazky gije-gündiziň barabarlygy 21-nji marta däl-de, 11-nji marta gabat gelmek howpy döräpdir.

**Grigorian kalendary.** Bu howpy aradan aýyrmak maksadynda italiýaly ruhany Grigoriýniň ýolbaşçylygynda täze kalendar girizildi.

---

[1] *K. Rajabow* we başg. Dünýä taryhynyň möhüm seneleri (indikide: DTMS). – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 85-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ol ýokarda nygtalyşy ýaly Grigorian kalendary diýlip atlandyryldy. Bu kalendary girizenleriň teklibi bilen 1582-nji ýylyň 4-nji oktýabr güni tamamlanandan soň birdenkä 15-nji oktýabra geçilýär, ýagny aradaky 10 gün taşlap goýberilipdir[1]. Ýulian kalendary boýunça ýyl hasabynda emele gelen 10 günlük tapawut şeýdip aradan aýrylypdyr. Ýazky deňgünlük ýene 21-nji marta gabat gelýän bolupdyr.

Öňki ýalňyşlyk ýene gaýtalanmazlygy üçin fewral aýynyň her 400 ýylda 100 gezegiň ýerine 97 gezek 29 gün, her 400 ýylynda 300 gezek däl, 303 gezek 28 gün bolup gelýän edilipdir.

### Özüňizi synaň

- Kalendar – bu, ... .
- Müsür kalendaryndaky ýalňyşlyk – ... gün bolupdyr.
- Ýuliý kalendaryndaky ýalňyşlyk – ... gün bolupdyr.
- Grigorian kalendary ... ýylda kabul edildi.

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Deňgünlük** – gündiz hem, gije hem 12 sagada deň bolýan gün.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Kalendar we onuň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?*
**2.** *Näme üçin bir ýyl 365 ýa-da 366 günden ybaratdygyny düşündiriň.*
**3.** *Gadymy müsürliler kalendary nähili döredipdirler we bu kalendardaky ýalňyşlyk nämeden ybaratdy?*
**4.** *Ýulian kalendaryny müsürlileriň kalendary bilen deňeşdiriň.*
**5.** *Grigorian kalendarynyň girizilmegine näme sebäp boldy we onda Ýulian kalendaryndaky ýalňyşlyk nähili aradan aýrylypdyr?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

**Kalendarlary deňeşdiriň we jedweli dolduryň**

| Kalendarlar | Kalendarlarda ýyl hasabynda goýberilen ýalňyşlyklar | Ýalňyşlyklary düzetmek üçin nämeler edildi? |
|---|---|---|
| Müsürlileriň kalendary | | |
| Ýulian kalendary | | |
| Grigorian kalendary | | |

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 197-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-§. TARYHDA ÝYL HASABY

**«Milad» we «era» düşünjeleri.** Häzir dünýädäki döwletleriň aglabasynda, şol sanda Özbegistanda hem milady ýyl hasaby ulanylýar. Biz ýaşaýan ýylymyz milady ýyldyr. Milady ýyl hasabyna Isa pygamber doglan ýyl esas edip alnan.




**Ýyl hasaby.**

**Ýatda saklaň!**

Milad (arapça söz bolup, türkmen dilinde «dogulmak» diýen manyny aňladýar) – häzirki ýyl hasabymyzyň başy. Taryh kitaplarynda «milad» sözüniň ýerine «era» sözi hem ulanylýar. «Era» – sözi «başlangyç sifr», ýagny ýyl hasabynyň başy manysyny aňladýar[1].

Milady ýyl hasabynda 1-nji ýanwar ýylyň başy diýlip ykrar edilen. Ol häzirki ýylymyz başlanan birinji gün. Taryh kitaplarynda, Isa pygamber doglanyndan öň bolup geçen wakalara görä «miladydan öňki» (gysgaça: mil. öň.) ýaly ýazylýar. (Meselem, makedoniýaly Aleksandr mil. öň. 329-njy ýylda ýurdumyza çozup girdi).

**Milada çenli ýyl hasaby.** Milada çenli dürli halklar ýyl hasabyny dürlüçe alyp barypdyrlar. Meselem, ilki ýyl hasabyny ekinleriň hasyly ýygnalyp başlanan günden başlapdyrlar we ony ýylyň birinji güni diýip belläp goýupdyrlar. Gadymy greklerde bolsa ýyl hasaby birinji Olimpiýa sport oýunlarynyň geçirilen ýyldan başlanypdyr. Rimliler bolsa Rim şäheriniň esaslandyrylan ýylyndan başlapdyrlar. Siz taryhy öwrenen mahalyňyzda ýene bir ýagdaýt ýatda saklaň,

[1] ÖDDS. – D.: 2006. 2-nji jilt. 593-nji sah., 5-nji jilt. 45-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýagny taryh ylmynda taryhy wakalaryň we hadysalaryň bolup geçen asyry Rim sifrinde ýazylýar.

Meselem, I (1), II (2), III (3), IV (4), V (5), VI (6), VII (7), VIII (8), IX (9), X (10), XI (11), XII (12), XIII (13), XIV (14), XV (15), XVI (16), XVII (17), XVIII (18), XIX (19), XX (20) asyr. XXI (21) asyr. Bu asyr 2001-nji ýylyň 1-nji ýanwar gününden başlanypdyr.




**Rim sifrleri.**

**Özüňizi synaň**

- ♦ Era – bu, ... .
- ♦ Milad – bu, ... .
- ♦ Miladydan öňki – ... .

Ýurdumyzda eždatlarymyz sogdy, horezmi, müçe we hijri ýaly ýyl hasaplaryndan peýdalanypdyrlar.

**Hijri ýyl hasaby.** Dünýäniň ençeme döwletlerinde hijri ýyl hasaby hem ulanylýar. Ol Arabystanda döredilen. Bu ýyl hasabyna pygamberimiz Muhammediň (s.a.w.) milady 622-nji ýylyň 16-njy iýulynda Mekke şäherinden Medine şäherine hijrat eden, ýagny göçen wagty esas hökmünde alnypdyr. Şu seneden hijri birinji ýyl başlanýar.

Özbegistan Respublikasynda hijri ýyl hasabyndan dini dabaralary we baýram günlerini bellemekde peýdalanylýar.

**Hronologiýa düşünjesi.** Adamzadyň bütin geçen taryhy wagt bilen ölçelýär. Taryhy wakalaryň we hadysalaryň bolup geçen wagtyny kesgitlemek örän möhümdir. Şoňsuz gutarnykly taryh ylmyny döredip bolmaýar. Taryhda bolup geçen wakalaryň we hadysalaryň wagtyny kesgitlemekde taryhçy alymlar hronologiýa ylmyna ýüzlenýärler.

**Ýatda saklaň!**

«Hronologiýa» sözi grekçe «xronos» – wagt we «logos» – ylym sözleriniň birleşmeginden ybarat bolup, taryhy wakalaryň we hadysalaryň bolup geçen wagtyny kesgitleýän ylymdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hronologiýa wezipesine görä taryh ylmyna kömekchi ylymdyr. Bu ylmyň kömeginde alymlar haýsy taryhy wakanyň we hadysanyň haçan bolup geçendigini kesgitleýärler, olaryň sanawyny düzýärler.

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Pygambar (habar berýän)** – hudaýyň sözlerini, görkezmelerini bendelerine (adamlara) ýetirýän wekil, ilçi.[1]

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Milad (era) we era düşünjeleriniň mazmunyna düşündiriş beriň?*
2. *«Miladydan öňki» sözleri nämäni aňladýar?*
3. *Gadymda ýyl hasaby nähili alnyp barlandygy barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Milady we hijri ýyl hasaplaryna nähili wakalar esas edilip alnandygyny deňeşdiriň, olaryň meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň?*
5. *Hronologiýa näme we ol taryh ylmy üçin nähili ähmiýete eýe?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Mekdebiňiziň 1-nji synpyna gelen ýylyňyzdan Siz häzir ýaşaýan ýyla çenli geçen aralyk ýyllaryň hronologiýasyny düzüň. Onda özüňiziň we mekdebiňiziň durmuşynda bolup geçen möhüm özgerişleri hem-de wakalary suratlandyrmagy unutmaň.

### GOŞMAÇA MAGLUMATLAR

**Müçe ýyl hasaby.** Müçe ýyl hasaby «häsiýetli» we «mukaddes» diýlip hasaplanýan 12 haýwanyň ady (syçan, sygyr, ýolbars, towşan, balyk, ýylan, at, goýun, maýmyn, towuk, it, doňuz) bilen atlandyrylan 12 ýyllyk döwürleýin ýyl hasabydyr.

Bu proses adamlaryň durmuşynda möhüm orun tutupdyr. Eždatlarymyz bu ýyl hasabyndan öz ýaşyny kesgitlemekde-de peýdalanypdyrlar.

Mundan 2300 ýyl öň ulanylyp başlanan müçe ýyl hasabynyň esasynda adamlaryň doglan ýyllaryny haýwanlaryň ady bilen atlandyrmak we olaryň her 12 ýyllyk ýaşyny bir müçe ýaşy diýip hasaplamak bellenilipdir. Siz hem müçe ýaşyňyzy belleýärsiňiz.

Müçe ýyl hasaby boýunça täze ýyl ýazky gije-gündiziň deňleşmeginden başlanypdyr.

---

[1] ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2003. 6-njy jilt. 646-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 4-§. DÜNÝÄ KARTASYNYŇ TARYHY

**Ilkinji kartalar.** Şeýle ylymlar bar bolup, olary kartasyz öwrenmek gaty kyn. Taryh we geografiýa ylymlary şeýle ylymlar hasaplanýar.

**Ýatda saklaň!**

Karta – Ýeriň üsti, asman jisimleri ýa-da asman gümmeziniň kagyza kiçeldilip düşürilen teswiridir.

Dürli halklaryň arasynda söwda aragatnaşyklarynyň ösmegi, harby ýörişler we uzak ülkelere edilmeli bolan syýahatlar kartalaryň döredilmegine sebäp bolupdyr. Miladydan öňki III asyrda gadymy grek alymy Eratosfen Ýeriň ululygyny ep-esli takyk ölçemegi başarypdyr. Şonuň netijesinde ol dünýäniň birinji kartasyny döredipdir[1]. Bu kartada Günorta Ýewropa, Demirgazyk Afrika we Günbatar Aziýa şekillendirilen.

Gadymy grek alymy Ptolemeý, beýik babalarymyz Muhammet al-Horezmi, Abu Reýhan Biruny we Mahmyt Kaşgarlylar hem öz döwürleri üçin möhüm kartalary döredipdiler.

**Globusyň döredilişi.** Globus – ýer şarynyň kiçi masştabdaky şar şekilli nusgasydyr. Taryh we geografiýa ylymlaryny öwrenmekde globus hem möhüm ähmiýete eýe.

**Ýatda saklaň!**

Globus – latynça söz bolup, türkmen dilinde «şar» diýen manyny aňladýar.

Globusda ýeriň üsti örän kiçeldilen ýagdaýda şekillendirilýär. Beýik babamyz Abu Reýhan Biruny öz döwri üçin ep-esli kämil globusy döretmegi başarypdyr. XV asyrda Samarkantda – Mürze Ulugbegiň obserwatoriýasynda has kämil globus döredilipdi.



**Globus.**

---

[1] ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2005. 10-njy jilt. 240-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Ptolemeýiň kartasy.**




**Abu Reýhan Birunynyň kartasy.**

Gynansak-da, bu globus Ulugbek aradan çykandan soň ýok edilipdir. XV asyryň ahyrlarynda bolsa nemes geografy we syýahatçysy Martin Behaým «Ýeriň almasy» diýlip atlandyrylýan globusy döredipdir. Bu globus özünde Amerika kontinentiniň açyş edilmeginiň öňýanyndaky Ýer üsti şekillendirilen.

**Özüňizi synaň**

- Karta – bu, ... .
- Dünýäde birinji kämil globusy ... döredipdir.

**Häzirki zaman kartalary.** Häzirki taryh we geografiýa derslerinde häzirki zaman kartalaryndan peýdalanylýar. Bu kartalaryň häzirki zaman diýlip atlandyrylmagynyň sebäbi – olar karta döretmek üçin zerur bolan ähli talaplara amal edilmek bilen döredilenligindedir. Şeýlelikde, olar her taraplaýyn kämil kartalardyr. Taryh derslerinde esasan «Dünýäniň syýasy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kartasyndan», tematik kartalardan (ol ýa-da bu taryhy hadysany görkezýän kartalar; ol ýa-da bu döwletiň dürli asyrlara degişli ýerleşişi, dünýäniň belli bir taryhy döwürdäki syýasy ýagdaýyny görkezýän kartalar peýdalanylýar). Şonuň ýaly-da, «Özbegistan Respublikasynyň syýasy-administratiw kartasyndan» peýdalanylýar. Syýasy karta – dünýädäki döwletleriň kontinentler boýunça bu günki ýerleşişini suratlandyrýan kartadyr. Syýasy kartada döwletleriň ady, araçäkleri we döwlet paýtagtlary görkezilýär.

«Syýasy-administratiw karta» diýlende bolsa döwletiň nähili düzüm böleklere (welaýatlar, tümenler we olaryň merkezleri) bölünendigi görkezilen kartalar düşünilýär. Meselem, Özbegistan Respublikasynyň syýasy-administratiw kartasynda Garagalpagystan Respublikasy we 12 welaýat, olaryň merkezleri, şonuň ýaly-da, tümenleriň merkezleri görkezilendir. Şol bir wagtda döwletimiziň araçägi bellenilip goýlan.




**Häzirki dünýäniň kartadaky teswiri.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Özbegistanyň çäginiň kartadaky teswiri.**

## Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Obserwatoriýa** – ýörite abzallaryň kömeginde asman jisimlerine gözegçilik etmek bilen meşgullanýan ylmy edara.

## Soraglar we ýumuşlar

***1.*** *Karta näme we ol taryh ylmyny öwrenmekde nähili ähmiýete eýe?*
***2.*** *Ilkinji kartalar nirelerde we kimler tarapyndan döredilipdir?*
***3.*** *Globus näme we ol näme üçin zerur?*
***4.*** *Nähili kartalara häzirki zaman kartalary diýilýär? Olara mysallar getiriň.*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Geografiýa derslerinde alýan bilimleriňize daýanyp, ýaşaýan howlyňyzyň kartasyny çyzyň. Bu işi ýerine ýetirende geografiýa mugallymyňyzdan maslahat soramagy unutmaň.

---

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2003. 3-nji jilt. 351-nji sah



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# II bap. IŇ GADYMY DÖWÜRLERDE DÜNÝÄ HALKLARY

## 5-§. IŇ GADYMY ADAMLAR WE OLARYŇ MENZILLERI

**Afrikadaky gadymy menziller.** Adamzat bu günki keşbine, akyl-paýhasyna we ösüş derejesine birdenkä gazanan däldir. Bu birnäçe million ýyllyk ösüşiň netijesidir.

Arheolog alymlar adamzadyň iň gadymy eždatlarymyzy süňk galyndylaryny ilki Günorta we Gündogar Afrikadan tapdylar. Antropolog alymlar bolsa adamlaryň süňk galyndylaryndan olaryň daşky keşplerini dikeldipdirler. Bu adamlar ýaşan menzillerden iň ýönekeý zähmet gurallarynyň galyndylary hem tapylypdyr.

Alymlar ýönekeý bolsa-da ilkinji zähmet guralyny ýasamagy başaran adamzadyň eždatlaryny «işewür (düşbi) adam» diýip atlandyrýarlar. «Işewür adam» ilkinji zähmet guralyny daşdan (çakmakdaş) ýasapdyr. Şonuň üçin hem adamzat taryhynyň başy daş asyry (daş döwri) diýlip atlandyrylypdyr. Daş asyry adamzat taryhynda  örän uzak dowam etdi.

**Aziýadaky gadymy menziller.** Aziýada gadymy adamlaryň menzilleri Indoneziýanyň we Hytaýyň çäklerinden tapylypdyr. Alymlar süňk galyndylary Indoneziýanyň çäginden tapylan adamzat nesline pitekantrop (ýa-da Ýawa adamy), Hytaýyň çäginden tapylan neslini bolsa  sinantrop (Hytaý adamy) diýip atlandyrypdyrlar. Olar bir-birlerindan daşky keşbi, döreden zähmet gurallary, olaryň hili we zähmet endikleri bilen tapawutlanypdyr.

Sinantroplar  tebigy otdan peýdalanmagy bilipdirler. Olar muňa ýyldyrym sebäpli tokaý ýangynlarynyň gelip çykmagy netijesinde emele gelen ody saklap galmak ýoly bilen gazanypdyrlar. Bu adamzadyň gazanan iň uly üstünliklerinden biri boldy. Ýurdumyzda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

sinantropa döwürdeş adamlaryň süňk galyndylary we olaryň döreden zähmet gurallary Fergana jülgesiniň Selungur gowagyndan tapyldy.



**Neandertal adamy. (Deşikdaş gowagy).**



**Kromanýon adam.**

**Ýewropadan tapylan gadymy adam yzlary.** Döwürleriň geçmegi bilen adamyň daşky keşbi, akyl-paýhasy we zähmet guralyny ýasap bilijiligi barha kämilleşipdir. Germaniýanyň Neandertal jülgesinden tapylan we taryha «neandertal adamy» ady bilen giren adamlaryň durmuşy muny tassyklaýar. Neandertal adamyň daşky keşbi häzirki adamyň keşbine gaty ýakyn. Neandertallar miladydan öňki 100–40 müň ýyllyklar aralygynda ýaşapdyrlar[1]. Olar ýaşan döwürde Ýewropada klimat güýçli sowapdyr. Sowukdan saklanmak zerurlygy netijesinde olar haýwanyň derisinden geýim hökmünde peýdalanmagy we eti otda bişirip iýmegi öwrenipdirler.

**Özbegistanyň çägindäki gadymy menziller.** Özbegistanda neandertal keşpli adam süňkleriniň galyndylary Surhanderýa welaýatynyň çägindäki Deşikdaş gowagyndan tapyldy.

Miladydan öňki 40–12 müň ýyllyklar aralygynda ýaşan adam süňkleriniň galyndylary Fransiýanyň Kromanýon gowagyndan tapyldy[2]. Oňa «kromanýon adamy» ady berildi. Kromanýon adamy daşky keşbine görä bu günki keşpdäki adamdy. Alymlar kromanýon adamyny «akyl-paýhasly adam», «aňly adam» diýýärler.

**Özüňizi synaň**

♦ Işewür adam ... . ♦ ... akyl-paýhasly adamdy.

Özbegistanda kromanýon adamlarynyň döwürdeşleriniň menzilleri Samarkantdaky Siýobça saýynyň boýunda we Daşkent welaýatynyň Kölbulak (Angren) menzilinde tapylan.

---

[1] *A. Askarow.* «Özbegistanyň taryhy» (Iň gadymy döwürlerden eramyzyň V asyryna çenli). – D.: 1994. 25-nji sah.

[2] *K. Rajabow* we başg. DDDS. – D.: «Sharq» NÇPK 2011. 8-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Antropolog** – adamyň peýda bolşy we ösüş basgançaklaryny, bedeniniň gurluşyndaky özgerişleri, şonuň ýaly-da, kelle süňki galyndylaryndan adamyň daşky keşbini dikeldip öwrenýän alym[1].

**Ýawa** — Indoneziýadaky adalardan biriniň ady.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Adamzadyň iň gadymy eždatlary baradaky maglumatlar nähili toplanan?*
2. *Adamzadyň iň gadymy eždatlarynyň atlaryny aýdyp beriň.*
3. *Adamzadyň uzak ösüş basgançagynyň dürli döwürlerinde ýaşan eždatlarymyzy bir-birinden haýsy taraplary bilen tapawutlanypdyr?*
4. *Nähili faktor adamzat eždatlarynyň ýaşap galmagynda we bu günki keşpdäki adama öwrülmeginde aýgytlaýjy rol oýnapdyr?*
5. *Özbegistanyň çäginde ýaşan iň gadymy eždatlarymyz barada nämeleri bildiňiz?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

**«Adamzadyň iň gadymy eždatlary we olaryň ýaşaýşy»**

*Jedweli dolduryň*

| T/n | Soraglar | Sinantrop adamlary | Neandertal adamlary | Kromanýon adamlary |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Süňk galyndylary tapylan ýar | | | |
| 2. | Ýaşap geçen döwürleri | | | |
| 3. | Nämeleri öwrenipdirler | | | |

## 6-§. GADYMY ADAMLARYŇ DURMUŞ TERZI

**Gadymy adamlaryň zähmet gurallary.** Gadymy adamlar daşy işläp bejerip ony zähmet guralyna öwrüpdirler. Işlenilip badam şeklinde ýasalan we peýdalanylan daş guralyň uzynlygy 10–20 santimetr bolupdyr. Agyrlygy bolsa bäş ýüz gramdan bir kilograma çenli bolupdyr. Bu ilkinji zähmet guralynyň iki tarapy başga daş bilen ýonulypdyr. Ondan käbir zady urmak, kesmek, oýmak we gerekli aralyga zyňýan gural

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 89-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Daşdan ýasalan gural. Taýak guraly.

hökmünde peýdalanylypdyr. Gadymy adamlar öz zähmetlerini ýeňilleşdirmek maksadynda zähmet gurallaryny has-da kämilleşdiripdirler. Meselem, sinantroplar öňki eždatlaryna garanda gyralary has ýitiräk uçly hem-de tutmak üçin has oňaýly gurallary ýasamagy başarypdyrlar. Bu gurallardan peýdalanmak ep-esli amatly bolupdyr.

Neandertal adamy daşdan naýzanyň ujuny ýasapdyrlar. Süňkden bolsa ýiti uçly gündelik durmuş zerurlyklary üçin zerur bolan dürli dürli maýda zähmet gurallaryny döredipdirler.



Daş naýzanyň ujy.

Kromanýon adamy bolsa daşdan pyçak, naýza, dürli kesgiç, gyrgyç, biz, süňkden bolsa iňňe, çeňňek, sançgy ýasapdyrlar.

Süňkden iňňe ýasap tikmegi açyş edipdirler. Emeli ot almagy öwrenipdirler. Soňluk bilen ok-ýaý oýlap tapýarlar. Bu adamzat taryhyndaky iri oýlap tapmady. Şol bir wagtda adam iti eldekileşdirýär. Gündelik zerurlykdan artykmaç haýwan awlanyp başlanansoň adamlar, ýabany haýwanlary öý haýwanlaryna öwrüp başlapdyrlar. Netijede, awçylyk emele gelipdir.



Awçy.

Bara-bara adam küýzegärçiligi öwrenýär. Adamlar özleriniň gözegçiligi sebäpli tebigatda duşýan misden, galaýydan, gurşundan we bürünçden zähmet gurallaryny taýýarlamagy öwrenipdirler. Şonuň ýaly-da, tigirli araba, özboluşly el degirmeni, jykyry oýlap tapylýar.

Wagtlaryň geçmegi bilen adam demir uçly omaç, demir palta we başga möhüm zähmet gurallaryny döretdi. Bu bolsa ekerançylygyň ösmegine kömek edipdir.

### Özüňizi synaň

♦ Ok-ýaý ... oýlanyp tapylypdyr.
♦ Adam demirden ... ýaly zähmet gurallaryny ýasapdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Gadymy adamlaryň kärleri.** Gadymy adamlar ilki ellerindäki ýönekeý zähmet gurallarynyň kömeginde (daş we taýak) tebigatdaky taýýar önümler bilen güzeran geçiripdirler. Ujy ýiteldilen daşyň kömeginde maýda haýwanlary awlapdyrlar. Ujy ýonulan taýagyň kömeginde dürli ösümlikleriň köklerini köwläp alypdyrlar. Uzyn taýaklar bilen bolsa agaçlaryň miwelerini kakyp iýipdirler. Şeýdip, ýygnap azyk tapmak we aw adamlaryň iň gadymy käri bolupdyr.

**Ýatda saklaň!**

Ýygnaýjylyk bilen azyk tapmak we awçylyk özleşdiriji **hojalyk diýlip** atlandyrylýar.

Özleşdiriji hojalyk arkaly ýaşamak örän uzak ýyllar dowam edipdir.

Awlanan haýwanlaryň artykmajyny saklap öý haýwanyna öwürmek, maldarçylygyň emele gelmegine getiripdir. Adamlar bara-bara oturymly ýaşaýşa geçip başlapdyrlar.

Bu bolsa ekerançylygyň we maldarçylygyň has-da ösmegine getirýär. Şeýdip, ýygnaýjylykdan ekerançylyk, awçylyk we haýwanlary eldekileşdirmekden bolsa maldarçylyk, ýagny öndüriji hojalyk emele gelipdir.

**Ýatda saklaň!**

Adamlaryň bir ýerde hemişelik ýaşamaklaryna **oturymly ýaşaýyş** diýilýär. Oturymly ýaşaýşyň esasyny ekerançylyk düzýär.

Şeýdip, adamlar öz ýaşamagy üçin zerur önümleri özleri öndürýän bolupdyrlar. Dürli öý-hojalyk enjamlaryna bolan zerurlygy duýup başlapdyrlar. Bu bolsa hünärmentçiligi emele getiripdir.



**Hünärment.**

Wagtlaryň geçmegi bilen käbir adamlar esasan ekerançylyk bilen, käbirleri bolsa maldarçylyk ýa-da hünärmentçilik bilen meşgullanyp başlapdyrlar. Bu hadysa adamzadyň ösüşini ýene-de çaltlandyrypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özüňizi synaň**

♦ ... özleşdiriji hojalykdyr.

♦ Ekerançylyk we maldarçylyk ... diýilýär.



**Gadymy adamlaryň ýaşaýyş jaýy.**

**Gadymy adamlaryň ýaşaýyş ýerleri.** Gadymy adamlar ilki ullakan agaçlaryň köweklerinde we gowaklarda ýaşapdyrlar. Gowaklar adamlary ýagyndan, ýelden we sowukdan saklapdyr. Gijesine howply ýyrtyjy haýwanlaryň hüjüminden saklanmak üçin gowaga girilýän ýere ot ýakyp goýupdyrlar.

Gowaklar ýok ýerlerde bolsa adamlar ilki ýarym ýerküme gurupdyrlar. Onuň üstüni toprak bilen ýapypdyrlar. Ol gyşda iň ýönekeý başpena wezipesini ýerine ýetiripdir. Klimatyň maýlamagy bilen kiçi derýanyň boýlarynda we bulaklaryň ýakalarynda süňklerden, mamontlaryň gazyk dişlerinden we hadalardan ýönekeý külbeleri gurupdyrlar.

## Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Bürünç** – mis bilen galaýynyň garyndysyndan taýýarlanýan garyndy.

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Näme üçin adam zähmet gurallaryny barha kämilleşdiripdir?*
2. *Adamyň daşdan döreden ilkinji zähmet guralyna mahsus bolan aýratynlyklary aýdyp beriň.*
3. *Neandertal we kromanýon adamlarynyň döreden zähmet gurallaryny deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
4. *Eždatlarymyz nähili zähmet gurallaryny döretmegi başarypdyrlar?*
5. *«Özleşdiriji hojalyk» nähili hojalykdy?*
6. *«Öndüriji hojalyk» diýip nämä aýdylýar we ol nähili emele gelipdir?*
7. *Gadymy adamlaryň ýaşaýan ýerleri barada nämeleri bildiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBAŞDAK IŞ

*Aşakdaky jedweli dolduryň*

| T/n | Adamlar tarapyndan döredilen zähme gurallary | T/n | Özleşdiriji hojalyk | T/n | Öndüriji hojalyk |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## 7-§. ARHEOLOGIÝANYŇ TARYHYNDAN

**Arheologlar nähili işleýärler?** Arheologiýa geçmişi taryhy maddy çeşmeler – ýadygärlikler esasynda öwrenýän ylym.

**Ýatda saklaň!**

Arheologiýa sözi latynça «arxeo» we «logos» sözlerinden ybarat bolup, «gadymyýetçilik» diýen manyny aňladýar.

Arheologiýa ylmy bilen meşgullanýan alymlar – *arheolog*lar (gadymyýetçiler) diýlip atlandyrylýar. Taryhda hiç zat yzsyz ýitip gitmeýär. Ynha şu yzy tapmak arheologiýanyň wezipesidir.



**Arheologlar iş mahalynda.**

Arheologlar geçmişe degişli dürli tapyndylaryň (zähmet gurallarynyň, öý-hojalyk enjamlarynyň, gural-ýaraglaryň, şaý-sepleriň, ýaşaýyş jaýlarynyň, ussahanalaryň, suwaryş desgalarynyň we başgalaryň) galyndylaryny öwrenýärler. Şu esasda geçmiş barada maglumatlar toplaýarlar. Ähli tapyndylar arheologiýa ýadygärlikleri diýlip atlandyrylýar.

Arheologiýa ýadygärlikleri adamzat jemgyýetiniň ýazuw taryhyna çenli bolan döwrüni öwrenmekde möhüm ähmiýete eýe.

Olar ilki gazuw işleri geçirilýän ýerleri belläp alýarlar. Soň gazuw agtaryş işlerini geçirýärler.



**Tapylan ýazuw.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Demirden işlenen gurallar.**

Tapylan ýadygärligiň döredilen döwri we ýaşy kesgitlenilýär.

Özbegistanyň alymlary arheologik gazuwlar netijesinde tapylan ýadygärlikleri öwrenmek arkaly Samarkant şäheriniň 2750, Karşy we Şährisebz şäherleriniň 2700, Buhara we Hywa şäherleriniň 2500 ýa-da Daşkent şäheriniň 2200 ýaşdadygyny kesgitlediler.

Özbegistanda arheologiýa ylmyny ösdürmekde özbek alymy Musa Saidjanow, soňluk bilen meşhur alym Ýahýo Gulamowyň ýolbaşçylygyndaky arheologlaryň hyzmatlary uly boldy.

**Ýatda saklaň!**

«Akademik Ýahýo Gulamow öz döwrüniň janypkeş beýik alymy bolupdyr»[1].



**Ýa. Gulamow.**

Häzirki günde Özbegistanyň Ylymlar Akademiýasynyň ýanyndaky Ýahýo Gulamow adyndaky arheologiýa instituty hem uly işleri amala aşyrýar.

**Suwasty arheologiýasy.** Suwasty arheologiýasy – arheologiýa ylmynyň kömekçi ugry hasaplanýar.

Onuň taryhy XX asyryň başynda grek balykçylary tarapyndan gadymy heýkeli alyp barýan gämi gark bolan ýer tapylan wagtdan başlandy. Jak Iw Kusto tarapyndan akwalangyň döredilmegi adamzadyň suwasty mirasyny öwrenmegi has-da ýeňilleşdirdi. Suwasty arheologiýasy deňizleriň ýa-da derýalaryň derejesiniň ýokarlanmagy netijesinde suwuň astynda galyp giden ýadygärlikleriň galyndylaryny gözläp tapmak arkaly geçmişdäki adamlaryň ýaşaýşyny, olaryň durmuş terzini we medeniýetini öwrenýär.

---

[1] *Islam Karimow.* «Belent ruh – ýeňilmez güýç». – D.: 2008. 166-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Akwalang** – adamyň suwuň astynda arkaýyn dem alyp ýüzmegine hem-de işlemegine mümkinçilik berýän howa doldurylan ballonlardan taýýarlanan ýörite gurluş[1].



**Arheologlar suw astynda.**

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Arheologiýa nämäni öwrenýär?*
2. *Arheologiýa taryh ylmynyň döredilmeginde nähili orun tutýar?*
3. *Özbegistanyň arheologiýa alymlarynyň işleri barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Suwasty arheologiýasynyň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?*
5. *Siz ýaşaýan çäkde arheologik gazuw işleri alnyp barylanmy? Eger alnyp barylan bolsa, ol barada gysgaça maglumat toplaň.*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Özüňize mälim bolan arheologik ýadygärlikleri we olaryň ýerleşýän çäklerini ýazyp jedweli dolduryň.

| T/n | Arheologik ýadygärligiň ady | Ýerleşýän çägi |
|---|---|---|
| | | |
| | | |

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ» 2006. 1-nji jilt. 61-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# III bap.
# ADAMZAT MEDENIÝETINIŇ ŞEKILLENMEGI

## 8-§. GAÝADAŞ SURATLARY

**Irki sungat nusgasy.** Gadymy eždatlarymyz gaýadaşlara çekip galdyran suratlar irki sungat nusgalarydyr. Olar taryh üçin örän gymmatly taryhy ýadygärlikler hasaplanýar. Gaýadaş suratlarynyň özboluşly tarapy, olaryň adamzat tarapyndan entek ýazuw peýda bolmazdan öň döredilenligidir. Bu sungat nusgalary alymlaryň gadymy döwür taryhyny açyp görkezmekde möhüm çeşme hasaplanýar. Olarda eždatlarymyzyň gündelik ýaşaýşy, durmuş terzi, dini ygtykady, kärleri we adatlary aňladylandyr. Aýratynam, eždatlarymyzyň iň gadymy käri – haýwanlary awlaýan ýagdaýlary köp duşýar. Bu suratlar taryh üçin şol döwürde adamlar köpräk nähili haýwanlary awlandygy we olar muny nädip ýerine ýetirendikleri barada gyzykly maglumatlary berýär.



**Suratçy surat çekýär.**



**Altamira gowagyndaky surat.**

**Altamira, Kapowýa we Lasko gowaklary.** Gaýadaş suratlaryny mundan mil. öň. 15–8 müň ýyllyklarda öň kromanýon adamlary döredipdirler[1].

Bu döwürde gadymky suratçylar suratlary esasan gaýalara oýup çekipdirler. Olaryň bir bölegi Ispaniýadaky dünýä meşhur Altamira we Fransiýadaky Lasko

[1] ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2003. 5-nji jilt. 376-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Lasko gowagyndaky suratlar.**

gowaklaryndan hem-de Başgyrdystandaky Kapowaýa gowagyndan tapylan. Şol döwrüň şekillendiriş sungaty ussalary haýwanlary şekillendirmekde dürli maddalaryň garyndysyndan taýýarlanan reňkli boýaglardan, daş diwarlardaky suratlary reňklände bolsa taýajykdan ýa-da haýwanyň ýüňünden taýýarlanan çotgadan peýdalanypdyrlar.

Bu bolsa suratlaryň hiç bir özgerişsiz diýen ýaly häzirki döwre çenli saklanyp galmagyna sebäp bolupdyr. Olary öwrenmek gadymy haýwanat dünýäsini has doly göz öňüne getirmäge mümkinçilik berýär.

**Özbegistanyň çägindäki gaýadaş suratlary.** Özbegistanda şu seýrek sungat görnüşi örän gadymdan peýda bolupdyr. Suratlar esasan iki hili usulda – kakyp kerkilemek we tebigy boýaglaryň kömeginde işlenen. Soňluk bilen suratlar ujy ýiti, tygly demir we polat abzallar bilen daşlary oýup işlenen. Bu usula ylymda nokatly usul diýilýär. Ikinji usulda irki žiwopis ussalarynyň ussatlygy aýdyň görünýär. Olar dürli maddalaryň garyndysyndan boýag taýýarlamagy başarypdyrlar. Suratlara çöp, gamyş, süňk we guşlaryň ýelegi bilen timarlanypdyr. Özbegistanda 100-den artyk ynha şeýle seýrek sungat nusgalary anyklanan.

Hususan-da, Nowaýy welaýatyndaky Garadag ulgamyndaky Sarmişsaý deresinden tapylan şir, ýolbars, bars ýaly ýyrtyjy haýwanlaryň çanyşygy, awçynyň seýrek halatlarda eldekileşdirilen aw gaplaňy – gepardyň kömeginde ýabany öküzi awlaýan pursady suratlandyrylan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Irki sungatyň seýrek ýadygärligi hökmünde «Gyzyl kitaba» girizilen gaýtalanmaz gaýadaş suratlary bu gün daşary ýurtlarda hem ykrar edilendir. 2008-nji ýylda Zarautsaý, Sarmişsaý ýaly bahasyna ýetip bolmaýan medeni ýadygärlikleri goramak, olaryň ýok bolup gitmek howpunyň öňüni almaga degişli hökümet kararlary kabul edildi. Iň möhümi, Sarmişsaý suratlary bütindünýä mirasynyň seýrek nusgasy hökmünde YUNESKO tarapyndan sanawa alyndy we «Açyk asman astyndaky muzeý» diýlip resmi taýdan yglan edildi.

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**YUNESKO** – Birleşen Milletler Guramasynyň ylym, tälim we medeniýet işleri bilen meşgullanýan guramasy.

**Altamira** – Ispaniýadaky gowak.

**Lasko** – Fransiýadaky gowak.

**Kapowa** – Ural dagynyň Başgyrdystan çäginde ýerleşýän gowagyň ady.

**Gyzyl kitap** – Ýok bolmak howpy bolan, ösümlikleriň we haýwanlaryň atlary girizilýän kitap.

## Soraglar we ýumuşlar

*1. Gaýadaşlara ýazylan suratlaryň ähmiýeti nämede?*
*2. Özbegistanyň haýsy çäklerinden gaýadaş suratlary tapylan?*
*3. Ýewropadaky Altamira, Kapowa we Lasko gowaklaryndaky suratlar nämesi bilen ähmiýetli?*
*4. Irki şekillendiriş sungaty nusgalaryny döretmekde eždatlarymyz nähili serişdelerden peýdalanypdyrlar?*
*5. Suratlarda esasan nämeler suratlandyrylypdyr?*
*6. Gaýadaş suratlaryny saklamak boýunça Özbegistanda nähili işler amala aşyryldy?*

## ÝUMUŞ

*Jedwele derslikde berlen teswirlerde nämeleriň suratlandyrylandygyny ýazyň*

| T/n | Gowagyň ady | Suratlarda berlen haýwanlaryň ady |
|---|---|---|
| 1. | | |
| 2. | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 9-§. ÝAZUW – ADAMZADYŇ BEÝIK AÇYŞY

**Irki ýazuwuň döreýşi.** Ýer ýüzünde irki ýazuw belgileri ilki Aziýa we Demirgazyk Afrika (gadymy Müsür) halklary tarapyndan döredilipdir.

Geçmiş taryh, adamlaryň toplan durmuş tejribeleri we bilimleri, açyşlary eždatlarymyzdan nesillere ýazuw arkaly ýetip geldi.

**Ýatda saklaň!**

Ýazuw – adamlaryň arasyndaky aragatnaşyga hyzmat edýän ýazuw belgileriniň ulgamydyr.




**Müsür iýeroglifleri.**

Ýazuw bu günki şeklindäki görnüşe eýe bolýança uzak ösüş ýoluny geçdi.

Alymlar ilkinji ýazuwlary uzak wagta çenli okap bilmändirler. Çünki, bu ýazuwlar bu günki ýazuwlardan ýiti tapawutlanypdyr. Olar aslynda harp bolmazdan, käbir manyny aňladýan nähilidir belgilerden ybarat bolupdyr. Ikinjiden, olar bu günki günde hiç kim gepleşmeýän dillerde ýazylan. Şeýle bolsa-da, alymlaryň dyngysyz gözlegleri netijesinde soňluk bilen olaryň köpüsini okamak başartdy.

**Özüňizi synaň**

♦ Ýer ýüzünde ilkinji ýazuw belgileri ... tarapyndan döredilipdir.

**Gadymy ýazuwlar we olaryň görnüşleri.** Alymlar gadymy ýazuwlary birnäçe görnüşlere bölüpdirler. Olardan ilkinjisine «ýada salyjy belgiler» diýlipdir. Şeýle belgiler belli bir mukdary belgilemekde, käbir habary uzak aralyga ýetirmekde ulanylypdyr. Meselem, haýsy-da bolsa bir mukdary aňlatmak üçin dürli göwrümdäki daşdan ýa-da çaňňalaklardan peýdalanylypdyr. Eždatlarymyz ýazuwuň «Predmetli ýazuw» diýilýän görnüşinden




**Gadymy müsürliler sany şeýle aňladypdyrlar.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Suratly ýazuw.




Hytaý iýeroglifleri.

hem peýdalanypdyrlar. Meselem, galanyň suraty merhum jaýlanan ýeri, çörek-duz bolsa dostlugy aňladypdyr. Gadymy ýazuwuň ýene bir görnüşi «Suratly ýazuwdy». Gadymy eždatlarymyz dürli haýwanlaryň suratlaryny daşlara, süňklere we gowaklaryň diwarlaryna oýup çekipdirler. Olar diňe bir surat bolman haýsy-da bolsa bir ýagdaýy aňladýan özboluşly maglumat hem bolupdyr.

Durmuş rowaçlandygy saýyn suratly ýazuwlar adamlaryň zerurlygyny kanagatlandyryp bilmändir. Olar birneme çylşyrymlyrak ýazuwa zerurlyk duýup başlapdyrlar. Netijede ýazuwuň täze görnüşi – «Söz ýazuwy» şekillenipdir. Gadymy Müsür hem-de Hytaý iýeroglifleri, Şumer şinehaty we başgalar onuň ilkinji nusgalary boldy.

Ýöne, iýeroglifler bilen ýazmak aňsat iş däldi. Çünki, köp mukdardaky iýeroglifleri ýatda saklamak agyrdy. Durmuş indi «Elipbiýli ýazuw» açyş etmegi talap edip başlaýar.

**Özüňizi synaň**

♦ Ýazuw – bu, ... .

♦ Aşakdakylar ýazuwuň dört görnüşini düzýär ... .

**Elipbiýiň emele gelşi.** Siz mekdebiňiziň 1-nji synpyna kabul edileniňizde eliňize alan birinji kitabyňyz «Harplyk» bolandygy ýadyňyzdadyr. Ol başlangyç sowat öwrediji kitapdy. Elipbiý arapça «alif» we «bo» harplarynyň türkmen dilinde goşulyp aýdylmagydyr.

**Ýatda saklaň!**

Elipbiý – haýsy-da bolsa bir diliň ýazuwy üçin kabul edilen we berk yzygiderlikde ýerleşdirilen ýazuw belgileridir. Bu belgilere harp diýilýär. «Elipbiý» sözi bolsa arap elipbiýiniň birinji harpy (alif) we ikinji harpy (bo)nyň goşulyp aýdylmagyndan emele gelen sözdür.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Dünýäde birinji elipbiýi, ýagny harply ýazuwy miladydan öňki 2-nji müň ýyllygyň ortalarynda gadymy finikiýalylar döredipdir we ol finikiý ýazuwy diýlip atlandyryldy[1]. Finikiý elipbiýi 22 harpdan ybarat bolup, ol sagdan çepe garap ýazylan. Finikiý dilindäki sözleri şu 22 harp bilen ýazyp bilmek ullakan hadysady. Finikiý ýazuwy başga ýurtlara-da çalt ýaýrap başlady. Olar finikiý elipbiýini öz dillerine gabatlap alýarlar. Dünýädäki häzirki ýazuwlaryň bäşden dört böleginden köpräginiň esasynda finikiý ýazuwy ýatýar. Hatda häzirki gündäki latyn we kirill ýazuwlary hem finikiý ýazuwyndan gelip çykan.

| harpyň şekli | haýsy sözden | |
|---|---|---|
| 𐤂 | düýe | Г |
| 𐤃 | gapy | Д |
| 𐤊 | aýa | К |
| 𐤌 | suw | М |
| 𐤓 | baş | Р |

**Finikiý elipbiýi.**

| şekli | manysy |
|---|---|
| Г | Г |
| Δ | Д |
| К | К |
| М | М |
| Р | Р |

**Kirill elipbiýi.**

**Özüňizi synaň**

♦ Dünýäde birinji elipbiýi ... döredipdir.

Miladydan öňki IV–III asyrlarda latyn elipbiýi döredildi[2]. Ol birnäçe asyrlardan soň Günbatar Ýewropanyň köp halklarynyň ýazuwuna esas bolup hyzmat etdi. Milady IV asyrda bolsa arap elipbiýi döredildi. Rus elipbiýi kirillisa diýilýän köne slawýan elipbiýi esasynda emele geldi. Köne slawýan elipbiýini gresiýaly aga-iniler Kirill we Mefodiý IX asyrda gadymy grek elipbiýi esasynda döretdiler. Döredilen täze elipbiý Kirilliň hormatyna kirillisa diýlip atlandyryldy. X asyryň ahyrlarynda gadymy Kiýew Rusy döwleti hem bu täze elipbiýi kabul etdi we ol rus diline laýyklaşdyryldy. Häzirki zaman kirill-rus elipbiýinde 33 harp we 2 belgi bar.

**Özbegistanda ýazuw.** Özbek halky gadym zamanlardan bäri dürli ýazuwlardan peýdalanyp geldi. Olar horezm, sogd, orhon-ýeniseý[3], arap, kirill-rus we latyn elipbiýlerine esaslanan ýazuwlardyr. Horezm we sogd ýazuwlaryndan eždatlarymyz müň ýylyň dowamynda diýen ýaly peýdalandylar. Sogd elipbiýi ilki 23 harpdan ybarat bolupdyr.

---

[1] ÖzME – D.: «ЎзМЭ». 2001. 3-nji jilt. 469-njy sah.
[2] ÖzME – D.: «ЎзМЭ» 2003. 5-nji jilt. 315-nji sah.
[3] ÖzME – D.: «ЎзМЭ». 2005 9-njy jilt. 131-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu elipbiýde sözler sagdan çepe garap ýazylan. Häzir Özbegistanda latyn ýazuwuna esaslanan özbek elipbiýinden peýdalanylýar.

**Özüňizi synaň**

♦ Elipbiý – bu, ... .

♦ Finikiý elipbiýinde ... harp bolupdyr.

### Adalganyň mazmunyny öwreniň!

**Iýeroglif** – suratly, belgili ýazuw.[1]

**Şinehat** – çüý ýa-da panalara meňzeş belgileri laý tagtajyklara oýup ýazylan ýazuw görnüşi.[2]

### Soraglar we ýumuşlar

*1. Ýazuw näme? Ýazuwuň adamzat ýaşaýşynda tutýan orny barada nämeleri bildiňiz?*
*2. Gadymy ýazuw görnüşleriniň atlary we olaryň bir-birinden tapawudy barada aýdyp beriň.*
*3. Nähili faktorlar elipbiýiň emele gelmegine sebäp bolupdyr?*
*4. Finikiý elipbiýi adamzat taryhynda nähili rol oýnapdyr?*
*5. Latyn, arap we kirill-rus elipbiýleri barada nämeleri bildiňiz?*
*6. Özbegistanyň halky gadymda nähili ýazuwlardan peýdalanypdyr?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

| T/n | Elipbiýler | Haçan döredilen? | Harp sany | Ýazylyşy |
|---|---|---|---|---|
| 1. | Finikiý | | | |
| 2. | Sogd | | | |
| 3. | Latyn | | | |
| 4. | Arap | | | |
| 5. | Kirill-rus | | | |

## 10-§. «AWESTO» – EŽDATLARYMYZ DÖREDEN IRKI ÝAZUW TARYHY ÇEŞMESI

**«Awesto» barada.** Miladydan öňki IX – VIII asyrlarda gadymy Horezm diýarynda ýagşylyk dini – zarduşdylyk emele geldi[3]. Bu diniň ady ony esaslandyran Zarduştyň adyndan

[1] ÖDDS – D.: «ЎзМЭ». 2006 2-nji jilt. 175-nji sah.
[2] ÖDDS – D.: «ЎзМЭ». 2006 2-nji jilt. 603-nji sah.
[3] ÖzME – D.: «ЎзМЭ». 2002 3-nji jilt. 683-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

alnan. Zarduşdylyk dininiň mukaddes kitaby «Awesto» diýlip atlandyrylýar. Kitapda Ahuramazda («Danyşment», «ýokary», «geniý») dünýäni ýaradan hudaý diýlip ykrar edilýär.

**Ýatda saklaň!**

«Awesto» türkmen dilinde «berk ornaşdyrylan kada-kanunlar» diýen manyny aňladýar. «Awesto» 2700 ýyl öň Horezmde döredilen[1].

Eýran ahemenileri patyşasy Doro III döwründe «Awesto» 12 müň iri şahly malyň derisine tylla bilen ýazylyp hazynada saklanypdyr. Soňluk bilen, makedoniýaly Aleksandryň basybalyjylykly ýörişleri wagtynda onuň uly bölegi ýakyp goýberilýär. Astronomiýa we lukmançylyk ylymlaryna degişli bölümlerini bolsa grek diline terjime etdirdi. Aradan birnäçe asyrlar geçip, ýurdumyzda yslam dini giň ýaýransoň «Awesto» unudylypdy.



**Zarduşt.**

«Awesto» Orta Aziýa, ilkinji nobatda, Özbegistanyň geçmiş taryhy, şonuň ýaly-da eždatlarymyzyň urp-adatlary baradaky iň gadymy ýazuw çeşme hökmünde öwrenilýär.

**Özüňizi synaň**

♦ «Awesto» – bu, ... .

**«Awesto»nyň mazmuny.** «Awesto»da nygtalyşyna görä dünýä ýagşylyk we ýowuzlyk (ýamanlyk) esasyna gurlupdyr.

Ähli ýowuzlyklary (ölüm, gazaply gyş, zyýankeş mör-möjekler we şular ýalylar) ýowuzlyk howandary Ahriman iberýär.

Ahuramazda bolsa durmuşy, ýagşylygy, ýagtylygy we adalaty goraýar. Ýagşylyk bilen ýowuzlygyň arasyndaky göreşde ahyrky netijede ýagşylyk ýeňiş gazanýar. Ýöne, munuň üçin adamlar – ýalan geplemeli däl, beren wadalaryny ýerine ýetirmeli we adamlara diňe ýagşylyk etmelidiler. Adamdaky bu üç häsiýet kämilligiň belgisi hasaplanypdyr. Şu üç häsiýetli adamlar Ahuramazdanyň tarapdaryna öwrülýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýowuz güýçlerden zyýan ýetmezligi üçin adamlar ýer sürüp ekerançylyk etmäge, galla ýetişdirmäge, maldarçylyk bilen meşgullanmaga çagyrylyp we şeýle zähmet hormatlanypdyr.

Gowy pikir (asylly oý-pikir), ýagşy söz we haýyrly amallar (haýyrly işler) Zarduşdylyk dininiň baş taglymyny düzýär.

**Üns berip okaň!**

«Gowy pikir, ýagşy söz, haýyrly amal diýen prinsipde häzirki zaman üçin hem çäksiz göreldeli bolan sapaklaryň bardygyny görmek mümkin».[1]

Zarduşdylyk dininde ot, toprak, suw we howa mukaddes hasaplanýar. Muňa oduň ýagtylyk, topragyň (ýeriň) rysgal-nesibe, suwuň we howanyň bolsa ýaşaýyş çeşmeleridigi esas hökmünde alnan. Şol bir wagtda, bu dört element ähli barlygyň esasydygy nygtalýar.

**Özüňizi synaň**

♦ Zarduşdylyk baş taglymynyň esasyny ... düzýär.

**«Awesto»nyň 2700 ýyllygy.** «Awesto» diňe biziň däl, eýsem dünýä medeniýetiniň hem seýrek mirasy hasaplanýar. Şonuň üçin hem halkara YUNESKO guramasy Özbegistan hökümetiniň başlangyjy bilen 1999-njy ýylda «Awesto»nyň 2700 ýyllygyny bellemek barada karar kabul etdi. 2001-nji ýylda bolsa bu mübärek sene bellenip geçildi[2].

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Zarduşdylyk dini we «Awesto» barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Zarduşdylyk dininiň mazmuny barada aýdyp beriň.*
3. *Zarduşdylykda näme üçin ot, ýer, suw we howa mukaddes saýylypdyr?*
4. *Zarduşdylyk ahlagynyň üç daýanjyny aýdyp beriň. Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň olar barada aýdan pikirlerini getiriň.*
5. *«Awesto»nyň 2700 ýyllygynyň bellenip geçilmegi nämeleri aňladýar?*

---

[1] *Islam Karimow.* «Belent ruh — ýeňilmez güýç». – D.: 2008. 32-nji sah.

[2] *K. Rajabow* we başg. Özbegistan taryhynyň iň esasy seneleri. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. 2012. 389-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## ÖZBAŞDAK IŞ

**«Zarduşdylyk dini barada nämeleri bilýärsiňiz?»**

*Jedweli dolduryň*

| Zarduşdylyk haçan we nirede peýda bolupdyr? | Zarduş-tylygyň mukaddes kitaby | «Awes-to»da agzalýan taryhy ülkeler | Zarduş-tylyk dininiň esasyny näme düzýär? | Zarduş-tylyk ahlagy-nyň üç sütüni | «Awesto» nyň 2700 ýylly-gynyň bellenilmegi |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## 11-§. MUZEÝLER

**Muzeýler näme üçin gerek?** Muzeýler taryhy ýadygärlikleri gorap saklaýan, öwrenýän we halka görkezýän edaradyr. Muzeýler adamlaryň özleri üçin gadyrly we ýadygärlik bolup galýan zatlary toplap olary geljekki nesillere galdyrmak zerurlygy netijesinde peýda boldy.

**Ýatda saklaň!**

Muzeýlerde toplanan ýadygärliklere kolleksiýalar diýilýär.

Muzeýleriň görnüşleri gaty köp. Taryha, edebiýata we sungata, tehnika, lukmançylyga, haýwanat älemine, harby gural-ýarag ýalylara degişli muzeýler bardyr. Muzeýler ilki ybadathanalarda



**Ermitaž (Sankt-Peterburg).**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Luwr muzeýi (Pariž).**

döredilipdir. Ýewropada ençeme muzeýleriň döredilmegi XIV–XVII asyrlara dogry gelýär.

Muzeýlerden ýer alan eksponatlar uly terbiýeçilik ähmiýetine-de eýedir.

**Dünýäniň meşhur muzeýleri.** ABŞ, Italiýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Germaniýa, Rus Federasiýasy dünýäniň meşhur muzeýleri ýerleşýän ýurtlar hasaplanýar.



**«Özbegistanyň taryhy» döwlet muzeýi (Daşkent).**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Russiýanyň Sankt-Peterburg şäherindäki Ermitaž, Pariždäki Luwr, Londondaky Britaniýa, Italiýadaky Uffitsi ýaly dünýä meşhur muzeýleriň kolleksiýalarynyň düzüminde taryhy predmetleriň seýrek nusgalary saklanýar. Meselem, 1546-njy ýylda gurlan we öň korolyň köşgi bolan, häzir bolsa dünýäniň iň uly muzeýi hasaplanýan Pariždäki Luwr muzeýinde gadymy Müsürde, Gresiýada we Rimde döredilen seýrek sungat dürdäneleriniň asyl nusgalary saklanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň muzeýleri.** Özbegistan Respublikasynda hem köp muzeýler bar. Bu muzeýlerdäki eksponatlar dünýäniň meşhur muzeýleriniň eksponatlaryndan yza galmaýar.

Häzirki günde respublikamyzda Özbegistanyň taryhy döwlet muzeýi, Temuriler taryhy döwlet muzeýi, Özbegistanyň sungat muzeýi, Özbegistan halklarynyň medeniýeti we sungaty taryhy muzeýi, Özbegistan saglygy goraýyş muzeýi ýaly muzeýler iş alyp barýarlar. Ýekeje «Özbegistanyň taryhy» döwlet muzeýiniň özünde 250 müňden artyk ýadygärlikler bar.



**«Temuriler taryhy» döwlet muzeýi (Daşkent).**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Olar halkymyza we daşary ýurtlylara Özbegistanyň geçmiş taryhyny açyp görkezýär. «Temuriler taryhy» döwlet muzeýi 1996-njy ýylda gurlan. Beýikligi 31 metr bolan muzeýiň binasy üç etažlydyr. Muzeýiň sergi zalynyň merkezinde diwara ajaýyp şekillendiriş sungaty eseri işlenen. Oňa «Beýik Sahypgyran – beýik dörediji» diýlip at berlen. Eser «Döreýiş», «Galkynyş» we «Buýsanyş» atlary bilen atlandyrylýan 3 bölümden ybarat.

«Döreýiş» bölüminde Sahypgyranyň (beýik babamyz Emir Temuryň) dogulmagy bilen bagly urp-adatlar suratlandyrylan.

«Galkynyş» bölüminde beýik babamyzyň durmuşynda hemişe amal eden «Rosti-rasti» ýagny «Dogrulyk bähbitdir» diýen şygary altyn harplar bilen ýazyp goýlan. Şonuň ýaly-da, bu bölümde Sahypgyranyň wezirler, harby serkerdeler we alymlar bilen geçirýän maslahaty görkezilen.

«Buýsanyş» bölüminde bolsa Emir Temur we temuriler döwri mirasynyň nesilden nesle gelýändigi taglymy suratlandyrylan.

Dünýä döwletleriniň muzeýleri halkara gurama birleşen. Ol halkara YUNESKO-nyň düzümindäki «Muzeýleriň halkara maslahaty» diýlip atlandyrylýar.

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Eksponat** – muzeýlerde sergä goýulýan zatlar, suratlar, resminamalar, kitaplar.[1]

**Kolleksiýa –** muzeýlerde saklanýan zatlaryň tertipli toplumy.[2]

## Soraglar we ýumuşlar

*1. Muzeýleriň ýerine ýetirýän wezipeleri barada nämeleri bildiňiz?*
*2. Ilkinji muzeýler nirede döredilen?*
*3. Dünýädäki meşhur muzeýler barada nämeleri bildiňiz?*
*4. Özbegistanyň muzeýleri barada aýdyp beriň?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Özüňiz tomaşa eden ýa-da kitaplarda okan muzeýleriňizden biri barada gysgaça hekaýa taýýarlaň.

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 5-nji jilt. 28-nji sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 390-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# IV bap. ILKINJI SIWILIZASIÝALAR, ŞÄHERLER WE DÖWLETLER

## 12-§. ÝEWROPADA WE AMERIKADA ILKINJI SIWILIZASIÝALAR

**Siwilizasiýa barada.** Siwilizasiýa diýlende haýsy-da bolsa bir halkyň medeniýetiniň ösüşinde gazanan üstünlikleriniň derejesi düşünilýär. Şonuň üçin hem siwilizasiýa adalgasynyň ýerine köplenç «medeniýet» sözi hem ulanylýar. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi we önümçilik tehnikasynyň oýlanyp tapylmagy, şäher gurluşygy, ýazuwuň peýda bolmagy, ylym-bilimiň, edebiýatyň, sungatyň ösüşi we başgalar siwilizasiýanyň ýa-da medeniýetiň ösüşiniň alamatlarydyr. Aziýa we Demirgazyk Afrika (gadymy Müsür) irki siwilizasiýa merkezleri bolupdyr.

**Krit – Ýewropanyň ilkinji medeniýet ojagy.** Arheolog alymlar bu günki Gresiýa döwletine degişli Krit adasynda miladydan öňki 3–2 müň ýyllyklara degişli şäherleriň galyndysyny tapdylar. Şäherde gurlan köşgüň diwarlary suwalan. Suwag entek guramanka oňa oýulyp suratlar çekilen. Köşgüň aşaky gatyndaky köp otaglarda ussahanalar, ýaraghanalar, gymmatbaha zatlar we azyk önümleri saklanýan ammarlar ýerleşdirilen.



**Diwara oýulyp işlenen surat.**

Kritliler hünärmentçilikde uly üstünlik gazanypdyrlar. Arheologik tapyndylar hünärmentçiligiň, zergärlik, jaý gurluşygy we gämi gurluşygy ugurlarynyň ösendigini görkezýär.

Gämi gurluşygynda gazanan üstünlikler kritlilere söwda we harby flot döretmäge mümkinçik berdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Söwda floty Müsür we Wawilon ýaly döwletler bilen söwda-satyk etmäge hyzmat etdi.

Kritliler öz ýazuwuny hem döretdiler. Uzynlygy 150–200 metr, ini 70–150 metr giňlikdäki örän owadan ýerasty zallary hem gurupdyrlar. Olaryň döreden labirintler emtegem adamlary haýran galdyrýar.

**Ýatda saklaň!**

Miladydan öňki 3–2 müň ýyllyklarda Kritde döwlet döredi. Bu Ýewropadaky birinji döwletdi.

Miladydan öňki 2-nji müň ýyllygyň ortalarynda bolup geçen wulkan atylmagy netijesinde Krit medeniýeti heläkçilige duçar boldy. Ýöne ýüze çykan bu heläkçilik Krit medeniýetini bütinleý ýok edip goýbermändi. Köp geçmän Peloponnes ýarymadasynda ýaşaýan grek taýpalary Kriti eýeleýärler.



**Mikenalylaryň söwda gämisi.**

**Mikena medeniýeti.** Peloponnes ýarymadasynda miladydan öňki 2-nji müň ýyllykda Mikena şäher-döwleti emele geldi. Bu şäher-döwletiň medeniýeti kritlileriň medeniýetiniň täsirinde ösdi. Arheologik gazuwlar Mikenada hünärmentçiligiň we söwdanyň gowy ösendigini hem görkezdi.



**Bürünç zähmet gurallary.**

Bürünçden ýasalan dürli gurallaryň, altyndan işlenen şaý-sepleriň, toýundan taýýarlanan gapgaçlaryň galyndylary gowy saklanypdyr. Mikenalylar guran galalar we daşdan gurlan jaýlar gaty berkdi.

Şäheriň ýokary böleginde patyşanyň köşgi we gurply aristokratlaryň öýleri ýerleşýärdi. Köşgüň golaýyndaky gaýa kümmet gurlupdyr. Kümmetden bürünç gurallar we altyn enjamlar tapylan. Şäheriň töwereginde söwdagärler, hünärmentler we daýhanlaryň öýleri gür ýerleşipdir. Mikenalylar Krit ýazuwuny özlerine laýyklap alypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Maýýa piramidasy. Dört tarapdaky basganҫaklaryň sany ýylyň günleriniň sanlaryna – 365-e deň bolupdyr.**

**Maýýa medeniýeti.** Merkezi Amerikanyň Ýukatan ýarymadasynda, gür jeňňelleriň arasynda maýýalar ýaşaýardylar.

Bu halk ýaşan çäk tebigy taýdan ýaşamak üçin gaty amatsyzdy. Ýöne olar tutanýerli zähmet bilen bu çägi abat ülkä öwürýärler. Maýýa halky Amerika kontinentinde iň ösen medeniýet nusgalaryndan birini döretdi. Bu olaryň guran Tikal şäheriniň tymsalynda öz beýanyny tapdy. Şäherde üç müňe ýakyn dürli ymaratlar (ybadathana, obserwatoriýa, dabaralar köşgi we öýler) gurlup, onuň merkezinde gurlan piramida we köşkler bolsa onuň görküne-görk goşupdyr.

Milady birinji müň ýyllykda maýýalarda şäher-döwletler emele geldi. Olaryň hökümdarlary «Beýik ynsan» diýlip atlandyrylypdyr. Hökümdarlyk nesilden nesle miras bolup geçipdir. Maýýalar 300 belgiden ybarat iýeroglifli ýazuwy döredipdirler. Şonuň ýaly-da, öz döwri üçin iň takyk bolan kalendar düzmegi-de başarypdyrlar.

Ybadathanalarda «hudaýlara gulluk edýänler» – ruhanylar öz döwrüniň iň bilimli adamlarydy. Olar planetalaryň Günüň daşynda aýlanyşyny, Günüň we Aýyň tutulýan wagtyny öňünden hasaplap bilipdirler. Müň ýyldan artyk ýaşan bu medeniýet soňluk bilen, ýewropalylaryň basyp almagy netijesinde ýykylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Inkler medeniýeti.** Amerikanyň inkler diýilýän halky (ilki häzirki Peru döwletiniň çäginde ýaşan) hem öz döwletlerini gurupdyrlar. Döwleti ýokary hökümdar – Ýokary Inka dolandyrypdyr. Ýokary Inkanyň ýakyn garyndaşy bolan erkekler özlerini «Günüň ogullary» diýip atlandyrypdyrlar. Muňa inkleriň Güni baş hudaý hasaplaýandyklary sebäp bolupdyr. «Günüň ogullary» döwletde ýokary wezipeleri eýeläpdirler. Inkler güýçli suwaryş ulgamyny, äpet daşlardan goranma desgalaryny gurupdyrlar. Aýratynam, olar guran üç etažly daş diwarly Gün ybadathanasy meşhur bolupdyr. Bu diwarlar beýikliginiň ýarysyna çenli altyn bilen örtülipdir.



**Inkleriň ýazuwy – kipu.**

Inkler Korikança ybadathanasynda «Altyn bag» gurupdyrlar. Bu bag altyndan we kümüşden ýasalan guş, dürli haýwanlar we adamlaryň şekilleri bilen bezelipdir. Inkler ýüpleri dürli görnüşde daňmak bilen özboluşly ýazuw döretdiler. Bu ýazuw «kipu» diýlip atlandyryldy. Inkler döwletinde iki hili ýörite okuw edarasy bolupdyr. Olaryň birinjisinde asylzadalar dil, taryh, harby we döwleti dolandyryş sungaty ugurlarynda tälim alypdyrlar. Ikinjisinde bolsa gyzlar okapdyr. Olarda ybadathana gullukçylary we öz durmuşyny asylzadalar bilen baglaýan maşgala hojalykçylary terbiýelenipdir. Bu okuw edarasynda şygryýet, saz we tans sungatyndan sapak berlipdir.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Labirint** – bir-birine meňzeş otaglary gaty köp bolan, adam ýörese azaşýan çatyk ýollary bolan ullakan bina.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Ýewropadaky ilkinji medeniýet ojagy – Krit medeniýeti barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Krit we Mikena medeniýet ojaklaryny deňeşdiriň. Meňzeş we özboluşly taraplaryny tapyň.*
3. *Maýýa medeniýeti barada aýdyp beriň.*
4. *Inkler medeniýeti barada nämeleri bildiňiz?*

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 2-nji jilt. 481-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 13-§. GADYMY ŞÄHERLERIŇ DÖREÝŞI

**Şäherleriň döreýşi.** Şäher diýlende iri menzil düşünilýär. Şäherleriň döremegi hünärmentçiligiň we söwdanyň ösüşi bilen bagly.

Dünýäde şäherler miladydan öňki 5–3 müň ýyllyklarda ilki Gündogarda – Mesopotamiýa, Müsür, Merkezi Aziýa, Hindistan we Hytaý ýaly ýurtlarda peýda bolupdyr.

Hünärmentler we söwdagärler toplanyp ýaşaýan menziller barha gür bolupdyr. Bu gür menzillerler ýuwaş-ýuwaşdan şäherlere öwrülipdir. Şäherlerde uly-uly bazarlaryň sany barha artypdyr. Wagtyň geçmegi bilen şäherler ylym-bilim merkezine-de öwrülýär.




**Gadymy Müsüriň şäherleri.**

**Memfis şäheri.** Iň gadymy şäherlerden biri gadymy Müsür döwletiniň paýtagty Memfis şäheridi. Şäher Müsüri bitewi döwlete birleşdiren patyşa Menes tarapyndan guruldy. Şäher iri medeni we hünärmentçilik merkezidi. Müsür döwletiniň hökümdarlary faraonlar diýlip atlandyrylypdyr. Faraonlar özleriniň güýjüni görkezmek maksadynda piramidalar şeklindäki ullakan kümmetleri gurduryp başlapdyrlar. Aradan çykan faraonlar şu kümmetlere jaýlanypdyr. Kümmetleriň golaýynda faraonlardan biri sfinks şeklinde şekillendirilipdir. Gaýadan işlenen sfinksiň beýikligi 20 metrden artyk bolupdyr.



**Sfinks.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Sfinks adamlarda gaty gorky oýarypdyr. Şonuň üçin oňa «gorky atasy» diýipdirler. Piramida we sfinks müsürlilere faraonlar güýçli hudaýlardyr, diýen pikiri siňdirmelidi. Şäherde äpet ybadathanalar hem gurlupdyr. Adamlary hudaýyň we faraonlaryň güýjüne ynandyrmak maksadynda ybadathananyň öňünde ýa-da içersinde faraonlaryň adamyň boýundan 5–6 esse uly heýkelleri gurlupdyr. Diwar we sütünlere bolsa olaryň ullakan suratlary oýulyp işlenipdir.

**Wawilon şäheri.** Wawilon hem gadymy şäherlerden biri. Ol gurlan çäk häzirki Yrak döwletiniň düzümine girýär.

**Ýatda saklaň!**

«Wawilon» sözi «Hudaýyň derwezesi» diýen manyny aňladýar.

Şäher gadymy Wawilon döwletiniň paýtagty bolupdyr. Döwlet hem öz adyny şu şäheriň adyndan alypdyr. Şäher aýratynam, patyşa Hammurapi döwründe Aziýanyň iň meşhur şäherine öwrülip, soňluk bilen şäher daşky hüjümler netijesinde birnäçe gezek weýran edilipdir.

Nawuhodonosor II hökümdarlygy döwründe Wawilon Aziýanyň iň güýçli döwletlerinden birine öwrüldi. Şäher merkezinde 7 etažly, beýikligi 90 metrli ybadathana minarasy guruldy. Wawilonlylaryň pikiriçe, bu minara ýeri asman bilen utgaşdyrýardy. Şäheriň soňky asyrlardaky tagdyry pajygaly bolupdyr. Ol ilki Eýran, soňluk bilen bolsa makedoniýaly Aleksandr tarapyndan basyp alnypdyr.



**Nawuhodonosor II.**

**Ninewiýa şäheri.** Ninewiýa şäheri hem dünýäniň iň gadymy şäherlerinden biri. Oňa häzirki Tigr derýasynyň boýunda esaslandyryldy. Bu şäheriň hem orny häzirki Yrak döwletiniň düzümindedir. Şäheriň söwda ýollary kesişýän ýerde ýerleşenligi onuň gülläp ösmegine şert döretdi. Soňluk bilen şäher gadymy Assiriýa döwletiniň paýtagtyna



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öwrüldi. Assiriýa güýçlenen döwürlerde «Dünýäniň paýtagty» diýlip beýgeldilýärdi. Ýöne, patyşalaryň dyngysyz alyp baran uruşlary Assiriýany gowşadýar. Ahyrynda, miladydan öňki 612-nji ýylda Wawilon döwleti ony derbidagyn edýär. Ninewiýa bolsa ýykylýar.



**Aýal hudaý Afinanyň heýkeli.**

**Afina şäheri.** Gresiýada gurlan Afina şäheri bilim we danalyk hudaýy Afinanyň adyna goýlan. Şäher ilaty Afinany özleriniň howandary hasaplapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen Afina Ýewropanyň iň ösen şäherine öwrüldi. Şäherde ylym-bilim ýokary gadyrlandy. Afinalylar dünýä halklary höwes ederlik medeniýet döretdiler.

**Ýatda saklaň!**

Afina şäheri häzirki Gresiýa döwletiniň paýtagtydyr.

**Sparta şäheri.** Gadymy Gresiýanyň çäginde gurlan Sparta şäheri hem öz döwrüniň iri şäherlerinden biridi. Spartany aksakgallar geňeşi dolandyrypdyr. Bu geňeş agzalary spartalylaryň ýygnagynda saýlanypdyr. Sparta goşunynyň serkerdesi hem geňeş agzalygyna girizilipdir. Geňeş iň möhüm işleri çözüpdir. Günäli adamlary hem geňeş sud edipdir.

**Rim şäheri.** Çeşmelerde ýazylyşyna görä, häzirki Italiýa döwletiniň paýtagty Rim şäheri miladydan öňki 753-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Soňluk bilen şäher Rim döwletiniň paýtagtyna öwrülipdir.



**Rimde gurlan teatrlardan biri.**

Döwlet hem şäheriň ady bilen atlandyrylýar. Wagtyň geçmegi bilen gadymy Rim şäheri dünýäniň iň ösen şäherlerinden birine öwrüldi.

Hatda şähere turbalar arkaly daglardan bulak suwlary getirilipdir. Ybadathanalar, köşkler we heýkeller gurlupdyr.

Rim şäheri häzirki günde Italiýa Respublikasynyň paýtagtydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Sfinks –** göwresi şiriňkä, kellesi adamyňka meňzedilip daşa gaýa edip işlenen legendar jandaryň heýkeli. Ol faraonyň güýjüniň simwoly.

**Aýal hudaý** – hudaýyň aýal tymsalynda göz öňüne getirilen aýaly ýa-da gyzy.[1]

**Faraon** (Beýik öý, patyşa galasy) – Müsür patyşalarynyň beýikligini aňladýan dereje.[2]

### Soraglar we ýumuşlar

***1.*** *Şäherleriň döreýşi barada nämeleri bildiňiz?*
***2.*** *Memfis, Wawilon we Ninewiýa şäherlerini bir-biri bilen deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
***3.*** *Afina we Sparta şäherleri barada nämeleri bildiňiz?*
***4.*** *Rim şäheri baradaky maglumatlary Afina şäheri baradaky maglumatlar bilen deňeşdiriň.*

### ÖZBAŞDAK IŞ

«Gadymy dünýä şäherleri»:

**1.** Memfis, Wawilon, Ninewiýa, Afina we Rim şäherlerine mahsus bolan umumy taraplar näme?
*a)* ... ;
*b)* ... .

## 14-§. DÜNÝÄNIŇ GADYMY DÖWLETLERI

**Gadymy Müsür we Wawilon döwletleri.** Döwlet – belli bir çäkde birleşen adamlary (adamzat jemgyýetini) kanun güýji bilen dolandyrýan guramadyr. Kanun bolsa döwlet tarapyndan kesgitlenilýän we hemmäniň boýun egmegi hökman bolan tertip-düzgünlerdir. Döwlet ilki miladydan öňki dördünji müň ýyllygyň başlarynda Afrika kontinentindäki Müsüriň çäginde döredi. Olar kiçi-kiçi şäher-döwletler bolup «nomlar», döwlet baştutany bolsa «nomarhlar» diýlip atlandyrylypdyr. Soňluk bilen bu döwletleriň ýerinde iki uly döwlet döredildi. Döwürleriň geçmegi bilen bu iki döwlet bitewi döwlete birleşdirilýär. Memfis şäheri döwletiň paýtagty edilip bellenýär. Döwletiň hökümdary faraon diýlip atlandyrylýar.

1 ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 563-nji sah.
2 ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2001. 2-nji jilt. 259-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




Iki derýa aralygyndaky döwletler.

Döwletiň içerki durmuşy özara uruşlarsyz bolmandyr. Uzak dowam eden bu uruşlar Müsüri gowşadýar. Netijede, Müsüri ilki Eýran döwleti, soňluk bilen makedoniýaly Aleksandr, ondan soň bolsa Rim döwleti basyp alýar.

Aziýa kontinentiniň Müsürden onçakly uzak bolmadyk böleginde Ýewfrat we Tigr derýalary bar. Şu iki derýa aralygy Mesopotamiýa diýlip atlandyrylypdyr. Mesopotamiýanyň ýerleri gaty hasylly bolanlygy üçin adamlar bu ýerleri öz menzillerine öwrüpdirler.

Mesopotamiýada miladydan öňki 2-nji müň ýyllykda Wawilon döwleti döredi. Patyşa Hammurapi hökümdarlygy döwründe Wawilon iň güýçli döwlete öwrüldi. Ol Mesopotamiýanyň ähli bölegini Wawilona boýun egdirýär.

**Gadymy Hytaýda we Hindistanda döwletiň emele gelşi.** Miladydan öňki ikinji müň ýyllykda Hytaýyň Huanhe derýasynyň eteklerinde ilkinji döwletler emele geldi. Wagtyň geçmegi bilen olaryň sany barha köpelýär. Olardan biri – Sin döwletiniň hökümdary Sin Şi Huandi miladydan öňki III asyrda Hytaýy bitewi döwlete birleşdirýär.

Hytaýda astronomiýa, ekerançylyk, lukmançylyk, geografiýa ylymlary ösýär. Hemme söýüp içýän çaýy hytaýlylar ýetişdiripdirler. Kompasy hem birinji bolup hytaýlylar oýlap tapypdyrlar.

Hytaýyň alymlary öz ýurdunyň taryhyny döretmäge çynlakaý girişýärler. Bu işi amala aşyrmak




Gadymy Hindistan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Sifrleriň artyşy.**

taryhçy alym Sima Sýana nesip etdi (miladydan öňki II–I asyryň başlary).

Ol özüniň «Taryhy ýylnamalar» kitaby bilen taryhda yza galdyrýar.

Hindistanda bolsa ilkinji döwlet miladydan öňki birinji müň ýyllykda döredi. Miladydan öňki III asyrda patyşa Aşoka Hindistany bitewi döwlete birleşdirýär.

Hindiler ylym-bilim ugrunda hem uly üstünlikleri gazanypdyrlar. Hususan-da, olar «0» (nol) bilen başlanýan on sifri açyş edipdirler. Netijede on sany sifr arkaly islendik sany aňlatmak mümkin boldy.

Bu açyş dünýä halklaryna entegem uly hyzmat edip gelýär.

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Astronomiýa** – asman jisimleriniň gurluşyny we hereketlerini öwrenýän ylym.[1]

**Lukmançylyk** – adamlar saglygyny goramak, keselleriň öňüni almak we keselleri bejermek baradaky bilimler ulgamy.

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Döwletiň nämedigini düşündirip beriň.*
**2.** *Pikir ýörediň: Näme üçin adamlar bileleşigini (adamzat jemgyýetini) kanunsyz dolandyryp bolmaýar?*
**3.** *Döwletiň döremegine nähili faktorlar sebäp bolupdyr?*
**4.** *Gadymy Müsür we Wawilon döwletleri barada nämeleri bildiňiz?*
**5.** *Gadymy Hytaýy we Hindistany bitewi döwlete birleşdiren taryhy şahslary aýdyp beriň.*
**6.** *Gadymy Hytaýyň we Hindistanyň medeniýetde gazanan üstünliklerini deňeşdiriň.*

---

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 112-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 15-§. GADYMY DÜNÝÄNIŇ ÝEDI TÄSINLIGI

**Ýedi täsinlik barada**. Gadymy çeşmelerde Orta ýer deňziniň töweregindäki ýurtlarda gurlan we öz görnükliligi, gözelligi bilen şol döwrüň adamlaryny haýran galdyran desgalardan ýedisi «Gadymy dünýäniň ýedi täsinligi» diýlip ýazyp galdyrylypdyr.



**Müsür piramidalary.**

**Müsür piramidalary**. Gadymy Müsürde aradan çykan faraonlar üçin öň ýörite «öý» — tabyt ýasalypdyr. Beýle «öý» (tabyt) sarkofag diýlip atlandyrylypdyr. Faraonyň mumýalanan jesedi oňa salnypdyr. Soň bu sarkofag hemişelik ýerine — daşdan gurlan kümmete goýlupdyr. Bu kümmetler piramidalar diýlip atlandyrylypdyr. Müsür faraonlary entek dirikä özlerine uly daşlardan piramida şeklinde piramidalar gurdurypdyrlar. Kitaplarda ýazylmagyna görä, piramidalaryň iň ullakanyny faraon Hufu (grekler oňa Heops diýipdirler) gurdurypdyr. Hufu piramidasyny gurmak üçin 2 million 500 müň daş sarp edilipdir. Iň kiçi daşyň agyrlygy 2,5 tonna bolupdyr. Piramida daşlary gaty pugta işlenen bolup, biriniň üstüne ikinjisi goýlanda olar örän dykyz ýerleşipdir.



**Semiramidanyň asma baglary.**

**Semiramida asma baglary**. Gadymy grek taryhçysy Gerodotyň ýazmagyna görä semiramida asma baglaryny gadymy Assiriýa patyşasy – melike Semiramida (asly ady Şomuramat) mil.öň. VIII asyrda gurdurypdyr[1]. Bag supa meňzedilip gurlan, supalary sütünler göterip durupdyr. Supalaryň üstüne toprak taşlanyp, oňa reňbe-reň güller, dürli nahallar oturdylypdyr. Her bir gatdaky baga basgançaklar arkaly çykylypdyr. Her güni müňlerçe gullar depä suw daşapdyrlar. Bagdaky ajaýyp daragtlar saýasy, depeden aşak akýan suwuň salkyny hakyky täsinligiň

---

[1] *P. Zohidow.* «Semiramida – Shomuramat izidan». Tafakkur jurnali. 2-son. – T.: 2011. 64–69-njy sahypalar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

özi bolupdyr. Soňluk bilen bu bagy Wawilonyň patyşasy Nawuhodonosor II weýran edip taşlapdyr.

**Olimp hudaýy Zewsiň heýkeli.** Rowaýatlara görä, grek hudaýlary Olimp dagynda ýaşapdyr. Zews hudaýlaryň hem-de adamlaryň «atasy» hasaplanypdyr. Onuň ady «ýagty asman» diýen manyny aňladypdyr. Güýçli Zewsiň hormatyna grekler 4 ýylda bir gezek meşhur Olimpiýa oýunlaryny geçiripdirler.



Olimp hudaýy Zews.

Grekler Zewse bagyşlap ybadathana we heýkel gurupdyrlar. Hudaýlaryň patyşasy Zews tagtda oturan ýagdaýda şekillendirilipdir. Sag elinde — aýal hudaý Nikanyň heýkeli, çep elinde — mukaddes bürgüt oturdylan patyşalyk hassasy, altyn lybasa bürenen, bedeni piliň süňkünden ýonulan, gözleri gymmatbaha daşlardan ýasalan Zewsiň heýkeliniň beýikligi 12 metrdi. Heýkel şu derejede ussatlyk bilen işlenen bolup, ony tomaşa eden adamyň durmuş aladalary, gaýgylary dargap gidýär.

**Aýal hudaý Artemida ybadathanasy.** Artemidanyň hormatyna Efes şäherinde (bu şäher häzir Türkiýe döwletiniň çäginde ýerleşýär) görenleri haýran galdyrýan ybadathana gurlupdyr. Rowaýatlara görä, Artemida Zewsiň gyzy bolupdyr. Ol hasyldarlyk, aw we Aý hudaýydy. Şol bir wagtda haýwanlaryň howandary, şonuň ýaly-da, aýallaryň medetkäri hem hasaplanypdyr. Artemida ybadathanasynyň üstüni gaýadaşlardan işlenen 18 metrli sütünler saklapdyr. Ybadathananyň içine grek suratçylarynyň ajaýyp eserleri ýerleşdirilipdir.



Aýal hudaý Artemida ybadathanasy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Güneş hudaýy Geliosyň heýkeli**. Miladydan öňki III asyrda Rodos şäheriniň ilaty şäheriň bir ýyllyk gabawdan azat bolanlygy mynasybetli şäheriň howandary, Güneş hudaýy Geliosyň heýkelini döretmegi karar edýärler. Beýikligi 35 metr bolan bu heýkel misden işlenipdir.



**Güneş hudaýy Geliosyň heýkeli.**

Heýkel heýkeltaraş Haros tarapyndan 12 ýylyň dowamynda gurlupdyr. Heýkel Güneş hudaýy Geliosyň kellesi Güne degip duran ýaly edip ýasalypdyr.

**Aleksandriýa maýagy**. Mil. öň. 283-ýylda şol döwrüň ajaýyp täsinligi – Aleksandriýa maýagy gurlan. Maýak gämileriň Aleksandriýa şäheriniň gämi duralgasyna giriş howpsuzlygyny üpjün etmäge hyzmat edipdir. Maýagyň beýikligi 120 metrdi. Onuň iň ýokary bölegi gümmez bilen örtülen. Gümmeziň üstüne «deňiz hudaýy» Poseýdonyň 7 metrlik heýkeli oturdylýar. Gümmezi ýonulan granit sütünler saklap durupdyr. Onuň üstki böleginde bütin gije ýanyp durýan maýak deňizçilere uzakdan görnüp durupdyr. Maýak daş-töwerege gözegçilik nokady wezipesini hem ýerine ýetiripdir.



**Aleksandriýa maýagy.**

**Galikarnas kümmeti**. Kiçi Aziýada Kariý welaýaty bolupdyr. Onuň merkezi örän baý we gözel Galikarnas şäheridi. Galikarnas kümmeti mil. öň. 353-nji ýylda aradan çykan hökümdar Mawsolyň hatyrasyna gurlan. Bu kümmet ybadathana hem bolupdyr.

Onuň giňligi 66 metr, uzynlygy 77 metr, beýikligi bolsa 46 metr bolupdyr.

Häzire çenli ýedi täsinlikden diňe Müsür piramidalary saklanyp galypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň



Galikarnas kümmeti.

**Maýak** — gämilere ýol görkezmek üçin deňziň kenaryna gurulýan we gäminiň ugruny görkezip berýän enjamlara eýe bolan minara görnüşindäki gurluş.[1]

**Kümmet** — guburyň üstüne gurlan bina.[2]

**Rodos** — Ortaýer deňzindäki adalardan biriniň ady. Ada häzirki günde Gresiýa döwletine degişli.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Gadymy dünýäniň haýsy ýadygärlikleri «ýedi täsinlik» diýlip atlandyrylypdyr?*
2. *Müsürde piramidalar näme üçin gurlupdyr?*
3. *Wawilonyň asma baglary kimiň hormatyna gurlupdyr?*
4. *Zewsiň heýkeli barada aýdyp beriň.*
5. *Aýal hudaý Artemida bagyşlap näme üçin ybadathana gurlupdyr?*
6. *Galikarnas kümmeti barada nämeleri bildiňiz?*

## 16-§. ÖZBEGISTANYŇ ÇÄGINDÄKI GADYMY DÖWLETLER

**Gadymy eždatlarymyz.** Özbegistanyň çäginde ýaşan saklar, massagetler we sogdlar biziň gadymy eždatlarymyzdyr. Olaryň ýaşaýyş terzleri we zähmet işi barada gadymy Gresiýanyň we Rimiň alymlarynyň eserlerinde maglumatlar duşýar. Şol sanda, grek taryhçysy Gerodot şeýle ýazypdyr:



Gerodot.

«Massagetleriň ähli enjamlary, hatda naýza, ok-ýaý we aýpaltalary hem altyndan we misden ýasalypdyr. Kelle geýimleri, kemerleri, otlarynyň gaňňalary-da altyndan, Döş galkanlary bolsa misden bolupdyr. Olaryň altyn bilen mis känleri köp bolanlygy sebäpli, kümüş bilen demri ulanmandyrlar».

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 522-nji sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 569-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýazuw çeşmelerinde nygtalyşy ýaly, saklar – häzirki Syrderýanyň boýlarynda, Daşkent welaýatynyň we Günorta Gazagystanyň ýerlerinde, Fergana jülgesinde, massagetler — häzirki Amyderýanyň aşaky akymlarynda we oňa utgaşýan ýerlerde, sogdlar bolsa häzirki Zerewşan we Kaşgderýa oazisinde ýaşapdyrlar.

Eždatlarymyz suwarymly ekerançylyk, maldarçylyk we hünärmentçilik bilen meşgullanypdyrlar.

**Horezm döwleti.** Miladydan öňki VII asyrda häzirki Özbegistanyň çäginde Horezm we Baktriýa döwletleri emele geldi.

Gadymy Horezmiň merkezlerinden biri Küýzeligyr şäheri bolupdyr. Ol galyň we berk goranma diwarlary bilen gurşalypdyr.

Milady II–III asyrlarda gurlan Toprakgala Horezm döwletiniň iri şäherlerinden biri bolupdyr. Arheologlar bu şäherdäki şalar köşgüniň otaglaryndan birinde başyna täç geýen we elinde bürgüt tutup duran patyşanyň heýkelini tapdylar.

Köşkde, şonuň ýaly-da, «söweşijiler zaly», «ýeňişler zaly» ýaly zallaryň bolanlygy hem anyklandy. Horezm döwletinde suwarymly




**Horezm, Baktriýa, Nusaý we Sogdiana döwletleriniň kartasy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE





**Horezmiň teňňeleri.**

ekerançylygy ösdürmek maksadynda Amyderýadan suw çykarmak üçin ýörite desgalar gurlupdyr.

Gadymy Horezmde hünärmentçilik, gurluşyk we söwda-satyk ýokary derejede ösüpdir. Daglardan gazylyp alnan gymmatbaha zümerret daşlara işläp bejerilip, dürli zatlar taýýarlanypdyr. Olar Eýran, Hytaý, Hindistan, Müsür ýaly ýurtlarda satylypdyr.

Gymmatbaha metallardan teňňeler zikgelenipdir. Gadymy Horezm döwleti özbek döwletliliginiň ilkinji binýady bolup, 2700 ýyllyk taryha eýe.

**Şuny ünsli okaň!**

Özbek döwletliliginiň esas daşlary mundan 2700 ýyl öň hut Horezm oazisinde goýlan. Horezmiň taryhy özbek döwletliliginiň esasy, onuň güýji we gadymylygynyň tassyklamasydyr[1].



**Gadymy Baktriýanyň öý galasy.**

**Baktriýa döwleti.** Baktriýa döwletiniň çägi häzirki Surhanderýa jülgesini, Kaşgaderýa, Zerewşan oazislerini, Täjigistanyň günortasyny, Owganystanyň demirgazyk-gündogar bölegini öz içine alypdyr.

Baktra, Gyzyldepe, Uzyngyr, Ýerkorgan Baktriýanyň iri şäherleridi.

Baktra şäheri Baktriýa döwletiniň paýtagtydy. Ol beýik we berk goranma diwarlary bilen gurşalypdyr. Şäheriň içinde ýurduň patyşasynyň berk galasy

[1] *Islam Karimow.* «Go‘zal diyorimiz gavhari». (Ma’naviy yuksalish yo‘lida). – T.: 1998. 373-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aýratyn ýerleşipdir. Baktriýada altyn, lagl ýaly gymmatbaha magdanlar gazylyp alnypdyr. Baktriýa laglyndan taýýarlanan önümler Hytaý, Hindistan, Müsür ýaly ýurtlarda satylypdyr. Gymmatbaha magdanlaryň gazylyp alynmagy ýurtda zergärligiň, çeper hünärmentçiligiň ösmegine getirdi.

**Sogd döwleti.** Zerewşan we Kaşgderýa oazisiniň töweregindäki ýerler Sogdiana diýlip atlandyrylypdyr. Soňluk bilen bu çäkde Sogd döwleti döredilipdir.

Ilat esasan ekerançylyk bilen meşgullanypdyr. Ekerançylyk emeli suwaryşa esaslanypdyr. Afrosiýab (häzirki Samarkant şäheriniň gündogar bölegi) merkezi şäher bolupdyr.

Hünärmentçilik we söwda hem uly orna eýedi.

Sogd hem Aziýanyň başga döwletleri bilen söwda aragatnaşyklaryny ýola goýupdy.

## Taryhy ýerleri öwreniň

**Ýerkorgan, Uzyngyr** – häzirki Kaşgaderýa welaýatynyň çäginde ýerleşen gadymy şäherler.

**Gyzyldepe** – häzirki Surhanderýa welaýatynyň çägindäki gadymy şäher.

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Gadymy eždatlarymyz barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Gadymy Horezm döwleti barada aýdyp beriň.*
3. *Baktriýa döwletinde nähili şäherler bolupdyr?*
4. *Sogd döwleti barada nämeleri bildiňiz?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Ata-enaňiziň kömeginde «Döwletlilik taryhy» düşünjesiniň düşündirişini anyklamaga çalyşyň?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# V bap. SÖWDA WE ARAGATNAŞYK

## 17-§. TEŇŇELER – TARYHYŇ ŞAÝADY

**Ilkinji teňňeler.** Dünýä halklarynyň ýaşaýşynda pul uly ähmiýete eýe. Ol müň ýyllaryň dowamynda adamlara alyş-çalyş serişdesi bolup hyzmat edip gelýär.

Adamzat taryhynda pul bolmadyk döwürler hem bolupdyr. Olar ilki iýjek ähli zatlaryny özleri öndüripdirler.

Wagtyň geçmegi bilen ekerançylykdan maldarçylygyň we hünärmentçiligiň aýratyn ugur görnüşi bolup bölünip çykmagy söwda-satygyň güýçlenmegine getiripdir. Indi olar öndüren önümlerini özara alyş-çalyşa geçdiler. Şeýdip olar bir-birleriniň ýüklerini ýeňledip başlapdyrlar.

Söwda aragatnaşyklarynyň barha ösmegi, şäherleriň bolsa sanynyň barha artmagy adam üçin peýdalanmak iň amatly bolan alyş-çalyş serişdesi — puluň döredilmegini zerurlyga öwürdi. Metaldan (misden, kümüşden we altyndan) işlenen ilkinji pul – teňňe şeýdip peýda bolupdyr.

**Ýatda saklaň!**

**Teňňe** (türki – tamga sözünden alnan) – ýörite simwollar düşürilen we belli bir agyrlyga hem-de baha eýe bolan metaldan ýasalan pul.

Arheolog alymlar teňňe ilki miladydan öňki VIII–VII asyrlarda Lidiýa (Aziýada) döwletinde peýda bolandygyny anyklapdyrlar.

Lidiýanyň çäginde altyn köp bolupdyr. Bu döwletde altyndan zikgelenen teňňe **starter** diýlip atlandyrylypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eýran patyşasy Doro I döwründe bolsa şol döwrüň meşhur «darik» diýlip atlandyrylýan teňňe puly girizilýär. Bu teňňäniň her biri 8,4 gram sap altyndan ýasalypdyr.

**Teňňeler taryhdan şaýatlyk edýär.** Teňňeler, ilki bilen, özüniň nähili metaldan ýasalanlygyna garap şu teňňäni zikgelän döwletler, olaryň ýerasty baýlyklary barada şaýatlyk edýär. Ikinjiden, teňňeleriň agyrlygy we ony zikgeleme usuly, şonuň ýaly-da, hili barada şaýatlyk edýär.

Üçünjiden, döwletiň ady, hökümdarynyň ady, onuň tagta geçen wagty we hökümdarlyk eden ýyllary barada şaýatlyk edýär.

Dördünjiden, ol ýa-da bu döwlet teňňesiniň başga döwletleriň çäginden hem tapylmagyna garap bu döwletiň haýsy döwletler bilen söwda aragatnaşyklaryny alyp barandygy, daşky söwdada haýsy döwletiň pulunyň uly rol oýnandygy barada hem maglumat almak mümkin.

**Gadymy we häzirki zaman teňňelerde simwollaryň ulanylyşy.** Gadymy döwürlerde teňňelere dürli simwollar we hökümdarlaryň suraty düşürlipdir. Şonuň ýaly-da, hökümdaryň derejesi, ady we tamgasy hem-de teňňäni çykaran döwletiň ýa-da şäheriň ady, zikgelenen ýyly ýazylypdyr.

Hususan-da, Lidiýa patyşalygynyň teňňe puly – starteriň bir tarapyna lidiýalylar üçin mukaddes hasaplanan **tilki** suraty düşürlipdir. Şol bir wagtda, tilki lidiýalylaryň baş hudaýy – Bassareýniň simwoly hem hasaplanýardy.

Ençeme döwletler hökümdarlarynyň atlaryny ebedileşdirmek maksadynda teňňelerine öz suratlaryny goýupdyrlar.



Grek-Baktriýa döwleti teňňeleri.



Aleksandr teňňesi.



Yewkratid teňňesi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Özbegistanyň ýubileý teňňeleri.**




**Daşkendiň ýubileý teňňesi.**

Meselem, Doro I makedoniýaly Aleksandr, Rim hökümdary Ýuliý Sezar, Grek-Baktriýa döwletiniň hökümdary Ýewkratid we başgalaryň zikgeleden teňňeleri munuň delilidir. Häzirki zaman teňňelerde hem dürli simwollary suratlandyrmak däbi dowam edip gelýär.

Özbegistan Respublikasynyň pul birligi – som 1994-nji ýylyň 1-nji iýulundan dolanyşyga girizildi. Wagtyň geçmegi bilen 10, 25 we 50 somluk teňňe pullar hem zikgelendi. Bu teňňeleriň ýüz bölegine onuň näçe somdygy, arka tarapyna bolsa «Özbegistan Respublikasy» ýazuwy we döwletimiz gerbiniň teswiri düşürilendir.

Özbegistanda meşhur babalarymyzyň ýubileýleri mynasybetli hem olaryň teswiri düşürilen teňňe pullar zikgelenen. Meselem, 1996-njy ýylda beýik babamyz Emir Temuryň ýubileýiniň 660 ýyllygy mynasybetli 2009-njy ýylda bolsa Daşkent şäheriniň 2200 ýyllygyna bagyşlap 100 somluk teňňe pulunyň zikgelenendigi munuň delilidir.

## Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Ýubileý** – taryhy wakalar, beýik taryhy şahslaryň belli bir ýaşyny dabaraly bellemek.

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Pul peýda bolýança söwda işleri nähili amala aşyrylypdyr?*
**2.** *Ilkinji peýda bolan teňňe pullar barada nämeleri bildiňiz?*
**3.** *Näme üçin teňňeler — taryhyň şaýady diýilýär?*
**4.** *Teňňelerde suratlandyrylan dürli simwollar, suratlar we seneler nämeleri aňladýandygyny düşündirip beriň.*
**5.** *Özbegistan döwletiniň teňňe pullary barada nämeleri bildiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 18-§. SÖWDA ÝOLLARY

**Gadymy kerwen söwda ýollary**. Söwda-satyk işleri ähli döwürlerde adamlaryň ýaşaýşynda möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Söwda-satyk döwletiň ykdysady ösüşine-de uly täsir edipdir. Şu sebäpli-de dürli ýurtlar özara peýdaly söwdadan örän bähbitli bolupdyrlar.

Bu bolsa gadymda hem möhüm söwda ýollarynyň açylmagyna getiripdir. Öz çäginden söwda kerwenleri geçýän ýurtlar ýollaryň töwereklerine söwdagärler üçin ähli zerur amatlyklary döredip beripdirler. Olaryň we harytlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek çärelerini görüpdirler. Gadymy kerwen söwda ýollaryndan biri «Lagl ýoly» diýlip atlandyrylypdyr. Bu ýol miladydan öňki 3–2 müň ýyllyklarda açylypdyr.

**Ýatda saklaň!**

Ýoluň «Lagl ýoly» diýlip atlandyrylmagyna bu ýoldan gymmatbaha lagl daşynyň daşalmagy sebäp bolupdyr. Oň lojuward hem diýilýär.

«Lagl ýoly» Pamir dagyndan başlanyp Eýran, Mesopotamiýa we Müsür arkaly geçipdir. Lagl daşlaryndan ýasalan zatlar hatda Müsür faraonlarynyň kümmetlerinden (piramidalaryndan) hem tapylypdyr.

Gadymy meşhur söwda ýollaryndan ýene biri «Şa ýoly» diýlip atlandyrylýar. Ony Eýran şasy Doro I esaslandyrypdyr. Oňa Eýran şalary gözegçilik edipdirler. «Şa ýoly» iki ýönelişli bolup, birinjisi Orta ýer deňzi boýundaky dürli şäherleri Eýran bilen baglan bolsa, ikinjisi Eýran we Baktriýa arkaly geçip Altaýa we Hindistana çenli barypdyr.

**Beýik Ýüpek ýoly**. Uzynlygy 12000 km bolan Beýik Ýüpek ýoly miladydan öňki II asyrda açylypdyr.[1] Bu ýol diňe bir söwda ýoly däldi. Ol, şol bir wagtda, dünýä halklarynyň arasynda medeni hem-de döwletlerara aragatnaşyklaryň ýoly hökmünde hem hyzmat etdi. Ýol Hytaýyň Huanhe derýasynyň boýunda ýerleşýän Sian şäherinden başlanyp, iki ýönelişli bolupdyr.

Birinji ýöneliş – Hytaýdan Samarkanda çenli bolan ýönelişdi. Samarkantda ýol ýene ikä bölünipdir.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Beýik Ýüpek ýoly.**

Biri Eýran arkaly Orta ýer deňzine çenli, ikinjisi Demirgazyk Kawkaz arkaly Gara deňze çenli ýetip barypdyr.

Ikinji ýöneliş Hytaýdan başlanyp, Pamir – Týan-Şan dag ulgamlaryndan geçip, Owganystana, ondan Hindistana eltipdir.

**Ýatda saklaň!**

«Beýik» sözi ýoluň örän uzyn bolanlygyny hem-de örän köp halklaryň tagdyry bilen baglanyşykly bolanlygyny aňladýar. «Ýüpek» sözi bolsa ýoluň esasan ýüpek söwdasyna hyzmat edendigini aňladýar.

Ýüpek önümleri Ýewropa halklaryny örän özüne çekipdir. Ol döwürlerde Ýewropa ýüpegiň nämedigini bilmändir. Biziň babalarymyz we hytaýlylar ýüpekden ajaýyp matalary dokapdyrlar. Bu matalar ýewropalylary haýran galdyrypdyr. Käbir ýazuw



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Beýik Ýüpek ýolundaky bazar.**

çeşmelerinde ýazylmagyna görä, hatda bir wagtlar ýüpek matanyň topy puluň ýerine-de ulanylypdyr. Beýik Ýüpek ýoly haýsy döwlet çäginden geçen bolsa, şu döwlet hökümdarlary ýoluň ýakasynda beketler, kerwensaraýlar gurdurypdyrlar. Ýoluň howpsuzlyk çärelerini görüpdirler.

Çünki, bu ýol sebäpli şu döwletiň hem söwda-satyk işleri ösüpdir. Galyberse-de, söwda kerwenleriniň eýeleri paç hem töläpdirler. Bu bolsa döwlet hazynasyna uly girdeji getiripdir. Beýik Ýüpek ýoly ýurdumyzyň taryhynda hem uly yz galdyrdy. Beýik Ýüpek ýoly dünýä halklaryna on ýedi asyryň dowamynda hyzmat etdi.

**Gadymy deňiz söwda ýoly.** Gadymy döwürlerde deňiz söwda ýollary hem bolupdyr. Şolardan biri Orta ýer deňziniň gündogar kenarynda ýaşan gadymy finikiýalylaryň açan deňiz söwda ýoludy.

Finikiýalylar öz döwrüniň edermen deňizçileri bolupdyrlar. Olar birinji bolup Orta ýer deňzine ýol açypdyrlar. Demirgazykda, Gibraltar bogazy arkaly Britaniýa adalaryna çenli, Gyzyl deňiz arkaly Hindi okeanyna ýüzüp barypdyrlar. Finikiýalylar şol döwür üçin pugta söwda gämilerini ýasapdyrlar. Olar ýelkenleriň kömeginde ýüzüpdirler we köp ýükleri daşap bilipdirler. Finikiýalylar gijesine ýoldan azaşmazlyk üçin ýyldyzlara garap ýüzmegi öwrenipdirler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Finikiýa** – Häzirki Liwan we Siriýa döwletleriniň çäginiň bir böleginde bar bolan gadymy döwlet.[1]

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Näme üçin gadymy döwürlerde hem söwda ýollary açylypdyr?*
2. *«Lagl ýoly» we «Şa ýoly» barada nämeleri bildiňiz?*
3. *Beýik Ýüpek ýolunyň açylmagy we onuň dünýä halklarynyň ýaşaýşynda tutan orny barada aýdyp beriň.*
4. *Gadymy finikiýalylaryň açan deňiz söwda ýollary barada aýdyň.*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Özbegistanyň bu günki günde Hytaý döwleti bilen alyp barýan daşky söwdasynda nähili ýollardan peýdalanýandygyny anyklap geliň.

## 19-§. TÄZE DEŇIZ SÖWDA ÝOLLARYNYŇ AÇYLMAGY

**Deňiz söwda ýollaryna zerurlygyň artmagy.** Milady XV asyryň ahyry we XVI asyryň başlarynda Ýewropa kontinenti döwletlerinde täze deňiz söwda ýollaryna zerurlyk has-da güýçlenýär. Muňa nämeler sebäp bolupdyr?

Birinjiden, XV asyryň ahyry – XVI asyryň başlarynda Ýewropada haryt önümçiligi ýokary depginler bilen ösüp başlady. Bu bolsa dürli çig mallara bolan talaby artdyrýar. Ýöne, Ýewropa kontinentiniň özünde çig mal azdy. Şu sebäpli onuň mukdary talaby kanagatlandyrmaýardy.

Mundan daşary, Ýewropada söwda-satygyň ösmegi pula bolan talaby hem artdyryp goýberýär. Köp mukdarda pul zikgelemek üçin bolsa köp altyn we kümüş gerekdi. Ýewropada bolsa şeýle seýrek metallar kem bolupdyr. Şu sebäpli ýewropalylar olary başga kontinentiň ýurtlaryndan getirmek barada oýlanyp başlaýarlar. Olaryň aňyny özge ülkeleriň halklarynyň altyn-kümüşlerini we başga baýlyklaryny eýelemek eýeläpdi. Ýöne, ýewropalylar Beýik Ýüpek ýolundan we Orta ýer deňzi arkaly geçýän deňiz söwda

[1] ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 9-njy jilt. 252-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýolundan peýdalanyp bilmeýärdiler. Çünki, bu ýollaryň gözegçiligi ýewropalylaryň esasy bäsdeşi Osmanlylar döwletiniň (Türkiýe) elindedi. Şonuň üçin, bu ýollar ýewropalylar üçin howply bolup galdy. Şeýle şertde täze deňiz söwda ýollaryny açmak zerurlyga öwrüldi. Bu döwürde ýewropalylarda täze deňiz söwda ýollaryny açmaga mümkinçilik berýän pugta gämiler hem-de özlerini goramaga mümkinçilik berýän häzirki zaman harby gurallary bardy.

Mundan daşary, olar deňizde **kompasdan** we **astrolabiýa**dan peýdalanmagy bilýärdiler.

**Täze deňiz ýollarynyň açylmagy.** Portugaliýanyň we Ispaniýanyň deňizçileri täze deňiz ýollarynyň açylmagynyň öňüni başlaýjy boldular. Täze deňiz ýollaryny açmak deňizçilerden uly batyrgaýlygy-da talap edýärdi, elbetde. Täze deňiz söwda ýoluny açmaga birinji bolup Ispan korollygynda gulluk eden, deňiz syýahatçysy admiral Hristofor Kolumb ýolbaşçylyk etdi. Ol öz öňünde Ýewropadan Atlantik okean arkaly Hindistana barýan deňiz ýoluny açmagy maksat edinýär. Ahyrynda, 1492-nji ýylyň ýazynda H. Kolumbyň ýolbaşçylygyndaky 3 gämi Atlantik okean arkaly herekete başlady. Şu ýylyň oktýabr aýynda syýahatçylar gury ýere gelip düşýärler. H. Kolumb Hindistana ýetip geldim, öýdüpdir. Ýöne, ol Hindistana däl-de, täze kontinent — Amerika gelipdi. Şeýdip Amerika kontinenti açylýar.


**Hristofor Kolumb.**

**Ýatda saklaň!**

1492-nji ýylyň 12-nji oktýabrynda Amerika kontinenti açyş edilen sene bolup taryha girdi.

H. Kolumbyň açan ülkeleri Ispan korollygynyň emlägine öwrüldi.

**Soňky açyşlar.** 1498-nji ýylda Atlantik okean arkaly Hindistana barylýan deňiz ýoluny açmak portugaliýaly syýahatçy Wasko da Gama başardýar.

Soňluk bilen ýewropaly başga syýahatçylar Awstraliýa (Günorta ýer) kontinentini hem açýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Adamlar üçin özleri ýaşan döwre çenli näbelli bolan täze ýerleriň gözläp tapylandygyna **beýik geografik açyşlar** diýilýär.

**Dünýä söwda aragatnaşyklary.** Beýik geografik açyşlar sebäpli täze söwda ýollary açylýar. Bu ýollaryň açylmagy, öz gezeginde, dünýä söwdasyny emele getirýär. Netijede adamzat jemgyýetiniň ösüşi barha çaltlanýar. Beýik geografik açyşlardan soň Angliýa iň möhüm deňiz söwda ýollarynyň üstündäki döwlete öwrülýär. Bu bolsa oňa dünýä söwdasynda öňdebaryjybolmaga mümkinçilik döredýär. Paýtagt London şäheri söwda gämileri durýan iri **port** şäherine öwrülýär.




**Amerikanyň XV asyrdaky kartasy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Admiral (deňiz hökümdary)** – harby deňiz floty serkerdelerine berilýän ýokary harby dereje.[1]

**Astrolabiýa** – XVIII asyra çenli käbir ýeriň geografik ýerleşişini, wagtyny, ýyldyzlaryň çykýan we batýan wagtyny anyklamakda ulanylyp gelnen abzal.[2]

**Kompas** – dünýäniň taraplaryny kesgitleýän, mili hemişe demirgazygy görkezip durýan abzal.[3]

**Port** – deňziň ýa-da derýanyň kenaryndaky gämi duralgasy we abatlanýan, ýük ýüklemäge we düşürmäge niýetlenen hem-de ýolagçylara hyzmat edýän ýörite enjamlaşdyrylan ýer.[4]

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Nähili faktorlar ýewropalylaryň öňüne täze deňiz ýollaryny açmak wezipesini çürt-kesik edip goýupdyr?*
2. *Täze deňiz ýollarynyň açylmagynda H.Kolumb nähili rol oýnady?*
3. *Portugaliýaly deňiz syýahatçylary täze deňiz ýollarynyň açylmagyna nähili goşant goşupdyrlar?*
4. *Beýik geografik açyşlar diýip nämä aýdylypdyr we onuň taryhy ähmiýeti nämelerden ybarat bolupdyr?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Garaşsyz Özbegistan döwletiniň deňiz söwda flotuna eýe dälligi nähili faktorlar bilen düşündirilýär? Bu barada jogap toplap geliň.

## 20-§. ÖNÜMÇILIK TEHNIKASYNYŇ EMELE GELMEGI

**Önümçilik tehnikasy näme?** Önümçilik tehnikasy – adam zähmetini ýeňilleşdirýän we zähmet öndürijiligini köp esse artdyrmaga mümkinçilik berýän zähmet gurallarydyr.

**Ýatda saklaň!**

Önümçilik tehnikasy sözüniň ýerine maşyn sözi hem ulanylýar.

---

[1] ÖzME. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 40-njy sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 111-nji sah.
[3] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 396-njy sah.
[4] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2007. 3-nji jilt. 298-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Tehnikanyň öňki zähmet gurallaryndan esasy tapawudy — onuň önümçilikde adamyň el zähmetini ýiti kemeltmegi ýa-da ony umuman ýok edýänligidir. Şeýle mysallary köp getirmek mümkin. Motyga, omaç, plug, jykyr, ik, çarh, dokma stanoklary, ýel degirmeni we başgalar adamyň el zähmetini iň köp derejede ýeňilleşdirmäge mümkinçilik berýän tehnikany döretmek ugrundaky ilkinji oýlap tapmalar boldy.



**«Jenni» mehaniki ýüp egirýän maşyny.**

**Senagatda önümçilik tehnikasynyň emele geliş sebäpleri.** Senagat hojalygyň tehnikanyň kömeginde çig maldan taýýar önüm öndürýän pudagydyr. Senagatda önümçilik tehnikasynyň ulanylmagy XVIII asyra gelip ilki Angliýada bolup geçdi berdi. Muňa nähili faktorlar sebäp bolupdyr? Bu döwürde Angliýada önümçilik çalt depginler bilen ösdi. Ol iri harby deňiz we söwda flotuna eýedi. Bu ýagdaý oňa daşary ýurtlara uly mukdarlarda harytlary çykaryp satmaga mümkinçilik berýär. Angliýanyň inwestorlary daşary ýurtlara has köpräk, ilkinji nobatda iň köp alynýan dokma önümlerini çykaryp satmak we ondan uly baýlyk artdyrmaga çalyşýarlar. Şol bir wagtda, Angliýa özi basyp alan ülkeleriň hasabyna ullakan çig mal çeşmelerine hem eýe bolupdy. Şonuň netijesinde Angliýanyň inwestorlarynyň baýlyklary barha artýardy. Bara-bara olaryň elinde köp ulanylýan harytlary öndürmek mümkin bolan fabrikleri gurmak we olarda öňdebaryjy tehnikanyň gazananlaryndan peýdalanmak mümkinçiligini berýän derejede pul serişdeleri toplanýar. Şeýdip, Angliýada önümçilik tehnikalary (maşynlar) oýlap tapmak döwrüň talabyna öwrülýär.

**Beýik oýlap tapmalaryň başlanmagy.** Angliýada önümçilik tehnikasyndaky oýlap tapmalar ilki dokmaçylyk pudagynda başlandy. Muňa oňat hilli matalara talabyň barha artmagy sebäp boldy. Bu talaby diňe önümçilik tehnikasynyň (maşynlaryň) kömeginde kanagatlandyrmak mümkindi. Ilkinji oýlap tapma XVIII asyrda amala aşyryldy. Meselem, 1733-nji ýylda mehanik we dokmaçy Jon Keý dokma stanoguny oýlap tapdy. Bu oýlap tapma çenli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dokmaçy stanogy tegek ýüpleriň arasyndan özi geçirip durmaga mejbur bolýardy. Oýlap tapmadan soň bolsa dokmaçy bu işi aýak gurluşyny basyp durmak arkaly ýerine ýetirýän boldy. Şeýdip, Jon Keýiň oýlap tapmasy zähmet öndürijiligini iki esse artdyrmaga mümkinçilik berdi. Bu döwürde Angliýada egirilen ýüpe-de talap barha artýar. Bu bolsa, öz gezeginde, Jeýms Hargriws tarapyndan bir wagtyň özünde 15–18 egiriji işleýän mehaniki ik oýlanyp tapylmagyna getirdi. Ol öz oýlap tapmasyny gyzynyň ady bilen «Jenni» diýip atlandyrýar. Indi, fabrigiň eýeleri üçin egirilen ýüplerden mata dokaýan tehnika hem gerekdi. Bu meseläni Edward Kartraýt çözüpdir. Ol mehaniki dokma tehnikasyny oýlap tapýar. Bu tehnika dokmaçynyň zähmet öndürijiligini 40 esse artdyrýar.

**Bug maşynynyň oýlanyp tapylmagy.** Fabrik önümçiliginiň has-da önümliräk bolmagy üçin diňe bir suw bar ýerde däl, eýsem islendik ýerde ulanmak mümkin bolan tehnika gerekdi. Tiz arada şeýle tehnikany angliýaly Uatt Jeýms oýlap tapýar. Bu – birinji dwigatel (motor), ýagny herekete getiriji tehnikady. Häzirki zaman ýeňil awtomobiliniň dwigatelini (motoryny) göz öňüne getiriň. Dwigatel ot aldyrandan soň benzin ýa-da gaz bilen herekete gelýär. Uatt Jeýms ýaşan döwürde benzin ýa-da gazdan peýdalanmak entek açyş edilmändi. Şonuň üçin ilkinji dwigatel bug bilen herekete getirilýär we ol bug maşyny diýlip atlandyrylýar. Bug suwy gaýnatmak arkaly alynýar. Ýüp egirýän we mata dokaýan tehnikalar şu bug maşyny bilen herekete getirilipdir. Bu hadysa şol döwür üçin uly üstünlikdi. Bug maşynynyň oýlanyp tapylmagy soňluk bilen transport tehnikalary üçin hem dwigateliň döredilmegine itergi boldy. XVIII asyrda amala aşyrylan şular ýaly oýlap tapmalar Angliýanyň dünýäniň iň ösen döwletine öwrülmegine sebäp boldy.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Mehanik** – tehnikany dörediji, tehnika gözegçilik edýän we ony işe salýan adam.[1]

**Fabrik (ussahana)** – tehniki enjamlaryň kömeginde çig maldan taýýar önüm öndürýän senagat kärhanasy (iş ýeri).[2]

---

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 584-nji sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 4-nji jilt. 317-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Bug** – suwuň (suwuklygyň) gaz halaty.

**Transport** – ýük we ýolagçy daşaýan serişdeler (meselem, awtomobil, gämi, otly, samolýot we başgalar).

### Soraglar we ýumuşlar

1. *«Önümçilik tehnikasy» düşünjesiniň mazmunyny düşündirip beriň.*
2. *XVIII asyrda Angliýada nähili faktorlar tehnika pudagynda beýik oýlap tapmalaryň amala aşyrylmagyna sebäp bolupdyr?*
3. *Jon Keýiň we Jeýms Hargriwsiň amala aşyran oýlap tapmalarynyň meňzeş we bir-birinden tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
4. *E. Kartraýtyň amala aşyran oýlap tapmanyň ähmiýeti barada nämeleri bildiňiz?*
5. *Bug maşynynyň oýlanyp tapylmagyna nämeler sebäp boldy we bu oýlap tapma näme üçin bug maşyny diýlip atlandyrylypdyr?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Häzir ýangyjyň nähili görnüşleri bilen işleýän dwigatellerden (motor) lardan peýdalanylýandygy we olaryň nämelerde ulanylýandygyny anyklap geliň.

## 21-§. TRANSPORT SERIŞDELERINIŇ OÝLANYP TAPYLMAGY

**Bug maşynyndan peýdalanmak ugrunyň giňelmegi.** Wagtyň geçmegi bilen konstruktorlar we oýlap tapyjylar bug maşynyndan başga ugurlarda hem peýdalanmaga çalyşypdyrlar.



**Birinji parohod.**

Ahyrynda, 1807-nji ýylda amerikaly mehanik Robert Fulton bug bilen hereketlenýän kürekli çarhlary bolan birinji parohody guryar. Uzynlygy 40,5 metr, ini 5,5 metre ýakyn bolan bu parohod «Klermon» diýlip atlandyrylypdyr.

Parohod synagdan geçirilýän güni örän köp adam ýygnanypdyr. Olar tomaşa etmäge gelipdiler. Şu wagta çenli peýdalanylyp gelnen ýelkenli gämiler diňe şemal bolanda ýüzýärdiler. R. Fultonyň döreden gämisi kema bolsa şemala garşy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hem ýüzüp bilýändigini gören tomaşaçylar haýran galypdyrlar. Synag wagtynda parohod sagadyna 8 km tizlik bilen ýüzüpdir. Şeýdip deňiz gämi gurluşygy ýuwaş-ýuwaşdan şemala tabynlykdan azat bolupdyr. Parohodlar gitdigiçe kämilleşdirilipdir. Tiz arada bütindünýä ähmiýetli waka bolupdyr. Birinji gezek parohod Atlantik okeandan ýüzüp geçip 26 günde Amerika ýetip barypdyr.

Öz wagtynda Hristofor Kolumb bu ýere ýelkenli gämilerinde 70 günde ýetip barypdy. Bug maşynyndan peýdalanmak gämi gurluşygy bilen çäklenmändir. 1814-nji ýylda iňlis konstruktory we oýlap tapyjysy Jorj Stefenson bug bilen hereketlenýän birinji parowozy döredipdir. Parowoz demir yzda synagdan geçirilende 8 wagony çekip sagadyna 10 km. tizlik bilen ýöräpdir.

**Goşmaça maglumat**

J. Stefensonyň döreden birinji parowozyny «Blýuher», soňluk bilen kämilleşdirilen parowozyny bolsa «Raketa» diýip atlandyrypdyr.



**Birinji parowoz.**

**Dünýäde demirýol gurluşygynyň başlanmagy.** Demirýollary gurmak näme üçin zerurdy? Angliýanyň portlaryna tabyn ülkelerden örän uly mukdarda çig mal getirilip başlanýar.

Olary ýurduň dürli şäherlerinde gurlan dokmaçylyk fabriklerine gysga möhletlerde we arzan nyrhlarda daşap bermek, fabriklerde öndürilen taýýar önümleri bolsa ýurduň portlaryna hut şu terzde getirmek zerurlyga öwrülýär. Bu zerurlyk demirýol gurluşygyna getirýär.

Ahyrynda, 1825-nji ýylda J. Stefensona iki şäheriň arasynda ilkinji demirýoly gurmak başardýar. Aradan dört ýyl geçenden soň ol Angliýanyň iki meşhur şäherleri bolan, Mançester bilen Liwerpulyň arasynda nobatdaky demirýoly hem gurýar. Soňrak, ilkinji halkara demirýol gurulýar.

Bu ýol London şäherini Türkiýäniň Stambul şäheri bilen baglaýar. Demirýollar soňluk bilen dünýäniň başga ýurtlarynda-da gurlup başlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Možayskiy samolýoty.




Aga-ini Raýtlaryň samolýoty.








Häzirki zaman samolýotlar.

**Samolýotyň döredilişi.** Adamzat uzak-uzak döwürlerden başlap asmana perwaz etmegi arzuw edipdir. XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlaryna gelip adamyň bu arzuwy amala aşypdyr.

Rus alymy A.F. Možaýskiý 1885-nji ýylda iki bug dwigateli oturdylan birinji samolýoty döredipdir.

> **Ýatda saklaň!**
>
> Samolýot (rusça söz – sam – özüm, letat – uçmak) – özi uçýan, howadan agyr uçujy maşyn.

Alymlar we konstruktorlar dwigateli ýangyç (benzin, kerosin) bilen işleýän samolýoty döretmegiň üstüde hem kelle döwüpdirler.

Ahyrynda, 1902-nji ýylda amerikaly aga-iniler Bilbur we Orwill Raýt dünýäde birinji şeýle samolýoty döredipdirler.

1903-nji ýylda bolsa 3 metr beýiklikde birinji perwazy amala aşyrýarlar. Perwaz bary-ýogy 12 sekunt dowam edipdir.

Şu wagtyň içinde 30 metr aralygy geçipdir.

Perwaz örän gysga dowam eden bolsa-da, bu uly taryhy hadysady. Çünki, bu hem uçup, hem gonulan birinji hakyky perwaz boldy.

Soňky ýyllarda aga-iniler samolýoty kämilleşdirmegi dowam etdirýärler we sagadyna 60 km. tizlik bilen uçýan samolýot döredipdirler.

1913-nji ýylda bolsa rus konstruktory I. Sikorskiý «Русский богатырь» (rus



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

pälwany) diýlip atlandyrylýan ajaýyp samolýot döredipdir. Ol dünýädäki birinji 4 dwigatelli samolýotdy.

Bu günki günde samolýot millionlarça adamlaryň uzagyny ýakyn edýär. Müň-müňlerçe tonna ýükler daşalýar.

Olaryň hatarynda Özbegistanyň «Howa ýollary» awiakompaniýasynyň samolýotlary hem bar.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Wagon** – demirýollarda ýolagçylary we ýükleri daşamaga niýetlenen tigirli ýörite gurluş.[1]

**Konstruktor** – maşynlaryň we desgalaryň taslamasyny düzýän hünärmen.[2]

**Parohod** – bug bilen işleýän dwigatel (motor) oturdylan gämi.[3]

**Parowoz** – bug bilen işleýän dwigatel oturdylan we wagonlary çekmäge niýetlenen maşyn.[4]

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Amerikaly R.Fulton we angliýaly J.Stefensonlaryň oýlap tapmalary barada aýdyp beriň.*
2. *Nähili faktorlar Angliýada ilkinji demirýol gurluşygyna sebäp bolupdyr?*
3. *Esasy transport serişdelerinden biri samolýotyň dörediliş taryhy barada nämeleri bildiňiz?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

«Özbegistan howa ýollary» barada ata-eneňiz bilen söhbet guraň. Söhbet çagynda Özbegistanda haýsy kysymly samolýotlardan peýdalanylýandygyny hem anyklaň.

## 22-§. ARAGATNAŞYK SERIŞDELERINIŇ OÝLANYP TAPYLMAGY

**Telegrafyň oýlanyp tapylmagy.** Telegraf dürli habarlary uzak aralyklara ýazuwly çalt ibermäge niýetlenen gurluşdyr.

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 430-njy sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 401-nji sah.
[3] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2007. 3-nji jilt. 227-nji sah.
[4] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2007. 3-nji jilt. 226-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýle gurluşy birinji bolup 1832-nji ýylda rus alymy Pawel Şilling oýlap tapypdyr. Gurluş habarlary nokatlary we tireler (çyzyk) görnüşinde iberipdir.

1837-nji ýylda amerikan alymy S. Morze hem şeýle gurluşy we onda peýdalanylýan ýörite elipbiýi döredipdir. Bu elipbiý taryha «Morze elipbiýi» ady bilen girdi. Bu elipbiýde harplaryň ýerine nokatlar we tireler (çyzyk) ulanylýar.

Meselem, nokat we bir tire A harpyny; tire we üç nokat «B» harpyny; nokat, tire we ýene iki nokat «W» harpyny aňladypdyr. Bu elipbiý dünýä halklary üçin köp ýyllar hyzmat edipdir.

Häzirki günde bolsa ondan entegem deňiz heläkçiliginiň bolandygy baradaky habary berende peýdalanylýar.

Siz «SOS» deňiz heläkçiligi bolandygyny aňladýan belgidigini belki bilýänsiňiz. Deňizlerde heläkçilige duçar bolan gämiler «SOS» habaryny ibermek üçin Morze elipbiýindäki «Üç sany nokat, üç tire we ýene üç nokat» belgisini – (signalyny) iberýärler.

Bu belgileri kabul edip alan başga gämi ýa-da kenar halas ediji topar derrew kömege ýetip gelmek çärelerini görýär. Halkara düzgüniň talaplary ynha şeýle.

**Ýatda saklaň!**

Deňizden iberilen heläkçilik habarlaryny kabul etmek üçin her 5 minutda «radioümsümlik» wagty girizilen.

Morze gurluşynda nokatlar we tireler telegraf açarlarynyň kömeginde iberilýär. Habar berýän açar basylanda gurluşdaky batereýa gurluşyň setine tok berýär.

Elektrik togy suwuk boýagyň içine batyrylan tigirçegi (harp basyjyny) herekete getirýär. Tigirçek bolsa lenta meňzedilip taýýarlanan kagyza harplaryň belgisini düşürýär.

Açar basylansoň derrew goýberilse «nokat», uzagrak basyp durulsa «tire» belgisini düşürýär. Her bir belginiň haýsy harpy aňladýandygyny bilip alan adam Morze elipbiýinde ýazylan ýazuwy arkaýyn okap bilýär. Häzirki wagtda Morze elipbiýine uýgunlaşdyrylan telegraf gurluşynyň ýerine teletaýp gurluşyndan peýdalanylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Teletaýp gurluşy.**

**Ünsli okaň!**

**Teletaýp –** ýazuw maşinkasyna meňzeş klawiaturaly, uzakdan iberilen habarlary kagyz lenta awtomatik ýagdaýda ýazyp alýan mehanizmli telegraf apparaty.

Teletaýpda açar ýok, ýöne ýazuw maşynyndaky ýa-da kompýuterdäkä meňzeş harp klawişleri bar. Habar iberiji ugradyjy gurluşa habaryň tekstini ýazýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Häzirki zaman telefon apparatlary.**



**Aleksandr Stepanowiç Popow.**

Kabul ediji gurluş bolsa habary kagyz tasmasyna (lentasyna) ýazyp alýar.

Bu günki günde amatly aragatnaşyk serişdelerinden ýene biri faksdyr. Ol tekstli, jedwelli, suratly we başga şular ýaly habarlary nähili bolsa şeýleligine bellenilen ýere iberip bilýär. Aragatnaşygyň bu serişdesi ähli diýen ýaly iri kärhanalarda we guramalarda bar. Faks gurluşy ýene köp zatlary başarýar. Meselem, ol islendik suratdan we resminamadan nusga (kopiýa) hem almagy mümkin. Mundan daşary, islendik dilde ýazylan habary kabul edýär.

**Telefonyň döredilişi.** Bu günki günde ähli diýen ýaly maşgalalarda hiç bolmanda bir öýjükli telefon apparaty bar.

Ol habar ibermek we kabul etmek üçin gaty amatly. Bir söz bilen aýdanymyzda, adamlaryň uzagyny ýakyn edýän «enjam». Eýsem, bu enjamyň geçmişdaşy bolan simli telefon apparaty haçan döredilipdir?

Ilkinji telefon apparatyny 1876-njy ýylda Angliýada doglup Amerikada ýaşan Aleksandr Bell döredipdir. Soňluk bilen dünýäniň başga ýurtlarynyň oýlap tapyjylary ony kämilleşdiripdirler. Bu günki günde adamlar dünýäniň islendik bölegi bilen telefonda aragatnaşyk edip bilýär.

**Radionyň taryhy.** Radionyň nämedigini hemmämiz gowy bilýäris. Ol dürlüçe habarlary ýaýratmakda uly ähmiýete eýedir. Dünýäde birinji radiony rus alymy Aleksandr Stepanowiç Popow 1895-nji ýylda oýlap tapypdyr. Şu ýylyň 7-nji maý güni Russiýanyň paýtagty Peterburg şäherinde onuň oýlap tapan radiosy görkezilipdir.

Aleksandr Stepanowiç Popow soňrak dünýäde birinji bolup habary ilki 250 metre, soňluk bilen 45 km-e, ahyrynda, 150 km-e radio arkaly ýetirmegi başarypdyr. Radio üçin simler gerek bolmandyr. Radio tolkunlara hiç hili aralyk päsgel berip bilmeýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Radio tolkunlar sekundyna 300 müň km tizlikde ýaýraýar.

Biz bilen Siz tomaşa edýän telewizordaky telegepleşikler hem radio tolkunlary arkaly ekranymyza ýetip gelýär.

Häzirki wagtda radionyň ähmiýeti çäksizdir. Radio aragatnaşygyň barlygy sebäpli samolýotlar arkaýyn uçýarlar. Kosmosa uçan kosmos raketalary bilen hem radio tolkunlar arkaly hemişelik aragatnaşyk saklanylýar.

Hawa, radionyň hyzmaty çäksiz. Şonuň üçin hem adamlar rus alymy Aleksandr Stepanowiç Popowyň adyny hormat bilen tutýarlar.

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Faks** (ýerine ýetir) – tekst, jedwel, surat we başgalaryň teswirlerini telefon seti arkaly ibermek.[1]

**Radio** (ýaýradýaryn) – habarlary radio tolkunlary arkaly simsiz iberýän we kabul ediji gurluş.[2]

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Telegrafyň oýlanyp tapylmagy adamlar üçin nähili ähmiýete eýe boldy?*
2. *«SOS» habaryny ibermek üçin Morze elipbiýinden ýygnalýan belgileri aýdyp beriň.*
3. *Telefonyň döredilişi we onuň adamlaryň durmuşynda tutýan orny barada aýdyp beriň.*
4. *Teletaýp we faks gurluşlaryny deňeşdirip, meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
5. *Radionyň döredilmegi nähili ähmiýete eýe bolupdyr?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Okuwçylaryň mekdepde el telefonlaryndan peýdalanmak düzgüni barada nämeleri bilýändigiňizi depderiňize ýazyp geliň.

---

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 4-nji jilt. 59-njy sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2007. 3-nji jilt. 337-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# VI bap. WATANYMYZDA WE ÝEWROPADA YLYM-BILIMIŇ ÖSÜŞI

## 23-§. MEKDEP – BILIM OJAGY

**Adamzat durmuşynda mekdebiň orny.** Ynha, bäşinji ýyl, Siz mekdebiň mekdepdaşlaryňyzyň we özüňiziň şahsy durmuşyňyzda nähili orun tutup gelýändigini bilýärsiňiz.

**Ýatda saklaň!**

«Mekdep» arapça söz bolup, türkmen dilinde «okalýan ýer», «ýazmagy öwredýän ýer», diýen manylary aňladýar[1].

Adamlar mekdeplerde hat-sowat öwrenýärler. Dürli ylymlara degişli bilimleri eýeleýärler.

Mekdepde ähli ylymlardan ýokary baha okaýan okuwçylaryň durmuşda nähili üstünlikleri gazanýandygyna özüňiz şaýatsyňyz. «Umid nihollari» sport ýaryşlarynda, «Geljek sesi», «Zulfiýahanym gyzlary» seçip almalarda ýa-da ylymlar boýunça geçirilýän halkara ylym olimpiadalarynda ýeňiji bolan ýurtdaşlaryňyzy bir göz öňüne getiriň, hany. Olaryň ählisi mekdeplerde ýokary bahalara okapdyrlar.



**Mekdep (XX asyryň başlary).**

Geçmişde dünýä ylym-biliminiň ösmegine uly goşant goşan beýik babalarymyz hem mekdeplerde ýokary bahalara okapdyrlar. Şonuň

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 532-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

üçin, Siziň geljekde nähili adam bolup ýetişjekdigiňiz bu günki günde mekdepde nähili okaýandygyňyza-da baglydyr.

Mekdep, şol bir wagtda, terbiýe berýän ýer hemdir. Ähli döwürlerde şeýle bolupdyr, häzir hem şeýle. Siz mekdeplerde tälim-terbiýe berýän adamlaryň mugallym, halypa ýa-da terbiýeçi ýaly sözler bilen atlandyrylýandygyny hem bilýärsiňiz. Olar bir söz bilen pedagog diýlip hem atlandyrylýarlar.

**Ýatda saklaň!**

«Pedagog» – grekçe söz bolup, «çaga idedýän adam» diýen manyny aňladýar[1].

Gadymy Gresiýada gul eýeleriniň çagalaryny mekdebe eltýän adamlara *pedagog* diýipdirler. Irki mekdepler Müsürde, Wawilonda, Hytaýda we Hindistanda, Orta Aziýada Ýewropada bolsa Gresiýada we Rim döwletlerinde peýda bolupdyr. Mekdepler ilki ybadathanalarda iş alyp barypdyr.

Dogry, irki mekdepler häzirki zaman mekdepleri görnüşinde bolmandyr. Olara kabul etmekde çagalaryň ýaşy hasaba alynmandyr. Çagalar bu günki gündäki ýaly synplara bölünip okadylmandyr. Çagalary ýaşyna garap synplara bölüp okatmak we ders sapaklaryny jedwel esasynda guramak XVII asyrda ilki Ýewropada amala aşyrylypdyr. Bu täzeligi esaslandyran meşhur çeh alymy Ýan Amos Komenskiý bolupdyr.



**Ýan Amos Komenskiý.**

**Orta Aziýada tälim.** Orta Aziýada, şol sanda, biziň ýurdumyzda hem ähli zamanlarda çagalaryň tälim-terbiýesine uly üns bilen çemeleşilipdir.

Mekdepde çagalara hat-sowat öwretmek bilen bir hatarda olaryň ahlak we beden terbiýesine-de uly üns berlipdir. Muny horezmli babamyz Zarduştyň «Terbiýe durmuşyň iň möhüm daýanjydyr» diýen pähimli sözi-de subut edýär.

[1] ÖDDS – D.: «ЎзМЭ». 2006. 3-nji jilt. 245-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

VIII asyrda araplar ýurdumyzy eýelänsoň arap elipbiýi girizilýär. Metjitleriň ýanynda mekdepler açylýar. Mekdeplerde okuw arap ýazuwy esasynda alnyp barylýar. Oglanlar we gyzlar üçin aýry-aýry başlangyç tälim mekdepleri açylýar. Olara *mekdephana* diýipdirler. Oglanlaryň mekdepleriniň aglabasy metjitleriň ýanynda, gyzlaryň mekdepleri bolsa mugallym aýallaryň öýlerinde işläpdir. Oglanlary okadýan erkek mugallym damla, gyzlary okadýan aýal mugallyma bolsa otinaýy, otinbibi, bibiotin, bibihalifa diýip atlandyrylýardy. Çagalar mekdephana 5–6, käte 6–8 ýaşyndan kabul edilipdir. Okuw möhleti 5–8 ýyl dowam edipdir. Mekdephanalarda çagalar okamak-ýazmak öwredilipdir we medreselere okuwa girmäge taýýarlanypdyr.

**Karyhana.** Okamagy-ýazmagy başarýan, ýat tutmak ukyby güýçli, sesi örän täsirli oglanlar 10 ýaşyndan karyhanalara kabul edilipdir. Karyhana okuwçylary esasan Gurhany kerimi ýat tutupdyrlar we ony sogduryp okamagy öwrenipdirler. Olara labyzy güýçli bolan hoşowaz karylar ders beripdirler. Kyrathanada okuw 3–4 ýyl dowam edipdir. Soň geljekki karylar synagdan geçipdirler. Iň zehinli okuwça karylaryň karysy derejesi berlipdir. Şondan soň olar halk we din ugrunda gulluk edipdirler. Islänleri medresede okuwyny dowam etdiripdirler. Medreseler esasan döwlet gullukçylaryny hem-de dini ulamalary taýýarlapdyr. Ýurdumyzda ilkinji medrese X asyrda Buharada açylypdyr. Olarda okuw talyplaryň ukybyna garap 7—12 ýyl dowam edipdir. Medresäniň mugallymlaryna *muderrisler* diýlipdir. Medreselerde talyplara dini bilimlerden daşary astronomiýa, matematika, lukmançylyk, himiýa, geografiýa, taryh, edebiýat, hatdatlyk, saz, ahlak we suhangöýlük sungaty, täjirçilik ýaly ylymlardan sapak berllipdir.

**Özüňizi synaň**

♦ Mekdep – ... .

♦ Pedagog – ... .

**Ma’mun akademiýasy.** Ol ýa-da bu döwletde ylym-bilimiň ösüşi döwlet hökümdarynyň ylym-bilim pudagynda tutan ýoluna bagly bolupdyr. Ýagny, ýokary hökümdar ylym-bilime howandarlyk eden bolsa ylym-bilim ösüpdir. Alymlara gamhorlyk eden bolsa, olar ylym-bilim pudagynda uly açyşlary amala aşyrypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Ma’mun akademiýasy.**

Taryhymyzda Horezmşalar döwletini dört dinastiýa dolandyrypdyr. Olardan ikinjisi – ma’munylar dinastiýasy hökümdarlygy döwründe (995–1017-nji ýyllar) ylym-bilimiň ösüşine uly üns berlipdir. Dinastiýanyň soňky hökümdary Ma’mun ibn Ma’mun (999–1017-nji ýyllar) aýratynam, bu babatda taryhda öçmejek yz galdyrypdyr.

Ol öz döwrüniň ylymlaryny pugta eýelän hökümdardy. Şol bir wagtda, ylym-bilimiň we medeniýetiň ösüşine howandarlyk hem edipdir. Onuň howandarlygynda we ýolbaşçylygynda 1004-nji ýylda ýurduň paýtagtynda «Dorul hikma we maorif» ylym-bilim merkezi döreýär. Soňluk bilen alymlar ony Horezm «Ma’mun akademiýasy» diýip atlandyrýarlar. Bu ylym-bilim merkezinde Abu Nasyr ibn Yrak, Abu Reýhan Biruny, Abu Ali ibn Sina, Abulhaýr ibn Hammar ýaly şol döwrüň onlarça beýik alymlary iş alyp barypdyrlar.

**Ýatda saklaň!**

«Ylym – adamlar agyryny ýeňletmäge hyzmat etsin», – diýen sözler akademiýanyň alymlarynyň şygarydy.

Akademiýanyň alymlary matematika, astronomiýa, toprakşynaslyk, geografiýa, lukmançylyk we kanunşynaslyk ýaly ylymlar bilen meşgullanýarlar we dünýä ylym-biliminiň ösüşine uly goşant goşdular. Gynansak-da, akademiýa bary-ýogy 14 ýyl iş alyp barypdyr. 1017-nji ýylda Horezmşalar döwleti öz garaşsyzlygyny ýitirensoň akademiýanyň işi bes edilipdir.

**Özüňizi synaň**

- ♦ Ma’mun ibn Ma’mun – ... .
- ♦ 1004-nji ýylda – ... .

1997-nji ýylda Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň Horezm Ma’mun akademiýasyny gaýtadan dikeltmek baradaky permany yglan edildi. Hawa, aradan müň ýyl geçip şeýle edildi. Akademiýany gaýtadan dikeltmekden ençeme maksatlar gözlenýärdi,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

elbetde. Ýöne, olaryň arasynda Siziň ýaly ýaş nesliň kalbynda buýsanç we guwanç, geçmiş taryhymyza çuňňur hormat duýgusyny ösdürmek aýratyn orun tutýar. Gaýtadan dikeldilen akademiýa Özbegistan Ylymlar Akademiýasynyň bölümi hökmünde iş alyp barýar. Onuň düzüminde arheologiýa, taryh, dil we edebiýat, biologiya ýaly bölümler döredildi. 2006-njy ýylda ýurdumyzda Horezm Ma'mun akademiýasynyň 1000 ýyllygy bellenip geçildi[1].

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Akademiýa** – meşhur alymlar toplanan ylym-bilim merkezi.[2]
**Alloma (beýik alym)** – ylym-bilimiň birnäçe ugruny doly eýelän şahs.[3]
**Metjit** – yslam dinine uýýanlar toplanyp namaz okaýan ýer.[4]
**Ylym** – dünýä baradaky jemi bilimler.[5]

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Näme üçin Siz mekdepde ýokary bahalara okamaly we gözel edep-ahlakly bolmalysyňyz?*
**2.** *Ilkinji mekdepler barada nämeleri bildiňiz? 78-nji sahypadaky surata garap häzirki mekdep bilen köne mekdebi deňeşdiriň.*
**3.** *Medreseler nähili maksatda açylypdy?*
**4.** *Horezm Ma'mun akademiýasynyň döredilmegi we onda işlän beýik alymlar barada aýdyp beriň.*
**5.** *Özbegistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda Horezm Ma'mun akademiýasynyň gaýtadan dikeldilmegi barada nämeleri bildiňiz?*

## 24-§. ÝURDUMYZYŇ BEÝIK ALYMLARY

**Takyk we tebigy ylymlaryş ösmegi.** IX–XII asyrlarda ýurdumyzda ylym-bilim ýokary ösüş gazandy. Bu döwürde ýaşap döredijilik eden beýik babalarymyz dünýä ylym-biliminiň ösüşine uly goşant goşdular. Aýratynam, takyk we tebigy ylymlaryň

[1] *K. Rajabow* we başg. Özbegistanyň taryhynyň iň esasy seneleri. – D.: 2012. «O'zbekiston» NÇDÖ. 410-njy sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 61-nji sah.
[3] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 72-nji sah.
[4] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 550-nji sah.
[5] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 4-nji jilt. 324-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ösüşine goşan gaýtalanmaz goşantlary bilen öz atlaryny müdimilige möhürlediler. Olaryň sanawy beýik babamyz Muhammet Musa al-Horezminiň ady bilen başlanýar.

Al-Horezmi 783-nji ýylda Horezmiň Hywa şäherinde doglupdyr. Ilki Hywa şäherinde bilim alyp ýetişen alym bolýar. Soň Orta Aziýanyň şol döwürdäki iri ylym-bilim merkezi bolan Merw şäherinde (häzirki Türkmenistandaky şäher) döredijilik edipdir. Soňrak Bagdat şäherindäki (häzirki Yrak döwletiniň paýtagty) ylym-bilim merkezi – «Baýt ul-hikmet»de işini dowam etdirýär. Onuň iň iri işlerinden biri hindiler açyş eden «0»-dan «9»-a çenli bolan on sany sifr bilen islendik sany ýazmak mümkinligini, onuň çylşyrymly rim sifrlerinden artykmaçlyklaryny subut edipdir. Dört amal – goşmak, aýyrmak, köpeltmek we bölmek düzgünlerini döretdi.



**Al-Horezmi.**




**Rim sifrinde goşmak amaly.**

Al-Horezmi Siz 7-nji synpdan başlap öwrenýän algebra ylmynyň esaslandyryjysydyr. Onuň bu ylma bagyşlap ýazan eseri gysgaça «Al-jabr» diýlip atlandyrylýar. Al-Horezminiň bu eseri XII asyrdan başlap Ýewropada ýaýrap başlady. Ýewropanyň käbir halklary «al-jabr» ýerine «algebra» adalga-syny ulanypdyrlar. Şeýdip, Siz 7-nji synpdan başlap öwrenýän bu günki algebra ylmy öz adyny al-Horezminiň eseriniň adyndan alypdyr. Alymyň öz ady bolsa matematika ylmynda köp ulanylýan (bu barada ýokary synplarda bilersiňiz) «algoritm» adalgasynda ýaşap gelýär. Dünýäde öz ady ýa-da eseriniň ady ylmyň adyna öwrülen alymlar örän az. Siz bu hadysa bilen her näçe buýsanmaga, guwanmaga haklysyňyz. Al-Horezmi 850-nji ýylda Bagdat şäherinde aradan çykypdyr.

**Ahmet al-Fergany.** Dünýä ylym-biliminiň ösmegine uly goşant goşan ýene bir beýik babamyz Ahmet al-Fergany 797-nji ýylda Fergananyň Kuwa şäherinde doguldy. Ol ýaşlygyndan ylym-bilimiň esaslaryny çuňňur öwrenipdir. Öz bilimini ýene-de çuňlaşdyrmak



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ahmet al-Fergany.

maksadynda Orta Aziýanyň şol döwürdäki iň iri ylym-bilim merkezi Merw şäherine barýar. Soň Bagdat şäherindäki «Baýt ul-hikmet»de astronomiýa, matematika we geografiýa ýaly ylymlar boýunça döredijilik edipdir. Onuň adyny meşhur ede «Astronomiýanyň esaslary baradaky kitap» eseri XII asyrda Ýewropada latyn diline terjime edilipdir. Bu eser Ahmet al-Ferganyny Ýewropada «Alfraganus» ady bilen meşhur edipdir. Şol bir wagtda, eseriň özi Ýewropa ýurtlarynyň uniwersitetlerinde (ýokary okuw edaralary) birnäçe asyryň dowamynda derslik hökmünde okadylypdyr. Fergany babamyz 865-nji ýylda Müsürde aradan çykypdyr. Prezidentimiz Islam Karimowyň başlangyjy bilen 1998-nji ýylda beýik babamyzyň doglan gününiň 1200 ýyllygy diňe bir Özbegistanda däl, eýsem dünýä möçberinde-de bellenip geçildi.

**Özüňizi synaň**

♦ Al-Horezminiň meşhur eseri – ... .     ♦ Alfraganus – ... .



Abu Reýhan Biruny.

**Abu Reýhan Biruny (973–1048).** Abu Reýhan Biruny babamyz hem dünýä ylym-biliminiň ösüşine uly goşant goşan beýik alymdyr. Ol Horezmiň Kät şäherinde doglan. Zehni iňňän ýiti bolan Biruny Horezm Ma’mun akademiýasynda döredijilik edipdir. Biruny, aýratynam, astronomiýa, matematika, fizika, magdanşynaslyk, geografiýa, dil, taryh ýaly ylymlary pugta eýeläpdir. Şol bir wagtda özi-de bu ylymlaryň ösüşine uly goşant goşupdyr.

Bize Birunydan köp eserler miras bolup galdy. Olaryň içinde astronomiýa degişli eseri çäksiz uly ähmiýete eýe bolupdyr. Onuň «Gadymy halklardan galan ýadygärlikler»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

we «Hindistan» ýaly eserleri taryh ylmy üçin möhüm çeşme hasaplanýar. Ol «Hindistan» eserinde ummanyň aňyrsynda kontinent bardygy baradaky takmyny öňe sürýär. Ýewropaly syýahatçylar bolsa Birunydan 500 ýyldan soň bu kontinentiň bardygyny amalda subut etdiler.

**Şuny okaň!**

«XI asyr — Biruny asyrydyr», — diýip ýazypdy ABŞ-nyň ylymlar taryhy bilen meşgullanýan alymy J. Sarton.

**Abu Ali ibn Sina.** Öz döwründe «alymlaryň başlygy», diýlip hormatlanan beýik alym Abu Ali ibn Sina 980-nji ýylda Buhara şäheriniň golaýyndaky Afşona obasynda doglupdyr. Ol öz döwrüniň ähli bilimlerini pugta eýeleýär. Ibn Sina dünýä, ilki bilen, beýik lukmançylyk alymy bolup tanaldy. Onuň lukmançylyga degişli meşhur eseri «Tib kanunlary» diýlip atlandyrylýar. Eser XII asyrda Ýewropada latyn dilinde çap edildi we Ibn Sina Ýewropada «Awisenna» ady bilen meşhur boldy.



**Abu Ali ibn Sina.**

«Tib kanunlary» XVII asyra çenli bu kontinentiň ýurtlarynyň uniwersitetlerinde derslik hökmünde hyzmat etdi. Ibn Sinanyň ady ýer ýüzünde entegem meşhurdyr.

2000-nji ýylda Ýewropanyň Belgiýa döwletinde onuň hatyrasyna heýkel oturdylmagy munuň ýene bir delilidir.

**Özüňizi synaň**

- Birunydan taryha degişli ... eserleri galypdyr.
- Ibn Sina – ... atlary bilen hormatlanypdyr.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. *IX–XII asyrlar ýurdumyzyň ylym-biliminiň ösüşinde nähili orun tutýar?*
2. *Al-Horezmi matematika ylmynyň ösüşinde nähili orun tutýar?*
3. *Ahmet al-Ferganynyň dünýä ylym-biliminiň ösmegine goşan goşandy barada nämeleri bildiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

*4. Amerikan alymy J. Sarton «XI asyr — Biruny asyrydyr», diýip ýazanda nämelere esaslanandygy barada pikir ýörediň.*

*5. Ibn Sinanyň dünýä lukmançylyk ylmynyň ösmegine goşan goşandy barada aýdyp beriň.*

## ÖZBAŞDAK IŞ

*Jedweli dolduryň*

| T/n | Beýik alymlar | Doglan ýeri we ýyly | Döredijilik eden ýerleri | Ýazyp galdyran meşhur eserleri | Aradan çykan ýyly we ýeri | Doglan gününiň bellenen ýyllary |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Al-Horezmi | | | | | |
| 2. | Ahmet al-Fergany | | | | | |
| 3. | Biruny | | | | | |
| 4. | Ibn Sina | | | | | |

## 25-§. MÜRZE ULUGBEK WE ONUŇ AKADEMIÝASY

**Mürze Ulugbegiň ýaşlyk ýyllary.** XIV–XV asyrlar Watanymyzyň ylym-biliminiň we medeniýetiniň ösüşinde altyn asyr hasaplanýar. Bu döwürde ýaşap, döredijilik eden beýik alym babalarymyz ylym-bilimiň we medeniýetiň ösüşini has-da ýokary galdyrypdyrlar. Bu üstünlik, öz gezeginde, Ýewropada hem ylym-bilimiň we medeniýetiň ösmegine uly täsir edipdir.



**Mürze Ulugbek.**

Bu hadysa beýik babalarymyz Emir Temur we onuň agtygy Mürze Ulugbegiň ylym-bilimiň hem-de medeniýetiň ösmegine beren çäksiz ünsüniň we howandarlygynyň netijesidi.

Mürze Ulugbegiň atasy Emir Temuryň dördünji ogly Şahruh Mürzedir. Ulugbek 1394-nji ýylda dogulýar. Emir Temur bu hoşhabary eşidip, agtygyna Muhammet Taragaý diýip at dakýar. Müneјjimler onuň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

geljekde uly alym we beýik hökümdar boljakdygyny öňünden aýdypdyrlar.



**Ulugbegiň obserwatoriýasy.**

Şu sebäpli Emir Temur ykbaly Beýik (ulug‘) agtygyny Ulugbek diýip hem atlandyryp başlaýar. Öz döwrüniň ylym-biliminiň syrlaryny öwrenmeginde meşhur matematik we astronom alymlar Mawlana Ahmet we Kazyzada Rumy oňa halypalyk edipdirler. Bu bolsa Ulugbegiň geljekde beýik astronom we matematik bolup ýetişmegini kesgitläpdir.

**Ulugbek beýik alym.** Ulugbek ylym-bilimiň köp ugurlary bilen meşgullanan alym. Olara degişli ençeme eserler-de ýazyp galdyrdy. Ýöne ylym-bilimde ol, ilki bilen, beýik astronom hökmünde meşhur boldy. Ulugbek asman jisimlerine syn etmek maksadynda obserwatoriýa gurdurýar.

Obserwatoriýanyň içine oturdylan äpet abzalyň kömeginde Günüň, Aýyň planetalarynyň we ýyldyzlaryň ýagdaýy öwrenilipdir. Obserwatoriýada alnyp barylan gözegçilikler netijesinde gysgaça «Ulugbek ziji» diýlip atlandyrylýan dünýä meşhur eserini ýazypdyr. Eserde 1018 sany ýyldyzyň orny we ýagdaýy düşündirilýär.

Ulugbek taryh ylmyna degişli «Dört ulusyň taryhy» eserini hem ýazyp galdyrdy.

**Ulugbek akademiýasy.** Ulugbek Samarkantda gurduran medrese obserwatoriýa bilen bilelikde «Ulugbek akademiýasy» ady bilen taryha girdi. Bu Horezm Ma’mun akademiýasy döredileninden aradan 4 asyrdan köpräk wagt geçensoň ýurdumyzda döredilen ikinji akademiýadyr.

**Şuny okaň!**

...Emir Temuryň ýerine tagta geçen meşhur Ulugbek Samarkantda... akademiýany esaslandyrdy.

*Wolter*, XVIII asyrda ýaşap döredijilik eden fransuz alymy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ulugbek şol döwrüň ençeme zehinli alymlaryny akademiýa toplaýar. Olaryň döredijilik işleri üçin ähli şertleri döredip berýär.

Ulugbegiň halypasy Kazyzada Rumy, Gyýasiddin Jemşit Koşy we şägirdi Ali Guşçylar akademiýanyň iň meşhur alymlarydy.

**Üns berip okaň!**

«Ulugbek dünýä ylym-biliminiň ösmegine goşan çäksiz goşandy bilen entek dirikä özüne heýkel oturdyp giden beýik alymdyr».

*B. Ahmedow*, özbek taryhçy alymy.

**Özüňizi synaň**

- ... ... Ulugbege halypalyk edipdir.
- Ulugbekden taryha degişli ... atly eser galypdyr.

**Ulugbek ylym-bilim howandary.** Ulugbek diňe bir döwlet işleri we döredijilik bilen meşgullanmandyr. Ol şol bir wagtda ylym-biliminiň gülläp ösmegine howandarlyk hem edipdir.

Buhara, Samarkant we Gižduwan şäherlerinde 3 sany medrese gurdurandygy munuň aýdyň delilidir.

Samarkant medresesinde talyplara esasy sapaklary Kazyzada Rumy, Ulugbek, Koşy we Ali Guşçylar geçipdirler. Buharada gurlan medresäniň maňlaýyna «Bilim almak her bir musulman erkek we aýal üçin parzdyr» diýen sözler oýulyp ýazylypdy. Ulugbek bu medresä barypdyr. Şonda ol talyplara sowgat paýlapdyr.

**Ulugbegiň doglan gününiň bellenip geçilmegi.** 1994-nji ýylda ýurdumyzda we halkara möçberde beýik alym Mürze Ulugbegiň doglan gününiň 600 ýyllygy bellenip geçildi. Samarkantdaky dabaralara Özbegistan respublikasynyň Prezidenti Islam Karimow hem gatnaşdy we söz sözledi.

Prezidentimiz öz çykyşynda Ulugbegi «Gündogaryň ýagty ýyldyzy» diýip atlandyrdy.

Birleşen Milletler Guramasynyň 2009-njy ýyly Ulugbegiň hormatyna halkara astronomiýa ýyly diýip yglan edenligi bolsa Ulugbegiň beýik hyzmatlarynyň ýene bir ykrary boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Üns berip okaň!**

Görnükli astronom Ýan Geweliý tarapyndan 1647-nji ýylda neşir edilen «Selenografiýa» kitabynda Aýdaky kraterlerden ikisine iki beýik Watandaşymyz – Ahmet Fergany we Mürze Ulugbegiň atlary dakyldy.[1]

**Özüňizi synaň**

♦ Watanymyzda döredilen birinji akademiýa – ... .
♦ Watanymyzda döredilen ikinji akademiýa – ... .

**Soraglar we ýumuşlar**

1. *Mürze Ulugbegiň ýaşlyk ýyllary barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Ulugbek tarapyndan ýazylan meşhur eserleriň atlaryny bellik ediň.*
3. *Ulugbek akademiýasy bilen Horezm Ma'mun akademiýasynyň işini deňeşdiriň. Meňzeş we tapawutlanýan taraplaryny anyklaň.*
4. *Ulugbegiň ylym-bilimiň howandary bolandygyny delillar bilen esaslandyryp beriň.*
5. *Ulugbegiň doglan gününiň 600 ýyllygynyň ýurdumyzda we dünýä möçberinde bellenip geçilmegi barada nämeleri bildiňiz?*

## 26-§. ÝURT ABADANÇYLYGY, EDEBIÝAT WE SUNGAT

**Şäherleriň abadanlaşdyrylmagy we binagärlik.** Emir Temur ýurduň, hususan-da, paýtagt Samarkandyň abadançylygyna aýratyn üns beripdir we ony dünýäniň gözel şäherine öwürmegi karar edipdir.

Ol uly gurluşyk işini Samarkandyň goranma diwarlaryny dikeleltmekden başladypdyr. Şähere bu diwarlara oturdylan alty sany derweze arkaly girilýän bolupdyr. Samarkanda Zerewşan derýasyndan suw getirilipdir.

Temuriler döwri binagärçiligiň ajaýyp nusgasy Emir Temuryň karargähi – Göksaraý şäheriň görküne görk goşýan derejede haşamly edip gurlupdyr. Ol öz ady bilen atlandyrylýan Jome metjidini gurdurypdyr.

---

[1] *Islam Karimow.* «Belent ruh — ýeňilmez güýç». –«Ma'naviyat» neşirýaty. – D.: 2008. 42-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Göri Emir kümmeti.**

Bu binagärlik desgasy şol döwrüň iň uly we owadan metjidi bolupdyr.

Emir Temur şol bir wagtda ýan ýoldaşy Bibihanymyň (Saraýmülkhanym) ady dakylan Jome metjidini hem gurdurýar.

Emir Temur 1403-nji ýylda ýaş aradan çykan söýgüli agtygy Muhammet Soltan üçin kümmet gurdurýar.

1405-nji ýylda Emir Temur aradan çykandan soň onuň özi-de şu ýere jaýlanýar we kümmet «Göri Emir kümmeti» diýlip atlandyrylyp başlanýar. Bu kümmet dünýä meşhur binagärlik desgasydyr.

Ol Temurileriň dinastiýa hilhanasyna öwrüldi. Soňluk bilen, bu kümmete Emir Temuryň ogullary Umar Şeýh, Miranşah we Şahruh, agtygy Mürze Ulugbek hem-de Emir Temuryň piri Saýýid Barakanyň saganalary hem goýulýar. Kümmet gümmez bezegleriniň öwüşgini islendik adam bendi edýär.

Emir Temur paýtagt Samarkandyň daşynda ondan artyk bir-birinden gözel baglary gurdurýar. Olaryň iň meşhury «Bagy Dilkuşo» diýlip atlandyrylýardy.

1404-nji ýylda Samarkanda gelen Ispan ilçisi Klawiho öz ýatlamalarynda bu bagda çüwdürimden suw atylyp duranlygyny, baga girilýän derwezäniň örän giň we onuň altyn hem-de başga gymmatbaha daşlar bilen bezelendigini, şonuň ýaly-da, üstüne tagtyrowan oturdylan alty piliň hem barlygyny ýazyp galdyrypdyr. Bir söz bilen aýdanda, Emir Temur döwründe Samarkandyň şöhraty dillerde dessan bolupdyr.

**Şuny ünsli okaň!**

Emir Temuryň ruhy mirasynyň özeni – Samarkantdyr. Samarkant dünýä binagärçiliginiň dürdänesidir.

*Islam Karimow*

**Özüňizi synaň**

♦ Göri Emir – bu, ... .



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Emir Temur Mawerannahryň başga şäherlerinde, şol sanda, Şährisebz şäherinde-de ajaýyp binagärlik ýadygärliklerini gurdurypdyr. Olardan biri atasy we ogly Jahangiriň guburynyň üstüne gurduran kümmetidi.

Türküstan şäherinde beýik akyldar Ahmet Ýassawynyň guburynyň üstüne gurlan kümmet, Daşkent welaýatyndaky Zeňňiata binagärlik toplumy-da ýokary nusgaly binagärlik desgalarydyr.

**Alyşir Nowaýy** (1441–1501). Özbek halkynyň beýik akyldar şahyry, döwlet işgäri, ylym-bilimiň we medeniýetiň howandary, özbek edebi diliniň esaslandyryjysy Alyşir Nowaýy 1441-nji ýylyň 9-njy fewralynda Hyrat şäherinde doglupdyr.



**Alyşir Nowaýy.**

Atasy Gyýasiddin Bahadyr Temurilere gulluk edipdir. Şu sebäpli ol temurizada, soňluk bilen hökümdar bolup ýetişen Hüseýn Baýkara bilen bile terbiýelenipdir.

Alyşir Nowaýy 4 ýaşynda mekdepde bilim öwrenipdir. Türki we pars dillerindäki goşgulary ýat tutupdyr. 10–12 ýaşyndan başlap bolsa özi-de goşgular ýazyp başlapdyr.

Onuň şygryýete bolan yhlasy we zehini hatda öz döwrüniň meşhur şahyry Lutfyny hem haýran galdyrýar. Alyşir Nowaýy 15 ýaşynda şahyr hökmünde ile tanalypdyr. Türki (özbek) dilindäki goşgularyny «Nowaýy» we pars dilindäki goşgularyny «Fany» lakamy bilen ýazypdyr. Türki dilde birinji bäş sany uly kitap – «Hamsa» atly şa eserini döredipdir.

Bu eser özbek edebiýatynyň şöhratyny äleme ýaýypdyr. Dünýä edebiýatynyň dürdänelerinden birine öwrülýär.

Mundan daşary, özbek dilindäki goşgularyny toplap dört bölümden ybarat «Manylar hazynasy» diwanyny düzýär.

Soňluk bilen bolsa pars dilinde ýazan goşgularyny toplap «Dewoni Fany» eserini döredýär. Bu bilen pars şygryýetiniň ösmegine hem mynasyp goşant goşupdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Şuny ünsli okaň!**

Älemde Nowaýyny bilmeýän, Nowaýyny söýmeýän, Nowaýa wepalylyk we ynam bilen garamaýan, türki we pars dilinde gepleýän ýekeje-de adam ýokdur.[1]

**Özüňizi synaň**

♦ 1441-nji ýyl – ... .

♦ «Nowaýy» – ... .

♦ «Fany» – ... .

**Kemaliddin Begzat** (1455–1536)[2]. Öz döwrüniň beýik suratkeşi Kemaliddin Begzat Alyşir Nowaýynyň döwürdeşidi. Ol Alyşir Nowaýynyň kömegi bilen beýik miniatýuraçy suratkeş bolup kemele gelipdir. Seýrek ukybyň eýesi bolan Begzat Hüseýn Baýkaranyň döwlet kitaphanasyna ýolbaşçy edilip bellenýär. Bu kitaphana öz döwrüniň çeper akademiýasyna öwrülipdi. Akademiýa soňluk bilen «Begzat akademiýasy» diýlip at berlipdir.

Begzat Şarafiddin Ali Ýazdynyň «Zafarnama», Jamynyň «Salomon we Absol», Saadynyň «Bossan», Hotifiniň «Temurnama» eserlerine, şonuň ýaly-da, Alyşir Nowaýynyň kitaplaryna gaýtalanmaz miniatýuralar döretdi. Soltan Hüseýn, Alyşir Nowaýy, Şeýbanyhan we başga döwlet işgärleri hem-de beýik şahsyýetleriň suratlaryny hem çekip galdyrypdyr. Kemaliddin Begzadyň eserleri gözellik şeýdalaryny entegem haýran galdyrýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda onuň adyny ebedileşdirmek boýunça uly işler amala aşyryldy. Mysal üçin, Daşkentdäki Milli suratkeşlik we dizaýn institutyna Kemaliddin Begzadyň ady dakyldy.

2000-nji ýylda ýurdumyzda YUNESKO-nyň howandarlygynda Begzadyň doglan gününiň 545-nji ýyllygy bellenip geçildi[3].

**Özüňizi synaň**

♦ Begzat şekillendiriş sungatynyň esasan ... meşgullanypdyr.

---

[1] *Islam Karimow.* «Belent ruh – ýeňilmez güýç». – D.: 2008. 47-nji sah.

[2] *K. Rajabow* we başg. Özbegistanyň taryhynyň iň esasy seneleri. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. 2012. 102-nji sah.

[3] *K. Rajabow* we başg. Özbegistanyň taryhynyň iň esasy seneleri. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. 2012. 383-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Miniatýura** – örän nepis işlenen kiçi göwrümli şekillendiriş sungaty eseri.

**Sagana** – guburyň üstüne oturdylan ýadygärligiň görnüşi.

**Hilhana** – bir dinastiýa degişli merhumlar jaýlanýan ýer.

**Hyrat** — häzirki Owganystan döwletiniň çägindäki şäher.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Emir Temur ýurduň paýtagty Samarkandy abadanlaşdyrmak boýunça nähili gurluşyk işlerini amala aşyrypdyr?*
2. *Emir Temur nähili binagärlik ýadygärliklerini gurdurypdy?*
3. *Alyşir Nowaýy özbek edebiýatynda nähili orun tutýar?*
4. *Alyşir Nowaýynyň şahsyýeti we döreden eserleri barada aýdyp beriň.*
5. *Kemaliddin Begzadyň döredijiligi barada nämeleri bildiňiz?*

## 27-§. ÝEWROPADA YLYM-BILIM AÇYŞLARY


**Nikolaý Kopernik.**

**Nikolaý Kopernik.** XVI asyrdan başlap Ýewropada hem ylym-bilim ösüp başlady. Aýratynam, tebigat ylymlary pudagynda beýik açyşlar amala aşyryldy. Bu açyşlar polşaly Nikolaý Kopernik we italýan alymlary Jordano Bruno we Galileo Galileýleriň atlary bilen baglydyr. Polşaly astronom alym Nikolaý Kopernik özüne çenli astronomiýa ylmynda höküm sürüp gelen düzgünleriň we düşünjeleriň nädogrudygyny subut etdi. Kopernige çenli astronomiýada nähili düzgün höküm sürüpdir? Milady ikinji asyrda grek alymy Ptolemeý Ýer älemiň merkezidir, diýen düzgüni ylma girizipdir. Bu düzgüne görä Gün, Aý we ýyldyzlar Ýeriň daşynda aýlanýar. Ýeriň özi hereketsizdir. Ptolemeýiň düzgünininiň ýalňyşdygyny birinji bolup Nikolaý Kopernik subut edýär. Ol 30 ýyllyk gözegçilik netijesinde Ptolemeýiň düzgünini ret edýär. Kopernik Ýer bir sutkada öz okunyň daşynda bir gezek, bir ýylda bolsa Günüň daşynda bir gezek aýlanyp çykýandygyny subut etdi. Diýmek, Gün Ýeriň daşynda däl, eýsem Ýer Günüň daşynda aýlanýar. Älemiň merkezi Ýer däl-de, Gündür. Bu hakykat ylymdaky beýik açyşdy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Nikolaý Kopernik älemiň merkeziniň Gündigini subut etdi.




**Gün – älemiň merkezi.**

Bu açyş şol bir wagtda dini dogmatlara hem zarba berdi. Kopernik «Asman jisimleriniň aýlanyşy barada» kitabynda öz açyşynyň mazmunyny beýan etdi. Bu kitap derrew meşhur bolýar. Ýöne, kitap ruhanylaryň gazabyna duçar bolýar we gadagan edilýär.



**Jordano Bruno.**

**Jordano Bruno.** Italýan alymy Jordano Bruno entek ýaşka astronomiýa ylmyna uly gyzyklanma bilen garaýardy. Şu ugruň alymlarynyň eserlerini yhlas bilen öwrenýär. Nikolaý Kopernigiň düzgünini gorap çykyş edýär. Onuň pikiriçe, älem çäksizdir. Älem san-sajaksyz ýyldyzlardan ybarat. Olaryň her biri Ýerden ep-esli uzakda ýerleşýän Gündür. Jordano Bruno şeýle pikirleri üçin ruhanylar tarapyndan zyndana taşlanýar. Ýöne, zyndan azaby-da ony öz pikirinden gaýtaryp bilmeýär. Brunonyň duşmany bolan ruhanylar ony 1600-nji ýylda oda ýakyp öldürýärler.



**Galileo Galileý.**

**Galileo Galileý.** Italiýanyň ýene bir alymy Galileý dünýäde birinji bolup Nikolaý Kopernigiň we Jordano Brunonyň aýdan pikirleriniň dogrudygyny asman jisimlerini özi döreden teleskopyň kömeginde syn etmek arkaly subut etdi. Bu işi üçin 1633-nji ýylda ruhanylar ony gaty yzarlaýarlar. Ölüm bilen gorkuzyp, agyr jebir-sütemlere duçar edýärler. Netijede, Galileo Galileý öz pikirinden gaýtmaga mejbur bolýar.

Ýöne, ol ýürekden Kopernigiň taglymatynyň tarapdary bolmagynda galypdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özüňizi synaň

♦ Nikolaý Kopernikden ... ... eseri miras bolup galypdyr.



Teleskop.

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Teleskop** – asman jisimlerine syn etmek, surata almak we öwrenmek üçin niýetlenen abzal.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Ýewropanyň alymlary astronomiýa ylmynyň ösmegine nähili goşant goşupdyrlar?*
2. *Näme üçin ruhanylar astronom alymlary yzarlapdyrlar?*

## 28-§. TÜRKÜSTANYŇ MAGARYFPERWERLERI

**Magaryf we magaryfperwerlik barada.** Magaryf – tälim we terbiýe arkaly adamlaryň bilimini we aňyny ösdürmek ugrunda edilýän hereketdir. Öz zähmetini bu işe bagyşlan adamlar bolsa magaryfperwerler diýlip atlandyrylýar. Ýurdumyzda magaryfperwerlik hereketi XIX asyryň ahyry – XX asyryň başlarynda emele geldi we ol jeditçilik hereketi ady bilen şöhrat gazandy. Jeditçilik hereketiniň görnükli wekillerine bolsa jeditler diýipdirler. Jeditleri Russiýanyň koloniýasyna öwrülen ýurdumyz Türküstanyň ösüşde öňdebaryjy ýurtlardan yza galyp gidenligi aladalandyrypdyr. Olar ýurdumyzy azat we abat bolmagyny isläpdirler.

**Ýatda saklaň!**

**Jedit** (arapça – täze) – täzelik tarapdary, täzelik üçin göreşiji.[1]

Jeditler Türküstanyň öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna göterilmegini, ilki bilen, häzirki zaman bilimleri eýelän adamlaryň näçe köp bolmagyna baglydygyna gowy düşünipdirler. Bar mekdephanalar we medreseler bilen bolsa bu wezipäni çözüp bolmaýardy. Şonuň üçin hem olar öz öňüne, ilkinji nobatda, ýurdumyzyň mekdeplerinde

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 64-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hököm sürýän köne düzgünleri we köne okatmak usullaryny täzelemegi maksat edinýärler. Köne mekdeplerde esasan dini bilimler okadylypdyr. Tebigy ylymlary bolsa (fizika, astronomiýa, himiýa, biologiýa, häzirki zaman lukmançylyk ýaly ylymlar) okadylmaýar diýen ýalydy. Ýaş nesil şeýle ylymlary öwrenmese ýurduň ösüşini gazanyp bolmaýardy. Jeditçilik hereketine ýurdumyzyň progressiw meýilli intelligentleri ýolbaşçylyk edipdirler. Olar işi ilki täze usul (usuly jedit) mekdeplerini açmakdan başlapdyrlar. Täze usul mekdeplerinde dini tälim bilen bir hatarda tebigy ylymlardan hem sapak berilýär. Jeditler zehinli çagalary daşary ýurtlara okuwa ibermegi-de guraýarlar. Yzagalaklyk bilen ylalaşan halkyň aňyny özgertmek üçin dürli gazetler we žurnallar neşir etdirýärler. Teatrlar açylyp, olarda adamlary oýa batyrýan eserler sahnalaşdyrylýardy.

Mahmudhoja Behbudi, Abdulla Awlany, Münewwer kary Abduraşidhanow we başgalar Türküstanyň jeditçilik hereketiniň görnükli wekilleridiler.



**Mahmudhoja Behbudi.**

**Mahmudhoja Behbudi.** Türküstanyň jeditçilik hereketini esaslandyryjysy Behbudi 1875-nji ýylda Samarkantda dogulýar. Öz döwrüniň dini we dünýewi ylymlaryny pugta eýeleýär. Ol ilki Samarkant şäheriniň golaýyndaky bir obada dünýä ylym-biliminiň üstünliklerinden sapak bermäge niýetlenen täze usul mekdebini açýar. Bu mekdep üçin ençeme derslikler döredýär. Mysal üçin, «Sowat çykarýan kitap», «Gysgaça umumy geografiýa», «Ilat geografiýasyna giriş» derslikler şolara degişlidi. Behbudi ýaş nesliň terbiýesinde teatryň roluna-da dogry baha bermegi başarýar. Şonuň üçin sahna eserini hem ýazýar. Onuň «Pederkuş» atly sahna eseri uly şöhrat gazanýar. Bu eser okamadyk, nadan we sowatsyz ogulyň nädip öz atasyny öldürenligi barada hekaýa edýär. Behbudi «Samarkant» atly gazet we «Aýna» atly žurnal hem neşir etdirýär. Olaryň sahypalarynda ýaş nesli watanperwer bolmaga, dünýä ylym-biliminiň üstünliklerini pugta eýelemäge çagyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Üns berip okaň!**

«Zaman bilimi we ylmyndan bihabar halk başgalara aýagasty bolur».
*Behbudi*

Behbudi, şol bir wagtda, ýaş nesli Watanyň ösüşi ugrunda birnäçe daşary ýurt dillerini öwrenmäge-de ündeýär.



Abdulla Awlany.

**Abdulla Awlany.** Öz döwrüniň görnükli magaryfperweri, şahyry, žurnalist, döwlet işgäri bolan Awlany 1878-nji ýylda Daşkent şäherinde dogulýar. Mekdephanada we medresede bilim alýar. Ol arap, pars we rus dillerini gowy öwrenýär. Täze usul mekdepleriniň ähmiýetini gowy düşünenligi üçin Daşkentde şeýle mekdep açýar. Özi ene tili we edebiýatdan ders berýär. Okuwçylar üçin «Birinji mugallym», «Ikinji mugallym», «Türki gülüstan ýa-da ahlak» ýaly derslikleri döredýär. «Turan» diýlip atlandyrylýan teatr toparyny düzýär. Ençeme sahna eserlerini, şol sanda, Behbudiniň «Pederkuş» eserini hem sahnalaşdyrýar.



Münewwer kary Abduraşidhanow.

**Münewwer kary Abduraşidhanow**. Münewwer kary Abduraşidhanow 1878-nji ýylda Daşkentde intelligentler maşgalasynda dogulýar. 1901-nji ýylda Daşkentde täze usul mekdebini açýar. Täze usul mekdepleri üçin «Sesli okamak usuly», «Okuw kitaby», «Ýer ýüzi» (Geografiýa) ýaly derslikleri ýazýar. Münewwer kary bara-bara Türküstan jeditler hereketiniň ýolbaşçysyna öwrülýär. Ol yzagalaklygy ýazgaryp ýaşlary Ýewropa ylym-bilimini öwrenmäge çagyrýar. Türküstanyň koloniýadygyna gaty gynanýar. Bu bolsa kolonizator güýçlere ýakmaýar. Şonuň üçin hem olar dürli ýollar bilen oňa töhmet atýar we 1931-nji ýylda atyp taşlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Azatlyk üçin göreşenleriň ady we hatyrasy müdimidir.** Watan azatlygy ugrunda heläk bolanlaryň ady hiç haçan unudylmaýar. Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň olaryň mübärek atlary, mertebeleri doly dikeldildi. Bu işe Ýurtbaşymyz Islam Karimowyň hut özi ýolbaşçylyk etdi. Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2000-nji ýylda Daşkentde «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy guruldy. 2002-nji ýylda bolsa şu toplumyň düzüm bölegi hökmünde, «Gadagan gurbanlary hatyrasy» muzeýi döredildi. Şeýdip Watan azatlygy ugrunda heläk bolanlaryň hatyrasy ebedileşdirildi.

**Özüňizi synaň**

- Jeditçilik – bu ... .
- Jeditler ... ... üçin göreşenler.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Intelligent** – medeni aň-bilim ýaýradyjy.[1]

**Koloniýa** – güýçli döwlet tarapyndan basyp alnan ýurt.

**Gadagan** – erkin pikirlenýän adamlary yzarlamak, beden taýdan ýok etmek.[2]

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Magaryfperwerlik hereketini emele getiren sebäpleri bellik ediň.*
**2.** *Jeditler näme üçin öz işini täze usul (usuly jedit) mekdepleri açmakdan başlapdyrlar?*
**3.** *Behbudiniň durmuşy we işi barada nämeleri bildiňiz?*
**4.** *Awlany nähili derslikler döredipdi?*
**5.** *Münewwer kary Abduraşidhanowyň durmuşy we işi barada aýdyň.*

### ÖZBAŞDAK IŞ

**Türküstan magaryfperwerleriniň (jeditler)**
*jedwelini dolduryň*

| T/n | Türküstanyň magaryf-perwerleri | Haçan we nirede doglan | Maksat-lary | Haçan we nirede täze usul mekdep-leri açylan | Döreden derslik-leri | Ýazan sahna eserleri |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Behbudi | | | | | |
| 2. | Awlany | | | | | |
| 3. | Münewwer kary | | | | | |

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 147-nji sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 5-nji jilt. 259-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# VII bap. AZATLYK ÜÇIN GÖREŞEN GAHRYMANLAR

## 29-§. TOMARISIŇ WE ŞIRAGYŇ EDERMENLIGI

**Ahemenileriň Orta Aziýa girip gelmegi.** Miladydan öňki VI asyryň ortalarynda Eýranyň çäginde ahemeniler dinastiýasy esaslandyran Pars patyşalygy hökümdarlary öz öňüne ýurdumyz Turany boýun egdirmek maksadyny goýýarlar.

Dinastiýa wekili şa Kir II bu maksady amala aşyrmak üçin ilki eždatlarymyz massagetler ýurduny basyp almagy karar edýär.

Kir II-niň hüjüminiň öňýanynda massagetler ýurdunda melike Tomaris hökümdarlyk edýärdi. Akylly we edermen aýal hökümdar Tomaris barada köp hekaýalar we rowaýatlar saklanyp galypdyr. Şolardan biri Gerodotyň «Taryh» kitabynda getirilýär.



**Kir II ýurdumyza çozup gelýär.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Tomaris.

Ýowuz Kir II massagetler ýurduny boýun egdirmek üçin 530-njy ýylda Amyderýadan geçýär.

Aýgytlaýjy söweşden öň Kir II hile ýoly bilen Tomarisiň ogly Sparganisi ýesir alýar.

Kir II ýesir Sparganise garap:

– Eneňe aýt: maňa durmuşa çyksyn. Şonda sizi azat ederin.

Sparganis ondan elini boşatmagy haýyş edýär. Elleri gandaldan boşan ýigit namusynyň güýçlüliginden ýanynda duran sakçynyň hanjaryny çekip alyp özüne urýar. Haýran bolan parslar Sparganisi hormat bilen jaýlaýarlar. Oglunyň ölüminden lerzana gelen Tomaris Kir II-ä aşakdaky haty ýollaýar: «Eý, ganhor Kir! Öwünme, oglumy açyk söweşde däl, hile ýoly bilen ýeňdiň. Indi ýurduňa gaýt! Ýogsam tangrym ady bilen kasam içýärin, seni öz ganyňa doýraryn».

Kir II onuň gepine gulak asmaýar. Tomaris bar goşunyny ýygyp, Kir II üstüne ýöriş edýär. Iki tarapyň arasynda gazaply söweş bolup geçýär. Söweşde Kir II öldürilýär. Massagetlerden bir ýigit Kir II-niň kesilen kellesini Tomarisiň aýagynyň astyna taşlaýar.

Melike Kir II-niň kellesini gandan doldurylan meşige salmagy buýurýar we belent ses bilen: «Oglumy öldürdiň, ýurdumyň ganyny içmekçi bolduň. Dirikäň adam ganyna doýmandyň. Ynha, indi doýynçaň iç, ganhor!», diýip gygyrýar.



Tomaris söweşe girýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Massagetler bilen Kir II arasyndaky bu uruş dillerde dessan boldy. «Meniň bilşim ýaly, uruşlaryň içinde beýle urşy entek hiç kim görmändir», diýip ýazypdy Gerodot hekaýasynyň soňunda.

**Özüňizi synaň**

♦ Kir II – ... .     ♦ Tomaris – ... .

**Şyragyň edermenligi.** Kir II heläkçilige duçar bolsa-da, ahemeniler Turany basyp almak niýetinden gaýtmandyrlar. Şu dinastiýa wekili Doro I miladydan öňki 519-njy ýylda saklar ýaşaýan çäkleri basyp almak üçin goşun çekýär.



Doro I.

Saklar duşmana berk garşylyk görkezýärler. Muny saklar taýpasyna degişli Turanyň mert ýigidi Şyragyň edermenligi mysalynda görmek mümkin.

Ol şa Doro I ýanyna baryp, watandaşlaryndan närazydygyny, olardan öç almak üçin parslara kömek bermegi, olary sak esgerleri ýerleşýän ýere ýakyn ýoldan eltjekdigini aýdypdyr.

Doro I gulak-burny kesilen Şyragyň geplerine ynanýar. Watanperwer Şyrak bilgeşleýin özüniň gulak-burnuny kesip taşlapdy.

Şyrak olary çölüň içersine eltýär. Olar näçe ýöreseler-de, menzilden derek bolmandyr. Şol arada pars goşunynyň azyk gorlary gutarýar. Dergazap bolan parslar aldanandygyna düşünýärler. Şonda Şyrak olara:

— Men bir özim Doro I goşunyny heläkçilige duçar etdim. Watandaşlarymy bolsa ölümden we talaňçylykdan saklap galdym. Duşmanyň goşunynyň heläk boljagy anykdyr, — diýip wahahaýlap gülýär.



Şyrak duşmany aldady.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Turanyň mert ýigidi Şyrak duşmanyň elinde heläk bolýar. Ýöne halkyny, Watanyny basybalyjylardan saklap galýar. Doronyň goşuny sährada galyp, heläkçilige duçar bolýar. Ýöne ahemeniler bu şowsuzlykdan soň hem Turany boýun egdirmek niýetinden gaýtmandyrlar.

Duşman harby güýç taýdan barybir güýçlüdi. Ahyrynda Pars patyşalygy ýurdumyzy boýun egdirýär we her ýyl uly mukdarda olpan tölemäge mejbur edýär.

**Özüňizi synaň**

♦ Doro I – ... .

♦ Şyrak – ... .

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Ahemeniler** — gadymy Eýranda miladydan öňki 558—330-njy ýyllarda hökümdarlyk eden dinastiýa.[1]

**Olpan** — salgyt.

### Soraglar we ýumuşlar

***1.*** *Ahemeniler kimlerdi we olar haçan Turana çozup giripdirler?*

***2.*** *Tomarisiň edermenligi barada nämeleri bildiňiz?*

***3.*** *Şyragyň edermenligi barada aýdyp beriň.*

## 30-§. SPITAMENIŇ GAHRYMANÇYLYGY

**Makedoniýaly Aleksandryň Orta Aziýa ýörişi.** Miladydan öňki IV asyryň ortalarynda Ýewropada Makedoniýa döwleti döredi. Onuň patyşasy Filip II basybalyjylykly uruşlary alyp barmak üçin uly goşun toplaýar.

Ýöne ol tötänden aradan çykansoň tagty 20 ýaşly ogly Aleksandr eýeleýär. (mil. öň. 356–323-nji ýyllar). Ol örän köp ýurtlary basyp alýar. Başga basybalyjylar ýaly Aleksandry hem Watanymyzyň tükeniksiz baýlyklary özüne çekýärdi. Şonuň üçin hem ol Watanymyzy basyp almaga ymtylyp başlaýar.

---

[1] *K. Rajabow* we başg. Özbegistanyň taryhynyň iň esasy seneleri. – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. 2012. 26-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Miladydan öňki 329-njy ýylda ilki Baktriýany basyp alýar. Soň Sogdiana garşy ýörişe başlaýar we Marokanda (häzirki Samarkant) şäherini eýeleýär we ony özüniň karargähine öwürýär. Soňra, Syrderýa tarap ýörişini dowam etdirýär.



Makedoniýaly Aleksandr.

**Özüňizi synaň**

- Makedoniýaly Aleksandr – ... .
- Miladydan öňki 329-njy ýylda – ... .

**Spitameniň gahrymançylygy.** Basybalyjylar ýurdumyzy hiç haçan aňsatlyk bilen basyp almandyrlar. Turanyň mert ýigitleri bu gezek hem Watan azatlygy ugrunda mertlerçe göreşdiler. Bu azatlyk hereketi üç ýyl dowam edýär. Oňa sogdianaly ökde serkerdebaşy Spitamen ýolbaşçylyk edýär.

Sogdianalylar aşakdaky aýdymy güýjüniň ýetdiginden aýdýardylar:

*Gülläp ös sen, gözel Sogdiana,*
*Şu Watanyň oglanlary biz.*
*Sen üçin bolarys perwana*
*Saňa gurban bolsun janymyz.*

Spitameniň baştutanlygyndaky gozgalaňçylar ilki Marokanda şäherinde galdyrylan Aleksandryň goşunyny derbi-dagyn edip şäheri eýeleýärler. Muny eşiden Aleksandr Spitameniň gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin uly goşun iberýär. Ýöne Spitamen olary hem derbi-dagyn edýär.

Indi Aleksandryň özi uly goşun bilen gelip, Marokandany gaty gysaja alýar. Agyr söweşleriň birinde Aleksandr hatda



Spitamen.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýaradar hem bolýar. Şeýle bolsa-da, gowy harby tälim alan Aleksandr goşunynyň güýji agdyklyk edýär.

Netijede Spitamen yza çekinmäge mejbur bolýar. Basybalyjylykly urşuň dowamynda Aleksandr ýurdumyzy boýun egdirmegiň aňsat däldigine düşünýär we başga usuly ulanýar.

Ol ilki Spitamene, eger gozgalaňy bes etse, oňa Sogdiananyň häkimi edip bellejekdigi baradaky habary iberýär. Ýöne Spitamen Watanyny satmakdan görä ölenini makul bilip ret jogabyny berýär.

Indi, Aleksandr mekir-hile ýoluna geçýär: «Spitamen ýok edilmelidir! – diýip, oýlaýardy Aleksandr. – Mümkingadar çaltrak! Tutuş Aziýany aýaga galdyrmanka ýok edilmelidir. Emma nädip? Bu «guduzlan Gaplaňy» müňlerçe söweşijiler yzma-yz kowalan bolsa-da, hiç hili güýç ony ýeňip ýetip bilenok ahyryn. Güýç ýetmedimi, diýmek, mekirlik ýeter! Aý, ýoga «guduzlan Gaplaňyň» goşunynyň arasynda haýsy-da bolsa bir «şagal» tapylmazmyka?!»

Ýurtdaşlary Spitameni Gaplaň diýip atlandyrýardy. Oňa şeýle at berilmegine onuň diňe bir gaplaňyň derisini üstüne ýapyp ýöreýändigi üçin däl, eýsem gaplaň ýaly batyrgaýlygy we çalasynlygy-da sebäp bolupdyr.

Şeýdip Aleksandr Watan haýynlaryndan peýdalanmagy karar edýär we muňy gazanýar. Aleksandr Spitameni haýynlaryň kömeginde mekir-hile ýoly bilen ýeňýär. Bu waka miladydan öňki 328-nji ýylda bolup geçipdi. Sogdianalylar Spitameni uly yzzat-hormat bilen jaýlaýarlar.

Spitamen heläk bolsa-da, basybalyjylara garşy halk göreşi ýene bir ýyl dowam edýär. Azatlyk gozgalaňy ýeňlen bolsa-da, ol Watan gerçekleriniň mertligini, edermenligini görkezdi.

Aleksandr ýurdumyzy özüne tabyn etmegi başarýar. Ýöne bu oňa örän gymmada düşýär. Ol täze uruşlara taýýarlanýan mahaly gyzzyrma keseline duçar bolup, 33 ýaşynda aradan çykýar. Aleksandr aradan çykandan soň onuň esaslandyran döwleti-de dargap gidýär.

---

[1] ÖzME. – TD.: «ЎзМЭ». 2004. 8-nji jilt. 43-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özüňizi synaň**

♦ Spitamen – ... ... bolupdy.
♦ Spitamen – ... ýoly bilen ýok edildi.

**Soraglar we ýumuşlar**

1. *Makedoniya döwleti haçan we kim tarapyndan döredildi?*
2. *Makedoniýaly Aleksandr Watanymyzy nähili maksatda basyp almakçy bolupdyr?*
3. *Spitameniň baştutanlygynda Watanymyzyň azatlygy üçin alnyp barylan gozgalaň barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Aleksandr Spitameni nähili ýol bilen ýeňipdi?*

## 31-§. ARAPLARA GARŞY HALK AZATLYK GÖREŞI

**Mukanna gozgalaňynyň sebäpleri.** Watanymyzyň amatly tebigy klimat şerti, tükeniksiz baýlyklary araplaryň hem ünsüni özüne çekýär. Şonuň üçin hem olar VIII asyrda Watanymyzy basyp almaga girişýärler.

Bu basybalyjylykly ýörişine tejribeli arap serkerdesi Kutaýba ibn Muslim ýolbaşçylyk edýär. Basybalyjylykly ýörişiň başlanmagynyň öňýanynda Watanymyzda bitewi güýçli döwlet ýokdy.

Bu bolsa arap basybalyjylary üçin amatly pursat boldy. Şeýle bolsa-da, eždatlarymyz basybalyjylara berk gaýtawul berdiler. Ýöne güýçli goşuna eýe bolan araplar 715-nji ýylda ýurdumyzda öz hökümdarlygyny ornaşdyrýarlar.

**Ýatda saklaň!**

Araplar ýurdumyzy Mawerannahr (derýanyň aňry tarapy) diýip atlandyryp başlaýarlar.

Araplar Mawerannahryň ilatyna jebir-zulum edip başlaýarlar. Mysal üçin, olar ýerli ilatdan alynýan salgytlaryň mukdaryny artdyrýarlar.

Bu hem ýetişmedik ýaly, iň gowy ýerler göçürlip getirilen araplara alnyp berilýärdi. Ýurdumyzyň baýlyklary talanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Kuteýbanyň harby ýörişi.

Şol bir wagtda, özlerini ösüşde olardan öňde bolan ýerli ilatdan ileri tutýarlar.

Olary äsgermeýärler. Bu adalatsyzlyklar we geçirilen jebir-zulumlar ýerli ilatda ýiti närazylyk oýarýar. Bular ahyrky netijede 769-njy ýylda Mukannanyň baştutanlygynda gozgalaň başlanmagyn getirýär.

**Gozgalaňyň netijesi.** Mukannanyň hakyky ady Haşym ibn Hekimdi. Ol hemişe ýüzüni nykap bilen ýapyp gezýärdi. Gozgalaňçylar araplardan tapawutlanyp durmak üçin ak geýim geýipdirler. Şonuň üçin bu gozgalaň taryha «Ak geýimliler gozgalaňy» ady bilen giripdir.

783-nji ýyla çenli dowam eden bu gozgalaň arap basybalyjylaryny howsala salýar. Olar gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin ähli çäreleri görýärdiler.

Şoňa seretmezden gozgalaňçylar berk garşylyk görkezýärler. Ýöne güýçler deň däldi.

Bu bolsa araplara gozgalaňçylary yzly-yzyna basyp ýatyrmaga mümkinçilik berýär. Ahyrynda, araplar Kaşgaderýa oazisine çozup girýärler.

Bu ýerde gozgalaňçylaryň esasy daýanjy bolan Som galasyny gabaýarlar we ony eýeleýärler.

Şeýdip Mukanna gozgalaňy şowsuzlyga duçar bolýar. Çäresiz galan Mukanna özüni ýanyp duran tamdyrdaky oda atyp heläk bolýar.

Arap basybalyjylary gowy harby tälim alan hemişelik goşuna eýe bolanlygy üçin ýeňiş gazanýarlar.

Goşun döwlet tarapyndan ähli zerur zatlar bilen öz wagtynda üpjün edilýärdi. Mukannanyň goşuny döwlet goşuny däldi. Şonuň üçin hem, goşun ýörite harby tälim geçmändi.

Mukannanyň gozgalaňy ýeňlen bolsa-da, ol arap basybalyjylygynyň köküne zarba urýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Mukannanyň gozgalaňy.**

Şol bir wagtda bu gozgalaň halkyň güýç-kuwwatynyň onuň berk birligindedigini hem görkezdi.



**Mukanna.**



### Özüňizi synaň

♦ Araplara garşy ... ýylda ... .
♦ «Ak geýimliler» – ... .

### Soraglar we ýumuşlar



**1.** *Watanymyz haýsy taraplary bilen araplaryň ünsüni özüne çekipdi?*
**2.** *Mukanna gozgalaňynyň sebäpleri barada nämeleri bildiňiz?*
**3.** *Mukanna gozgalaňy näme üçin şowsuzlyga duçar bolýar?*
**4.** *Mukanna gozgalaňynyň ähmiýeti nämelerden ybarat bolupdyr?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 32-§. JELALIDDIN MENGUBERDI HALKYMYZYŇ MILLI GAHRYMANY

**Mongollara garşy gaýduwsyz göreş.** 1206-njy ýylda Mongoliýada «Ýeke mongol ulusy» diýlip atlandyrylýan döwlet emele geldi.[1] Bu döwleti öz döwrüniň meşhur serkerdesi Temuçin döredipdi. Döwlet hökümdary Temuçin Çingiz han derejesi bilen atlandyrylyp başlanýar.



**Çingiz han.**

Çingiz han öz döwri üçin güýçli goşun düzmegi başarýar. Indi, ol dünýä hökümdary bolmaga dyrjaşýardy. Gysga wagtyň içinde gaty uly çäkleri basyp alyp öz döwletini ullakan döwlete öwürýär. Ahyrynda, onuň döwleti araçäkleri ýene bir ullakan döwlet — Horezmşalar döwletiniň araçäklerine çenli ýetip gelýär.

Bu döwürde Horezmşalar döwletiniň hökümdary Alouddin Muhammet edi. Çingiz hanyň maksady – Horezmşalar döwletini ýykmak we Aziýada ýeke-täk hökümdar bolmakdy.



**Horezmşa soltan Alouddin Muhammet.**

1219-njy ýylda Çingiz han Horezmşalar döwletine garşy harby hereketleri başlap goýberýär. Horezmşa soltan Alouddin Muhammet ýurduň goranmasyny guramakda ýalňyşlyga ýol berýär. Horezmşalaryň her bir galasy duşmana garşy gaýduwsyz göreşýär.

Emma güýçli Çingiz han Mawerannahryň şäherlerini yzly-yzyna weýran edip tozdurýar. Tiz arada ýurduň paýtagty Ürgenç şäherine hüjüm başlaýar. Ürgençliler öz döwrüniň beýik alymy Nejmiddin

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 150-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kubranyň baştutanlygynda duşmana berk gaýtawul berýärler.

Nejmiddin Kubra goranyjylara garap: «Ýa Watan, ýa hormatly ölüm», – diýp ýüzlenýär. Şäherde köçe söweşleri ýedi aýlap dowam edýär.

Ahyry, elinde ýarag saklamaga güýji galmadyk, haldan taýan şäheriň goraýjylary bialaç boýun egýärler. Ürgenç goranmasynda Nejmiddin Kubra hem gahrymançylykly heläk bolýar.



**Alouddin Muhammet ogly Jelaliddin Menguberdä almaz gylyjyny gowşurýar.**

Ürgenji eýelän mongollar şäheri haraba öwürýärler. Netijede, uzak ýyllaryň dowamynda gurlan bu owadan şäherde ýaşaýyşdan alamat galmaýar.

**Jelaliddin Menguberdi (1198–1231) edermen we ökde serkerde.** Agyr kesele duçar bolan soltan Alouddin Muhammet ölüminden öň uly ogly Jelaliddin Menguberdini tagtyň mirasdüşeri edip belleýär.



**Jelaliddin Menguberdi.**

Ýöne şuňa çenli ähli mümkinçilikler elden giderilip bolupdy. Ýurt üçin şeýle agyr şertde Jelaliddin Menguberdi basybalyjylara garşy göreşe başlaýar.

1221-nji ýylda Weliýan galasyny gabap duran mongollara hüjüm edip, olary derbi-dagyn edýär. Bu mongollaryň üstünden gazanylan birinji iri ýeňişdi.

Mundan habar tapan Çingiz han Jelaliddine garşy 45 müň adamly goşun iberýär.

Jelaliddin ony Gaznanyň ýanyndaky Perwanda garşy alýar we söweşde ýeňiş gazanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Taryha «Perwan söweşi» ady bilen giren bu söweşde Jelaliddin mongollara garşy ähli goşuny atlaryndan düşürip duşmany kemandan oka tutmak we soň ähliumumy hüjüme geçmek usulyny ulanýar.

Indi Çingiz hanyň özi uly goşuna baş bolup Jelaliddine garşy urşa atlanýar.

**Aýgytlaýjy söweş.** Iki tarapyň arasynda aýgytlaýjy söweş Sind derýasynyň ýanynda 1221-nji ýylyň 24–26-njy noýabr günleri bolup geçýär we bu söweş taryha «Sind söweşi» ady bilen girýär[1].

**Özüňizi synaň**

♦ Jelaliddin Perwan söweşinde ... ulanýar.

♦ Sind söweşi ... ýylda bolup geçdi.

Jelaliddiniň goşuny az sanly bolmagyna seretmezden, güýçli duşman bilen aldym-berdimli söweş edýär. Söweşiň tagdyryny Çingiz hanyň bukuda goýlan seçilip alnan goşuny çözýär. Şowsuzlyga duçar bolan Jelaliddin az sanly söweşijisi bilen derýanyň aňyrsyna ýüzüp geçip, çölüň içersine girip gidýär. Çingiz han duşmany bolsa-da, Jelaliddiniň edermenligine haýran galyp: «Ata şeýle batyr ogul gerek. Ol iki girdap – ot bilen suwuň girdabyndan azatlyk meýdanyna çykmagy başardy», diýipdir. Soltan Jelaliddin Menguberdi ýeňlen bolsa-da 1231-nji ýyla çenli mongollara garşy dyngysyz göreşýär. Ol ýeňiş gazandy, şowsuzlyk derdini çekdi, emma ýeňilmedi. Jelaliddin Menguberdi 1231-nji ýylyň awgust aýynda häzirki Türkiýäniň çäginde heläk bolýar.

**Halkymyzyň milli gahrymany baky ýaşar.** Döwletimiz tarapyndan garaşsyzlyk ýyllarynda Soltan Jelaliddin Menguberdiniň mongol basybalyjylaryna garşy görkezen misli g.rlüp eşidilmedik edermenligi, Watanyna we halkyna wepalylygy, çäksiz söýgüsi ýokary gadyrlandy.

**Üns berip okaň!**

«Jelaliddin Menguberdi – ene Watan goraýjysy, edermen serkerde..., halkymyzyň taryhynda ...öçmejek yz galdyran milli gahryman».

*Islam Karimow*

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 83-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen 1999-njy ýylda Jelaliddin Menguberdi doglan gününiň 800 ýyllygy giňden bellenip geçildi. Jelaliddin Menguberdä Horezmde heýkel oturdyly. Köçelere we meýdanlara onuň ady dakyldy.

2000-nji ýylda bolsa döwletimiziň ýokary harby sylaglaryndan biri – «Jelaliddin Menguberdi» ordeni döredildi.



**«Jelaliddin Menguberdi» ordeni.**

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Weliýan** – häzirki Owganystanyň çägindäki gadymy şäher.
**Perwan** – Owganystandaky şäherçe.
**Sind** – häzirki Päkistanyň demirgazygyndan akyp geçýän uly derýa.

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Çingiz hanyň düzen mongol döwleti barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Näme üçin Alouddin Muhammet Horezmşa ýurduň goranmasyny gurap bilmändir?*
3. *Jelaliddin haýsy şäherlerde mongollaryň üstünden ýeňiş gazanypdyr?*
4. *Sind derýasynyň boýundaky söweş barada aýdyp beriň.*
5. *Watanymyzyň garaşsyzlygy ýyllarynda Jelaliddin Menguberdiniň hatyrasyny ebedileşdirmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

**Watan azatlygy üçin göreşen gahrymanla**

*Jedweli dolduryň*

| T/n | Gahrymanlar | Haçan we kimlere garşy göreşipdir? | Gahrymanlaryň tagdyry |
|---|---|---|---|
| 1. | Tomaris | | |
| 2. | Şirak | | |
| 3. | Spitamen | | |
| 4. | Mukanna | | |
| 5. | Jelaliddin Menguberdi | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 33-§. SAHYPGYRAN EMIR TEMUR

**Emir Temuryň durmuşy we işi.** Emir Temur 1336-njy ýylyň 9-njy aprelinde häzirki Ýakkabag tümenindäki Hoja Ilgar obasynda dogulýar.

Onuň atasy Emir Taragaý Bahadyr özbekleriň barlas urugyndan we Keş (Kaşgaderýa) welaýatynyň abraýly emirlerinden biri bolupdyr.



Emir Temur.

Enesi Takina Mohbegim Buharanyň ýetişen ylymly maşgalalaryndan biriniň gyzy bolupdyr. Emir Temuryň ýaşlygy Keşde (Şährisebzde) geçýär. Ýedi ýaşyna ýetende, atasy ony okuwa berýär. Emir Temur ýaşlygyndan başlap halypalaryň gözegçiligi astynda çapyksuwarlyk, awçylyk, kemandan nyşana ok atmak we harby oýunlar bilen meşgul bolupdyr. Ol öz döwrüniň ylymlaryny pugta eýeläpdir. Atasynyň piri şeýh Şamsiddin Külaldan sapak alýar. Çuňňur pikirli, ýokary sypatly, düşbi we batyrgaý, bahadyr bolup kemala gelýär.

17 ýaşynda atasynyň ähli emlägini özi özbaşdak dolandyryp başlaýar. Emir Temur doglan döwürde Watanymyzyň çägi Çingiz hanyň ogullaryndan biri Çagataý ady bilen atlandyrylýan ulusyň (döwlet) düzümindedi.

XIV asyryň ortalarynda Çagataý ulusynda häkimiýt üçin göreş gaty güýçlenýär. Netijede ulus dargap gidýär. Emir Temur ynha şeýle agyr ýagdaýda taryhyň sahnasyna çykýar. Ol özüniň ilkinji harby tärini gol astyndaky esgerleri bilen dürli welaýatlaryň emirlerine gulluk etmekden başlaýar. Olaryň özara göreşlerinde gatnaşyp edermenlik görkezýär. Bu bolsa onuň adyny Kaşgaderýa oazisinde meşhur edip goýberýär. Göreşlerde taplanan Emir Temur indi öz öňüne Watany mongollardan azat etmek ýaly mukaddes wezipäni goýýar.



Döwlet baýdagy.

**Emir Temur güýçli döwleti esaslandyryjy.** Tiz arada Emir Temur mongollara garşy azatlyk göreşini başlap goýberýär. Bu göreş sekiz ýyl dowam edýär. Ahyrynda, azatlyk



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

göreşijileri mongol goşunyny Mawerannahryň çäginden kowup çykarýarlar. 1370-nji ýylyň 9-njy aprel güni bolsa Emir Temur Mawerannahryň hökümdary diýlip yglan edilýär. Bu wagtda ol 34 ýaşyna dolupdy.

Emir Temura piri şeýh Saýýid Baraka ýokary häkimiýetiň simwoly bolan uly nagarany we baýdagy gowşurýar. Samarkant döwletiň paýtagty edip bellenýär.

**Ýatda saklaň!**

1370-nji ýylda sahypgyran Emir Temur beýik döwleti esaslandyrdy.

**Emir Temur Ýewropa halklarynyň halasgäri.** Bu döwürde Emir Temur döwletine mongollaryň döreden Altyn Orda döwleti howp salyp başlaýar. Bu döwletiň tagtynda Togtamyş han oturýardy. Emir Temur Altyn Ordanyň howpuny aradan aýyrmaga girişýär. 1395-nji ýylda Emir Temur Togtamyş hanyň goşunyny derbi-dagyn edýär.

Bu ýeňiş Altyn Ordany gowşadýar. Altyn Orda tabyn bolan Rusuň (Russiýanyň) mongollaryň zulmundan azat bolmagyny çaltlandyrýar.

**Üns berip okaň!**

«Emir Temur Russiýany Altyn Orda zulmundan halas bolmagyny hem-de bu döwletiň galkynyşyny çaltlandyrdy».

*M. Iwanin* (Rus taryhçy alymy) «Iki beýik serkerde» kitaby.

Emir Temur Günbatar Ýewropa halklaryna uly howp salýan Osmanlylar imperiýasynyň (Türkiýe) soltany Baýazidiň goşunyny 1402-nji ýylda Ankaranyň ýanynda bolan söweşde derbi-dagyn edýär.

Osmanlylaryň bu şowsuzlygy onuň Ýewropa döwletlerine salýan howpuny puja çykarýar.

Baýazidiň howpundan halas bolan Ýewropa döwletleri Emir Temure minnetdarçylyk hatlaryny ýollapdyrlar.

Fransiýa we Ispaniýa korollary bolsa ilçiler hem iberipdirler. Sahypgyrana Günbatar Ýewropada XV asyrdan başlap ýadygärlik oturdylyp, oňa – «Ýewropanyň halasgärine» diýen çuňňur manyly sözler ýazyp goýulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Emir Temuryň heýkeli.**

Hawa, Emir Temur ýurdy güýçli merkezleşen döwlete öwürmegi başardy. Şol bir wagtda Ýewropanyň halasgärine hem öwrüldi.

Şu sebäpli-de ÝUNESKO guramasynyň karary bilen 1996-njy ýylda Emir Temuryň doglan gününiň 660 ýyllygy halkara möçberde giňden bellenip geçildi.

> **Üns berip okaň!**
>
> «Emir Temur biziň buýsanjymyz, guwanjymyz, hyjuwymyz!»
>
> *Islam Karimow*

Daşkent, Samarkant we Şährisebz şäherlerinde Emir Temuryň heýkelleri oturdyldy. Daşkent şäherinde Temuriler taryhy döwlet muzeýi guruldy. Watanymyzyň ýokary sylaglaryndan biri – «Emir Temur» ordeni döredildi.

### Özüňizi synaň

- 1395-nji ýylda – ... .
- Ankara söweşi – ... .
- M. Iwanin – ... .

### Adalganyň mazmunyny öwreniň

**Ankara** – häzirki Türkiýe Respublikasynyň paýtagty.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Emir Temur göreş meýdanyna çykan döwürde Watanymyzda ýagdaý nähilidi?*
2. *Emir Temuryň Watan garaşsyzlygy ugrunda alyp baran göreşi we beýik döwlet guranlygy barada nämeleri bildiňiz?*
3. *Näme üçin Emir Temur Ýewropanyň halasgäri diýlip atlandyrylýar?*
4. *Garaşsyzlyk ýyllarynda beýik Emir Temuryň päk adyny dikeltmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## GOŞMAÇA MAGLUMAT

**Beýik babamyz Emir Temuryň «Temur Tuzuklary» (kanunlary) eserinde ýazyp galdyran öwütlerinden**

- Milletiň derdine derman bol.
- Güýç adalatdadyr.
- Gowy adam ýurt düzer, ýaman adam ýurt bozar.
- Işewür, mert we gaýratly, tutanýerli, çäreli we hüşgär bir adam müň-müňlerçe çäresiz, biperwaý adamlardan gowudyr.

## 34–35-§. SOŇKY TABYNLYK

**Patyşa Russiýasynyň maksady.** Watanymyzyň ajaýyp tebigy baýlyklary Rus patyşasy «Pýotr I»-niň hem höwesini getirýär. Şonuň üçin öz öňüne ýurdumyzyň bu baýlyklaryny ele salmak maksadyny goýýar. Öz maksadyny amala aşyrmazdan öň, Orta Aziýa hanlyklaryndaky (Hywa, Buhara we Kokant hanlyklary) içki ýagdaýy öwrenmek we altyn gorlary bar bolan ýerleri anyklamagy karar edýär.

Şu maksatda 1717-nji ýylda Hywa hanlygyna 10 müňden artyk harbylardan we dürli hünärmenlerden ybarat ekspedisiýa iberýär. Ýöne ekspedisiýa heläkçilige duçar bolýar.

«Pýotr I» mundan habar tapsa-da, Hywa hanlygyndan öç almak üçin goşun iberip bilmeýär. Çünki, Russiýa başga uruş bilen başagaýdy.

«Pýotr I»-niň arzuwlaryny XIX asyrda onuň soňky nesilleri amala aşyrýar. Ýurdumyzy basyp almakda Orta Aziýa hanlyklarynyň ykdysady taýdan yzagalaklygy, döwrebap ýaraglandyrylan we tälim berlen goşunyň ýoklugy hem-de olaryň arasynda özara gapma-garşylyklaryň güýçlüligi Rus imperiýasyna (patyşa Russiýasyna) şowuna düşdi.



**Pýotr I.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Basybalyjylygyň başlanmagy.** 1864-nji ýylda Rus imperatory Aleksandr II Orta Aziýa hanlyklaryna garşy harby hereketi başlamaga buýruk berýär. Ilki, Kokant hanlygyna degişli birnäçe galalar we şäherler basyp alynýar.

1865-nji ýylda general M.Çernýaýewiň serkerdeligindäki goşun Daşkent şäherine hüjüm edýär. Kokant hanlygynyň goşunlary emirleşgeri (baş serkerdesi) Aligulynyň baştutanlygynda şäheri gaýduwsyzlyk bilen goraýarlar. Ýöne harby güýçler deň däldi. Aliguly mertlerçe heläk bolýar. M.Çernýaýew şäheri suw üpjünçiliginden kesýär. Ahyrynda şäher basyp alynýar. Basylyp alan çäklerde Türküstan welaýaty döredilýär. M.Çernýaýew welaýatyň gubernatory (häkimi) edip bellenýär.

1867-nji ýylda bolsa Türküstan general-gubernatorlygy döredilýär. 1868-nji ýylda Buhara emirligi, 1873-nji ýylda bolsa Hywa hanlygy Russiýa tabyn döwletlere öwrülýär. Olardan çekilip alnan çäkler Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine goşulyp alynýar.

**Kokant hanlygynyň ýatyrylmagy.** Türküstan general-gubernatory Kaufman Kokant hanlygyny bütinleý ýatyrmaga girişýär. Munuň üçin Kokant hanlygynda amatly mümkinçilik emele gelipdi. Ýagny, Hudaýar han wagtyny oýun-gülküde, seýildir syýahatda, awda geçirýärdi. Ulamalaryň we intelligentleriň maslahatlaryna gulak asmaýardy. Tersine jebir-sütem ýoluna geçipdi. Netijede halk Hudaýar hanyň zulmuna garşy gozgalaň turuzýar. Han gozgalaňy basyp ýatyrmak üçin müňbaşy Abdurahman aftobaçynyň baştutanlygynda goşun iberýär. Ýöne Abdurahman aftobaçy gozgalaňçylaryň tarapyna geçýär. Bu bolsa Rus basybalyjylarynyň şowuna düşýär.

Kaufman Fergana jülgesine tarap uly goşun iberýär. Deň bolmadyk söweşlerde Kokant goraýjylary derbi-dagyn edilýär.

1876-njy ýylda Rus imperatory Aleksandr II-niň permanyna görä Kokant hanlygy ýatyrylýar. Onuň ýerine Fergana welaýaty düzülip, Türküstan general-gubernatorlygynyň düzümine girizilýär. Şeýdip bütin bir döwlet ýatyrylýar.

**Milli azatlyk göreşi.** Patyşa Russiýasy ýurdumyzy basyp alansoň kolonizatorçylyk düzgünlerini ornaşdyrýar. Baýlyklarymyz talanýar. Agyr salgytlar we borçnamalar girizilýär. Iň hasyldar ýerler Russiýadan göçürlip getirilenlere bölüp berilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Milli gymmatlyklarymyz, urp-adatlarymyz basgylanýar. Bu faktorlar Türküstan ilatynyň kolonizatorlara garşy azatlyk gozgalaň turuzmagyna sebäp bolýar.

Aýratynam,1898-nji ýylda Andijanda Muhammetaly işanyň baştutanlygynda turan gozgalaň has-da ýitileşýär. Gozgalaňyň maksady – Kokant hanlygyny gaýtadan dikeltmekdi. Ýöne güýçler deň bolmanlygy we pugta taýýarlanylmanlygy üçin gozgalaň şowsuzlyga duçar bolýar. Basybalyjylar gozgalaňy rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar.

Muhammetaly we onuň ýakyn ýoldaşlary asylyp öldürilýär. Ýüzlerçe gatnaşyjylar katorga (sürgüne) iberilýär. Ýöne bu rehimsizlikler halky-myzyň erkini büküp bilmeýär.

**Sowet kolonizatorçylygynyň ornaşdyrylmagy.** 1917-nji ýylyň fewral aýynda Russiýada üç ýüz ýyldan artyk tagtda oturan romanowlar dinastiýasynyň häkimiýeti ýykylýar. Ýurt agyr günleri başdan geçirip başlaýar. Ýöne täze hökümet bu pese gaçmany aradan aýryp bilmeýär. Netijede häkimiýeti kommunistler partiýasy (hususy eýeçilik bolmaýan jemgyýet üçin göreşiji) eýeleýär.

Ýöne kommunistler partiýasy patyşa Russiýasy döwründe basyp alnan ülkäniň halklaryna özbaşdaklyk bermeýär. Şeýdip patyşa Russiýasy koloniýalary, şonuň ýaly-da, biziň ýurdumyz Türküstan hem sowet Russiýasynyň koloniýasy bolmagynda galýardy.

Sowet imperiýasy (Sowet Russiýasy) 1917-nji ýylda ilki Kokant şäherinde düzülen milli hökümetimizi agdaryp taşlaýar. Şäherde gyrgynçylyk guralýar. Bu gan döküşik tutuş Türküstany lerzana getirýär. Bolşewikler halklaryň milli gymmatlygyny, medeniýetini we urp-adatlaryny äsgermeýär. Kolonizatorçylyk tabynlygy has-da güýçlendirilýär. Bu bolsa milli-azatlyk göreşiniň başlanmagyna sebäp bolýar. Bu göreşe Mädeminbek we Şirmuhammetbek ýaly gurbaşy (serkerde) babalarymyz ýolbaşçylyk edýärler. Göreş birnäçe ýyl dowam edýär.

Ýöne harby güýçler deň däldi. Munuň üstesine milli-azatlyk göreşiniň ýolbaşçylary özara doly ylalaşyga gelip bilmeýärler. Netijede Türküstanyň azatlygy üçin alnyp barylan göreş şowsuzlyga duçar bolýar. Kommunistler Türküstanyň azatlygy üçin göreşenleri äsgermän «basmaçylar» diýip atlandyrýardylar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Kolonizatorlar aýratynam ýerli intelligensiýa wekillerini aýawsyz gadagan edýär. Çünki, olar Watanymyzyň azatlygynyň iň işeňňir göreşijileridi.

Olaryň arasynda Siz 30-njy temadan bilýän garaşsyzlygymyz üçin janlaryny pida eden Mahmudhoja Behbudi, Münewwer kary Abduraşidhanow, Abdurauf Fitrat, Çolpan we Abdulla Kadyrylar, meşhur şahyr Usman Nasyr ýaly ýüzlerçe babalarymyz bardy.

Sowet kolonizatorçylygy ýyllarynda F. Hojaýew, A. Akramow ýaly ençeme döwlet ýolbaşçylary hem gadaganyň gurbany bolupdyrlar. Patyşa Russiýasyna we sowet imperiýasyna tabynlyk 130 ýyla golaý dowam edýär.

**Azatlyk üçin göreşijiler unudylmaýar.** 1991-nji ýylda Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň, Watanymyzyň azatlygy ugrunda heläk bolanlaryň ady, hormaty öz ornuny tapdy.



**Şehitler alleýasy ýadygärlik toplumy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen 2000-nji ýylda Daşkentde «Şehitler hatyrasy» ýadygärlik toplumy guruldy. 2002-nji ýylda bolsa bu toplumda «Gadagan gurbanlary hatyrasy» muzeýi açyldy. Şeýdip kolonizatorçylyk döwri gurbanlary hatyrasy ebedileşdirildi.

## Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Patyşa Russiýasy** – rus dilinde patyşa «царь» diýlip atlandyrylýar. Türküstanyň ilaty oňa «patyşa» diýýärdi. Kitaplarda patyşa Russiýasynyň ýerine Rus imperiýasy adalgasy hem ulanylýar.

**Sowet imperiýasy** – öňki Rus imperiýasynyň 1922-nji ýyldan başlap atlandyrylyp başlanan ady. «Sowet» (Geňeş) sözi sowet imperiýasynda döwleti işçiler, daýhanlar we soldatlar tarapyndan saýlanan wekilleriň (deputatlaryň) özara geňeşip dolandyrmak düzgüniniň girizilendigini aňladýar.

## Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Rus imperiýasy näme üçin ýurdumyzy basyp almagy planlaşdyrypdyr?*
**2.** *Näme sebäpden Rus imperiýasy özbek döwletlerini boýun egdirip bilmändir?*
**3.** *Buhara emirliginiň we Hywa hanlygynyň tabyn döwletlere öwrülenligi barada aýdyp beriň.*
**4.** *Näme üçin Kokant hanlygy ýatyrylýar?*
**5.** *Türküstanyň ilatynyň milli-azatlyk göreşi barada nämeleri bildiňiz?*
**6.** *Ýurdumyzda sowet kolonizatorçylygy nädip ornaşdyryldy?*
**7.** *Ýurdumyzda milli azatlyk ugrunda gurban bolanlaryň hatyrasyny ebedileşdirmek boýunça nähili işler amala aşyrylýar?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# VIII bap. ÖZBEGISTANYŇ GADYMY ŞÄHERLERI, TARYHY ÝADYGÄRLIKLERI

## 36-§. ÖZBEGISTANYŇ TARYHY ŞÄHERLERI

**Samarkant şäheri.** Samarkant Özbegistanyň iň gadymy şäheridir.

**Ýatda saklaň!**

2007-nji ýylda Samarkandyň 2750 ýyllygy halkara möçberde bellenip geçildi. Samarkant şäheri Watanymyzyň ýokary sylagy – «Emir Temur» ordeni bilen sylaglandy.[1]




**«Emir Temur» ordeni.**

Sogd ýazuw çeşmelerinde şäher Smarakand ady bilen ýazylan. Gadymy grek taryhçylary bolsa Samarkandy Marokanda ady bilen ýazyp galdyrypdyrlar. Marokanda ilki töweregi goranma diwary bilen gurşalan galaberkitmedi.

Samarkant miladydan öňki IV asyrdan Sogd döwletiniň paýtagty bolupdyr. Soňluk bilen daşary ýurtly basybalyjylaryň hüjümi netijesinde şäher birnäçe gezek weýran edilipdir.

Samarkandyň gülläp-ösmegi, dünýäniň iň meşhur we gözel şäherlerinden birine öwrülmegi beýik babamyz Emir Temuryň ady bilen baglanyşyklydyr.

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 412-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Samarkant Emir Temur soltanlygynyň paýtagty hökmünde dünýä meşhur bolupdyr.

**Ýatda saklaň!**

Samarkant örän gözel şähere öwrülenligi üçin «Dünýäniň husny», diýip hem beýgeldilipdir.

Samarkantda 70-den artyk iri taryhy binagärlik ýadygärlikler bar. Bu ýadygärlikler 2001-nji ýylda halkara ÝUNESKO guramasynyň karary bilen Dünýä mirasy sanawyna girizildi.

Döwletimiziň garaşsyzlygy ýyllarynda Özbegistanyň iň gadymy şäheri bolan Samarkandyň keşbi ýene-de gözelleşýär.

**Özüňizi synaň**

♦ «Ebedi şäher», – ... .
♦ «Dünýäniň husny», – ... .

**Buhara şäheri.** Buhara hem Özbegistanyň iň gadymy we baky juwan, meşhur şäherleriniň hatarynda durýar. 1997-nji ýylda Buhara şäheriniň 2500 ýyllygy bellenip geçildi.

Käbir taryhçy alymlaryň takmynyna görä, şäheriň ady «Taňry jemaly» diýen manyny aňladýar. Buharany eždatlarymyz «ýagşylyk şäheri», diýip hem atlandyrypdyrlar. Buhara ilki IX–X asyrlarda, soň XVI asyrdan başlap paýtagt derejesine eýe bolupdyr.



**Buhara arky.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu günki günde Buhara şäherinde ýüzden artyk iri taryhy binagärlik ýadygärlikleri saklanyp galypdyr. Buhara arky (hökümdarlar karargähi), Ysmaýyl Samanynyň kümmeti, Minarai Kelan, Mir Arap we Ulugbek medreseleri ýalylar olaryň iň meşhurlarydyr.

Gadymy Buhara şol bir wagtda juwan şäher hemdir. Garaşsyzlyk ýyllarynda şäheriň görnüşi tanap bolmaýan derejede özgerdi. Şäher has-da gözelleşdi. Aýratynam, 107 gektardan ybarat «Buhara medeni merkezi» Özbegistanyň her bir raýatynda Watan bilen buýsanmak duýgusynyň ýene-de artmagyna hyzmat edýär. 2010-njy ýylda bu merkezde «Köne we baky Buhara» monumenti guruldy.

**Hywa şäheri.** Hywa häzirki Horezm welaýatyndaky şäher. Ol ýaşy taýdan Buhara bilen deňdeş. 1997-nji ýylda Hywanyň hem 2500 ýyllygy bellenip geçildi. Şäher Gündogaryň dürdänesi hasaplanýar. Oňa görä «Müň gümmez şäheri» sözleri hem ulanylýar. Hywa Içan galasynyň öňki ýagdaýy tutuşlygyna saklanyp galan ýeke-täk şäher bolanlygy üçin eýýäm 1967-nji ýylda goraghana-şäher diýlip yglan edildi. 1990-njy ýylda bolsa Dünýä medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

Käbir alymlaryň pikiriçe, şäheriň ady «gumlukdan ybarat ýer», «gala» manylaryny aňladýar. Hywa XVII asyryň başlarynda Hywa hanlygynyň paýtagtyna öwrülýär. Şäheriň bu derejesi 1920-nji ýyl çenli dowam edipdir. Hywanyň bütin töwerek-daşy suwly hendek bilen gurşalypdy. Şähere ýörite gurlan köpri arkaly girilipdir. Bu köpri gijesine ýokary galdyrylyp goýlupdyr.

**Şährisebz şäheri.** Şährisebz häzirki günde Kaşgaderýa welaýatyndaky Şährisebz tümeniniň merkezidir. Şäher geçmişde Keş ady bilen atlandyrylypdyr. Ýap-ýaşyl baglar we gözüňi guwandyrýan gülzarlary bilen adamlary özüne çekýänligi üçin Şährisebz ady berlipdir. Bu şähere ýakyn Hojailgar obasynda beýik babamyz Emir Temur doglupdyr. Emir Temur döwletine gelen Ispan korollygynyň ilçisi Klawiho öz ýatlamalarynda şäherde ençeme ajaýyp binalar we metjitler gurlanlygyny, olaryň iň meşhurynyň Aksaraýdygyny agzap geçipdir. Gynansak-da bu ajaýyp we gözel Aksaraý ýadygärligi doly saklanyp galmandyr. Şeýle bolsa-da Garaşsyzlyk ýyllarynda saraýda uly abatlaýyş işleri geçirildi. 1996-njy ýylda Şährisebz Emir Temur babamyzyň doglan gününiň 660 ýyllygy mynasybetli «Emir Temur»



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Aksaraýyň bu günki görnüşi.**

ordeni bilen sylaglandy. Şäherde beýik babamyzyň äpet heýkeli dikilendir. 2002-nji ýylda şäheriň 2700 ýyllygy bellenip geçildi we Şährisebz Dünýä medeniýetiniň mirasy sanawyna girizildi[1].

**Karşy şäheri.** Şäher ilki Nagşap, soňluk bilen Nawtaka we Nasaf atlary bilen atlandyrylypdyr. XIV asyrdan başlap bolsa Karşy diýlip atlandyrylyp başlanypdyr. «Karşy» sözi saraý, köşk manylaryny aňladýar.

**Ýatda saklaň!**

«Nagşap» – suw abat eden menzil, «Nawtaka» bolsa täze bina diýen manylary aňladýar. Araplar Nagşaby «Nasaf» diýip aýdypdyrlar.

Şäher miladydan öňki VII asyrda gurlupdyr.

Karşy şäheri bu günki günde Kaşgaderýa welaýatynyň merkezidir. Özbegistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda Karşy şäherinde hem uly

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 394-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gurluşyk işleri amala aşyryldy. 2006-njy ýylda şäheriň 2700 ýyllygy bellenip geçildi.[1]

**Termiz şäheri.** Özbegistanyň ýene bir gadymy şäheri Termizdir. Bu at «Jar ýakasyndaky menzil» diýen manyny aňladýar. Şäher Orta Aziýanyň iri hünärmentçilik we söwda merkezi bolupdyr. Geçmişdäki Beýik ýüpek ýolunyň merkezinde ýerleşen bu şäher dürli halklary we olaryň medeniýetini özara baglap durupdyr. Dünýä meşhur hadys ylmynyň beýik alymy Ymam at-Termizi şu şäherde doglupdy. Şäher öz taryhynda birnäçe gezek basybalyjylaryň hüjümine duçar bolupdyr we weýran edilipdir. Termiz şäheri bu günki günde Surhanderýa welaýatynyň merkezidir.

2002-nji ýylda şäheriň 2500 ýyllygy halkara möçberde bellenip geçildi. 2014-nji ýylda bolsa «Emir Temur» ordeni bilen sylaglandy.

### Özüňizi synaň

- 2500 ýyllygy bellenen şäherler ... .
- «Emir Temur» ordeni bilen sylaglanan şäherler ... .
- Ýurduň paýtagty bolan şäherler....

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň!

**Juwan (täze)** – kuwwata dolan, ýaş.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Samarkant şäheri barada nämeleri bildiňiz?*
2. *Buhara şäheri barada alan bilimleriňizi aýdyp beriň.*
3. *Buhara we Hywa şäherleri baradaky maglumatlary deňeşdiriň: meňzeş we özboluşly taraplaryny anyklaň.*
4. *Samarkant we Buhara şäherleri baradaky maglumatlary deňeşdiriň: meňzeş we özboluşly taraplaryny anyklaň.*
5. *Şährisebz, Karşy we Termiz şäherleriniň taryhy barada nämeleri bildiňiz?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

*Aşakdaky jedweli dolduryň*

| Şäherler | Şäheriň adynyň manysy | Şähere görä ulanylan meňzetmeler | Paýtagt bolan döwri | Şäheriň ýubileýleri bellenen ýyllar |
|---|---|---|---|---|
| Samarkant | | | | |

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 410-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Buhara | | | | | |
| Hywa | | | | | |
| Şährisebz | | | | | |
| Karşy | | | | | |
| Termiz | | | | | |

## 37-§. ÖZBEGISTANYŇ PAÝTAGTY – DAŞKENT 2200 ÝAŞDA

**Daşkendiň gadymy orny.** Bu günki Daşkent şäheri 2200 ýyllyk taryha eýe. Arheolog alymlar uzak ýyllyk gözleglerden soň Daşkent şäheriniň gadymy orny häzirki demirýol wokzalynyň golaýynda, Salar kanalynyň boýunda ýerleşenligini anykladylar. Bu ýer «Müň erik» we «Müň erik depe» atlary bilen atlandyrylypdyr. Şäheriň şeýle at bilen atlandyrylmagyna bu ýerde uly erikzar döredilenligi sebäp bolupdyr. Şäher VI asyrda Çaç (Daşkent) welaýatynyň merkezine öwrülipdir.

**«Daşkent» adalgasy barada.** Miladyň ilkinji asyrlaryna degişli Hytaý çeşmelerinde Daşkent «Şi» ady bilen agzalýar. Bu at «Daş şäher» diýen manyny aňladýar. Beýik babamyz Abu Reýhan Biruny «Hindistan» atly kitabynda «Daşkent» adalgasyny ulanypdyr. Araplar tarapyndan boýun egdirilenden soň, arap elipbiýinde «ç» harpynyň ýoklugy üçin «Çaç» «Şaş», «Şaşkent», «Madinat aş-Şaş», «Binkat» atlary bilen atlandyrylypdyr. Şäheriň töweregi güýçli goranma diwary bilen gurşalypdyr. Soňluk bilen şäheriň içi arka we şähristana bölünipdir. Arkda hökümdaryň köşgi we ybadathana ýerleşipdir. Şäheriň emeldarlar ýaşaýan bölegi şähristan, hünärmentler ýaşaýan bölegi bolsa rabat diýlip atlandyrylypdyr.

Daşkent halkara kerwen söwda ýolunda ýerleşenligi sebäpli şäherde hünärmentçiligiň dürli ugurlary ýokary derejede ösüpdir.

Arheolog alymlar şäheriň çäginden dürli ýurtlaryň teňňe pullaryny tapypdyrlar. Bu bolsa Daşkendiň gyzgyn söwda merkezi hem bolandygny tassyklaýar.

**Özüňizi synaň**

♦ Müň erik – ... .
♦ Binkat – ... .



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




**Daşkent şäheriniň gerbi.**

**Daşkent garaşsyz Özbegistan döwletiniň paýtagty.** Daşkent şäheri garaşsyz Özbegistan döwletiniň paýtagtydyr. Daşkendiň paýtagtlyk derejesi Özbegistanyň Konstitutsiýasynyň 6-njy maddasynda hem ýazyp goýlan. Daşkent bu günki günde diňe bir Merkezi Aziýanyň däl, şol bir wagtda dünýäniň hem iň gözel şäherlerinden birine öwrüldi.

**Garaşsyzlyk we ullakan gurluşyk.** Bu gözellik paýtagtymyzda garaşsyzlyk ýyllarynda amala aşyrylan ullakan gurluşyk işleriniň netijesidir.

1991-nji ýylda şäherde gurlan Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli bagy bu gurluşygyň başlangyjy boldy. Bagda babamyzyň ajaýyp görnüşli heýkeli hem dikeldi.

Bu bag diýarymyzyň iň gözel we esasy zyoratgähine öwrüldi. Her ýyl ýurdumyzda bellenip geçilýän «Garaşsyzlyk güni» we Nowruz baýramlaryna bagyşlanan Respublikan dabaralary şu bagda geçirilýär.



**Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti.**

Baş meýdanymyz – Garaşsyzlyk meýdanynda amala aşyrylan binagärlik işleri hemmämiziň göwnümizi buýsanja we guwanja doldurýar. 1992-nji ýylda meýdanda oturdylan «Garaşsyzlyk monumentine» Özbegistanyň kartasynyň teswiri düşürilen. Bu teswir dünýäde Özbegistan ýaly garaşsyz döwletiň bardygyny aňladyp durýar. Ony gören watandaşlarymyz milli gujur we buýsanç duýgularyny syzýarlar.

2005-nji ýylda bu monumentiň öňünden «Bagtyýar ene» keşbi ýer eýeledi we Garaşsyzlyk monumenti indi «Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumenti» diýlip atlandyrylýan boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Ýagşylyk arkasy.**

«Garaşsyzlyk we ýagşylyk monumentine» ýol «Ýagşylyk arkasyndan» başlanýar.

Onuň depesine oturdylan ap-ak leglek parahatçylygyň we abadançylygyň, ganat kakýan durnalar bolsa döwletimiziň beýik geljege tarap perwaz edýänliginiň tymsalydyr.



**Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň jaýy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Aly Mejlisiň Senatynyň jaýy.**

«Bagtyýar ene» heýkeli bolsa döwletimizde maşgala galasynyň şemçyragy bolan aýallara berilýän ýokary ünsüň we hormat-yzzatyň aýdyň beýanydyr. Ony zyýarat eden adam perzendini bagryna basyp duran Bagtyýar enäniň keşbinde öz enesini, tämiz çagalygyny gören ýaly bolýar.

Şäherde beýik sahypgyran Emir Temuryň ady bilen atlandyrylýan alleýa hem döredilen. 1993-nji ýylda alleýada Emir Temuryň heýkeli dikeldi.[1] Heýkel halkymyza buýsanç we guwanç bagyşlap dur.

Mundan daşary Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalary üçin gurlan binalar, Emir Temur alleýasynyň Gün çykýan tarapynda gurlan kaşaň «Özbegistan halkara maslahatlar köşgi», Alyşir Nowaýy adyndaky Milli kitaphana we Medeni aň-bilim merkeziniň binasy, Hezreti Ymam (Hasti ymam) toplumy we 2014-nji ýylda gurlan «Minor» metjidi ýaly binagärçiligimiziň meşhur nusgalary özüniň gözelligi we ajaýyplygy bilen paýtagtyň görküne görk goşup dur.

Halkara ÝUNESKO guramasynyň karary bilen 2009-njy ýylda Daşkendiň 2200 ýyllygy bellenip geçildi. Döwletimiziň ýokary ordeni

---

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 329-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

– «Garaşsyzlyk» ordeni bilen sylaglandy. Özbegistan Prezidenti Islam Karimow ýubileý dabaralarynda sözlän sözünde Daşkendi: «Taryhy baý, bu güni gözel, gelejegi beýik şäher», diýip atlandyrdy.



«Garaşsyzlyk» ordeni.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Binkat** – uzakdan görnüp durýan şäher.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Siziň pikiriňizçe alymlar Daşkent şäheriniň 2200 ýaşdadygyny nädip kesgitläpdirler?*
2. *Daşkendiň geçmiş taryhy barada nämeleri bildiňiz?*
3. *«Daşkent» adalgasy we Daşkendiň dürli döwürlerde nähili atlar bilen atlandyrylandygy barada aýdyp beriň.*
4. *Özbegistanyň garaşsyzlygy ýyllarynda Daşkent şäherinde amala aşyrylan ullakan binagärlik işleri barada nämeleri bildiňiz?*

## 38–39-§. ÖZBEGISTANYŇ TARYHY-BINAGÄRLIK ÝADYGÄRLIKLERI

**Ysmaýyl Samanynyň kümmeti.** Buhara şäheriniň medeniýet we dynç alyş bagynyň çäginde ýerleşen Ysmaýyl Samanynyň kümmeti saýlanyp dur. Ol IX asyrda Mawerannahryň meşhur hökümdary Ysmaýyl Samany tarapyndan gurlan. Kümmetiň dört tarapy hem birmeňzeş ölçegli diýen ýaly we birmeňzeş görnüşdedir. Bişen kerpiçden galdyrylan kümmetiň diwary görnüşinden dokalan boýrany ýatladýar. Kümmetiň üsti gümmez bilen örtülen. Gümmeziň daşynda dört sany gümmez dikelen.

**Minarai Kelan.** Minarai Kelan (Uly minara) Buhara şäherinde gurlan iň gözel binagärlik ýadygärliklerinden biri. Ony Mawerannahryň hökümdary Arslanhan 1127-nji ýylda gurdurypdyr.[1]

Minaranyň fundamenti ýeriň derejesinde 9 metr çuňlukda gurlan.

Ol daşdan we ýörite garyndydan galdyrylan. Beýikligi 50 metr bolan minara bişen kerpiçden örülen bolup, ýokarky bölegine daş-

---

[1] *K. Rajabow* we başg. DTMS. – D.: «Sharq» NÇPK. 2011. 75-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Ysmaýyl Samanynyň kümmeti.**



**Minarai Kelan.**

töwerege syn etmek maksadynda 16 sany äpişgesi bar. Minaranyň depesine onuň içine gurlan 104 sany aýlanma basgançak arkaly çykylypdyr. Minarai Kelan entegem howalanyp dur.

**Registan toplumy.** Registan diýlende Gündogar ýurtlarynda, şu şol sanda Özbegistanda hem şäheriň merkezi meýdany düşünilipdir. Taryhda şeýle meýdanlarda dürli çäreler – baýramlar, seýiller, tomaşalar geçirilipdir. Meýdan oýulyp gitmezligi üçin onuň üstüne maýda daş düşelen.

Soňluk bilen Registan meýdanynda *Ulugbek*, *Şirdar* we *Tillakori* medreselerinden ybarat binagärlik toplumy guruldy.

*Ulugbek medresesi* XV asyrda guruldy. Ol iki etažly bolup daş-töweregi hüjreler we dershanalar bilen gurşalan. Medreseleriň galan ikisini – Şirdar we Tillakori medreselerini XVII asyrda Samarkandyň häkimi Ýalaňtoş Bahadyr gurduryar. Şirdar medresesi Ulugbegiň medresesiniň garşysynda ýerleşýär. Medrese dört burçly we iki etažly edip gurlupdyr. Maňlaýyna gyzgyl zer çaýylan şir ak keýigi kowalap barýandygy suratlandyrylan. Gün bolsa badam şekilli, gyýyk gözli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Registan toplumy.**

edip şekillendirilipdir. Maňlaýynyň iki tarapynda gümmezli dershana we metjit ýerleşýär.

*Tillakori (Tylla bilen işlenen) medresesi* ilki Ýalaňtoşbiýiň kiçi medresesi diýlip atlandyrylypdyr. Medrese binasyndan orun alan metjidiň bezegine köp mukdarda altyn sarp edilendigi üçin medrese Tillakori adyny alypdyr.

Samarkant şäheriniň 2750 ýyllygy mynasybetli Tillakori medresesinde hem uly abatlaýyş işleri amala aşyryldy.

Bu günki günde Registan meýdanynda meşhur «Sharq taronalari (Gündogar heňleri)» halkara aýdym-saz festiwallary geçirilip gelinýär. Bu halkara festiwalyň ähmiýeti barada Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow şeýle diýipdi: «Şark taronalari» aýdym-saz festiwaly halklarymyzyň medeniýetlerini özara baýlaşdyrýar..., halklarymyzy ... bir-birine ýakynlaşdyrýar».

**Aksaraý.** Aksaraý ýadygärligi häzirki Kaşgaderýa welaýatynyň Şährisebz şäherinde ýerleşýär. Ony beýik babamyz Emir Temuryň enesiniň hormatyna gurdurýar. Ýadygärligiň nagyşlaryna berlen reňkler aýyň ýagtysynda öwşün atyp, agaryp durýanlygy üçin Aksaraý diýlip atlandyrylypdyr. Ol öz döwrüniň iň gözel we görnükli



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

binagärlik desgasydy. Beýikligi 50 metr bolan Aksaraýyň depesine aýlanma basgançaklar arkaly çykylypdyr. Aksaraýyň diwanhanasynyň maňlaýyna Günüň, arslanyň we Emir Temur döwletiniň üç halka şeklindäki teswiri düşürilipdir. Aýratynam, Aksaraýyň tamynyň depesine gurlan howuz saraýyň iň seýrek tarapydy. Bu howza suw geçitden gurşun turbalar arkaly getirilipdir. Howuzdaky artykmaç suw şaglawuk emele getirmek ýoly bilen aşak akdyrylypdyr.

Aksaraýyň gözelligi we ajaýyplygy hatda daşary ýurtlulary hem haýran galdyrypdyr.

**Üns bilen okaň!**

Hatda ökde ussalary dünýä meşhur bolan Parižde hem bu iş örän owadan hasaplanan bolardy.

*Klawiho*, Ispan korollygynyň ilçisi.

Öz döwründe dünýäni haýran galdyran Aksaraýdan häzirki günde ullakan portalyň iki çetindäki minaranyň we fundamentiniň diňe bir bölegi saklanyp galypdyr.

**Içan gala.** Dünýäniň dürdäne ýadygärliklerinden biri bolan Içan gala – Hywa şäheriniň içerki bölegidir. Ol geçmişde eždatlarymyzyň ussatlyk bilen guran 54 sany seýrek taryhy-binagärlik ýadygärlikler toplumyna girýär. Bu toplum Köne Ark (arzhana), medreseler, metjitler, kümmetler we başga şular ýaly desgalary öz içine alýar. Dünýäde şeýle seýrek we gözel ýadygärlikleri bilen saklanyp galan şäherler gaty az.

Şonuň üçin hem 1961-nji ýylda Içan gala toplumy muzeýe öwrüldi. Bu muzeý-goraghananyň meýdany 26 gektardan ybarat. 1990-njy ýylda bolsa halkara ÝUNESKO guramasynyň karary bilen Içan gala dünýä mirasynyň sanawyna girizildi.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Kümmet** – aradan çykan adamyň jesedi goýulýan binagärlik desgasy.

**Minara** – aşakdan ýokary garap barha kiçelýän edip gurlan beýik desga. Minaralar esasan metjitleriň we medreseleriň ýanynda gurlupdyr. Minaralar din wekiliniň azan okamagy we şäherdäki



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Içan gala.**

binagärlik toplumlara görk, owadanlyk bermek hem-de ony gurduran adamyň güýjüni görkezmek üçin gurlupdyr.

**Registan (maýda daş düşelen ýer)** – Gündogar ýurtlarynda şäheriň merkezi meýdany.

## Soraglar we ýumuşlar

*1. Ysmaýyl Samanynyň kümmeti we Minarai Kelan barada aýdyp beriň.*
*2. Aksaraý barada nämeleri bildiňiz?*
*3. Içan galanyň muzeý-goraghana öwrülendigi we Dünýä mirasy sanawyna girizilenligi nämäni aňladýar?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

Siziň ýaşaýan çägiňizde nähili taryhy ýadygärlikleriň bardygyny anyklap geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# IX bap. ADAMZAT TARYHYNDAKY JAHAN URUŞLARY



## 40-§. BIRINJI JAHAN URŞY

**Urşuň sebäpleri.** Uruşlaryň hemmesi elhençli. Emma olaryň içinde iň elhençlisi jahan uruşlary boldy. Çünki bu uruşlarda dünýäniň ençeme döwletleri gatnaşdy. Şeýlelikde, gyrgynçylyk we weýran edijilik, halklaryň başyna düşýän jebir-sütemler hem şonça köp boldy. Adamzat bu günki güne çenli iki jahan urşuny başyndan geçirdi. Olaryň birinjisi 1914-nji ýylda başlanyp, 1918-nji ýylda gutardy.

Eýsem, bu urşuň sebäpleri nämelerden ybaratdy? Güýçli döwletler 1914-nji ýyla çenli dünýäniň güýçsüz döwletleriniň çäklerini basyp alyp olary öz koloniýalaryna öwrüp boldular. Beýik Britaniýa (Angliýa), Fransiýa we Rus imperiýasy dünýäniň iň iri kolonizator döwletlerine öwrüldiler.

**Ýatda saklaň!**

Başga döwletleriň çäklerini zorluk ýoly bilen basyp alan döwletlere kolonizator döwletler diýilýär.

Germaniýanyň, Awstro-Wengriýanyň we Italiýanyň koloniýalary bolsa kemräkdi. Germaniýa muny bahana edip dünýäni täzeden paýlaşmagy talap edip başlaýarlar.

Awstro-Wengriýa dawa edýän çäkler esasan Russiýanyň täsirindedi. Italiýa dawa edýän çäkler bolsa Fransiýanyň ygtyýaryndady. Şonuň üçin hem olar Germaniýany goldaýarlar. Beýik Britaniýa,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Fransiýa we Russiýa Germaniýanyň talaplaryny ret edýärler. Netijede Ýewropanyň güýçli döwletleriniň arasyndaky gapma-garşylyklar has-da güýçlenýär. Ahyrky netijede olar bir-birine duşman bolan iki ýaranlyga birleşýärler. Germaniýany, Awstro-Wengriýany we Italiýany birleşdiren birinji ýaranlyk «Üçler soýuzy», Beýik Britaniýany, Fransiýany we Russiýany birleşdiren ýaranlyk bolsa «Antanta» diýlip atlandyrylýar.

**Ýatda saklaň!**

«Üçler soýuzy» bilen «Antanta» arasynda dünýäni gaýtadan bölüp almaga dyrjaşma Birinji jahan urşunyň esasy sebäbi boldy.

**Urşuň başlanmagy we onuň netijeleri.** Birinji jahan urşy 1914-nji ýylyň ýazynda Awstro-Wengriýanyň Serbiýa hüjüm etmegi bilen başlanýar. Muňa jogap edip Russiýa Awstro-Wengriýa, Germaniýa bolsa Russiýa we Fransiýa, Beýik Britaniýa bolsa Germaniýa uruş yglan edýär.



**Tanklar.**

Şeýdip Ýewropany Birinji jahan urşunyň ýalny örtýär. Uruş bara-bara dünýäniň 38 döwletini öz duzagyna çekýär.

Uruş başanansoň «Antanta» uly wadalaryň hasabyna Italiýany öz tara-pyna geçirmegi başarýar.



**«Luzitaniýa» gark bolýar.**

Birinji jahan urşunda düýpgöter täze ýaraglar — suwasty gämisi, hlorly gaz we tanklar ulanylýar.

Germaniýanyň suwasty gämileri hatda ýolagçy daşaýan gämilere-de hüjüm edýär. Şol sanda, 2000-den artyk ýolagçy bolan «Luzitaniýa» gämisi şolardan biridi. Hüjüm netijesinde olaryň köpüsi heläk bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Birinji jahan urşy 1918-nji ýylyň güýzünde Germaniýanyň we soýuzdaşlarynyň ýeňilmegi bilen tamamlanýar. Bu şowsuzlyk netijesinde Germaniýa, Awstro-Wengriýa we Osman imperiýalary dargadylýar. Germaniýada imperator tagtdan agdarylýar. Ol daşary ýurda gaçyp gitmäge mejbur bolýar. Beýik Britaniýa we Fransiýa ýelen döwletleriň koloniýalaryna eýe bolýarlar. Ýöne uruş olary hem gowşadypdy.

Russiýada bolsa üç ýüz ýyldan artyk hökümdarlyk eden Romanowlar dinastiýasynyň häkimiýeti 1917-nji ýylda ýatyrylýar. 1917-nji ýylda urşa goşulan ABŞ uruş gatnaşyjylaryna gural-ýarag satmagyň we karz bermegiň hasabyna uly baýlyk toplaýar.

Ol hatda dünýäniň iň iri kolonizator döwleti bolan Beýik Britaniýany hem bergidar edip goýýar we dünýäniň öňdebaryjy döwletine öwrülýär.

### Özüňizi synaň

- «Üçler soýuzyna» ... .
- «Antanta» – bu, ... .
- Birinji jahan urşy ... başlandy.

**Urşuň adamzat üçin pajygaly netijeleri.** Dört ýyldan artyk dowam eden bu elhençli uruş dünýä halklaryna örän uly pajygalar getirdi.

Uruşda 10 million adam heläk bolýar. 20 million adam bolsa ýaradar, maýyp-müjrüp bolup galýar.[1] Döwletler maddy taýdan örän uly mukdarda ýitgi çekýärler.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Nähili sebäpler Birinji jahan urşunyň ýüze çykmagyna getiripdir?*
2. *Urşuň gelip çykmagyna esasy sebäpçi bolan döwletler toparlaryny bellik ediň.*
3. *Uruş nähili ýagdaýda başlandy we ol nähili tamamlandy?*
4. *Urşuň netijeleri we pajygaly netijeleri barada nämeleri bildiňiz?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### ÖZBAŞDAK IŞ

*Jedweli dolduryň*

| Birinji jahan urşunyň gelip çykmagyna sebäpçi bolan döwletler toparlary | Urşuň başlanan we gutaran ýyllary | Urşuň Germaniýa we soýuzdaşlary üçin netijeleri | Urşuň Beýik Britaniýa Fransiýa we Rus imperiýasy üçin netijeleri | Urşuň ABŞ üçin netijeleri | Urşuň dünýä halklaryna getiren pajygalary |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |

## 41-§. BIRINJI JAHAN URŞY WE TÜRKÜSTAN

**Urşuň Türküstana täsiri.** Birinji jahan urşy Watanymyz Türküstana-da öz täsirini ýetirdi. Çünki Türküstan Rus imperiýasynyň koloniýasydy. Türküstanyň çäginde uruş hereketleri alnyp barylmady. Ýöne uruş ýyllarynda kolonizator Russiýanyň Türküstanyň ýerli ilatyna geçirýän zulmy has-da güýçlenipdi. Mysal üçin, uruş zerurlyklary üçin diýip ilatdan alynýan salgytlaryň mukdary köpeldilýär. Ülkeden äkidilýän pagta, däne we başga oba hojalyk önümleriniň mukdary artýar. Bu hem ýetmedik ýaly, 1916-njy ýylda Rus imperatory Nikolaý II permanyna görä, Türküstanyň 19 ýaşdan 43 ýaşa çenli bolan erkek ilaty merdikärlige mobilizlenip başlanýar. Olar Russiýa baryp goşun üçin goranma desgalaryny, demir ýollary gurmak ýaly işlere gatnaşmalydylar. Merdikärlige almak netijesinde ençeme maşgalalar öz ekleýjilerinden aýrylýar. Oba hojalygy bolsa pese gaçyp başlaýar. Imperatoryň karary Türküstan ilatynyň ýiti närazylygyna sebäp bolýar. Bu bolsa ahyrky netijede halkyň milli-azatlyk gozgalaňynyň başlanmagyna getirýär.

**Gozgalaňyň başlanmagy.** Milli-azatlyk gozgalaňy tutuş Türküstan ülkesini gurşap alýar. Ýerlerde kolonizatorlaryň esgerleri bilen ganly çaknyşyklar bolup geçýär. Daşkentde başlanan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gozgalaňyň gatnaşyjylary Bäşagaçdaky polisiýa edarasynyň öňünde toplanýarlar.

Gozgalaňyň işeňňir gatnaşyjysy Rizwanbibi Ahmetjanowa emeldarlara ýüzlenip: «Bizi öldürseňiz-de ogullarymyzy bermeris», – diýip gygyrýar. Polisiýaçylar Rizwanbibi tarapa ok atýarlar. Mundan gazaplanan halk polisiýanyň edarasyny basyp alýar. Polisiýaçylara kömege gelen esgerler ondan artyk gozgalaňçyny atyp taşlaýar. Şeýle wagşyçylykly usul bilen gozgalaň basyp ýatyrylýar.

**Jyzzak gozgalaňy.** Merdikärlige almak baradaky permandan närazylyk aýratynam, Jyzzakda ýiti ýagdaýda bolýar. Jyzzakdan jemi 11 müň adam merdikärlige iberilmelidi. Jyzzaklylar merdikärlige almak baradaky permanyň ýetyrylmagyny we merdikärlige alynýanlaryň sanawyny düzmegiň bes edilmegini talap edip çykyş edýärler. Ýöne bu talap ret edilýär. Netijede güýçli gozgalaň bolup geçýär.



**Rizwanbibiniň polisiýa tarapyndan atylmagy.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bu milli-azatlyk gozgalaňydy. Gozgalaňa Nazirhoja Abdusalamow we Abdurahman jewaçy ýolbaşçylyk edýärler. Ýöne güýçler deň däldi.

Netijede gozgalaňçylar şowsuzlyga duçar bolýarlar. Kolonizatorlar gozgalaňçylary we olaryň ýolbaşçylaryny aýawsyz jezalandyrýarlar. Gozgalaň turuzan obalary otlaýarlar. Hatda gozgalaňçylaryň maşgala agzalaryna-da rehim edilmeýär.

Gozgalaň ýolbaşçylary bolsa ölüm jezasyna höküm edilýär. Galan gatnaşyjylar dürli möhletlere tussag edilýärler we surgüne iberilýärler.

Gozgalaňçylara duýgudaş bolanlygy ýa-da olary tutup almaga kömek etmedikler çöle kowulýarlar.

**Özüňizi synaň**

- ♦ Merdikärlik — bu, ...
- ♦ 1916-njy ýyldaky gozgalaň ... dy.

**Gozgalaňyň ýeňilmeginiň sebäpleri we ähmiýeti.** Gozgalaňçylar kolonizatorlara garşy göreşde hiç hili tejribä eýe däldiler. Olar hiç hili ýörite taýýarlykdan geçmändiler hem. Olaryň ýaraglary esasan kätmenden, çarşaklardan we taýaklardan ybaratdy.

Kolonizatorlaryň esgerleri bolsa häzirki zaman gural-ýaragy bilen üpjün edilipdi. Galyberse-de, gozgalaňa öňünden pugta taýýarlanylmandy. Şeýle bolsa-da, milli-azatlyk gozgalaňynyň gatnaşyjylary kolonizatorlar tarapyndan basgylanan hak-huklaryny dikeltmek üçin göreşdiler. Watanyň janypkeş perzentleridigini görkezdiler. Güýçler deň bolmadyk söweşde görkezen edermenlikleri bilen Watanymyzyň taryhynda öçmejek at galdyrdylar.

1916-njy ýyldaky milli-azatlyk hereketi Rus imperiýasyny gaty aljyradýar. Onuň Türküstandaky güýjüni gowşadýar.

Gozgalaň Türküstanyň ilatyny merdikärlige mobilizlemek baradaky permanyň doly ýerine ýetirilmegine ýol bermeýär. Netijede merdikärlige plandakydan iki esse kem – jemi 120 müňden artyk adam iberilýär. Olar Russiýanyň dürli künjeklerinde açlykdan, horlukdan misli görülmedik derejede azap çekýärler. Köpüsi gaty sowukdan we dürli kesellerden aradan çykypdyrlar. Bir bölegi bolsa ömürlik maýyp bolup galypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gozgalaň watandaşlarymyzyň öz hak-hukuklary üçin göreşip biljeginiň mümkinligini subut edýär. Kolonizator hökümete azatlyk we garaşsyzlyk üçin göreş duýgularynyň hiç haçan sönmejekdigini ýene bir gezek görkezdi.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Jewaçy –** gural-enjamlar saklanýan ammarhana müdiri.
**Merdikär –** wagtlaýyn işe iberilýän işçi.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Birinji jahan urşy näme üçin Türküstana-da täsir edipdir?*
2. *Merdikärlige mobilizlemek nämedi?*
3. *1916-njy ýylyň ýazynda Türküstanda başlanan milli-azatlyk gozgalaňynyň sebäpleri barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Näme üçin 1916-njy ýyldaky milli-azatlyk gozgalaňy şowsuzlyga duçar boldy?*
5. *1916-njy ýyldaky milli-azatlyk gozgalaňynyň taryhy ähmiýeti barada aýdyp beriň.*

## 42-§. IKINJI JAHAN URŞY

**Ikinji jahan urşunyň sebäpleri.** 1933-nji ýylda Germaniýa-da nemesleriň başga halklaryň üstünden hökümdarlyk etmegini dawa edijiler häkimiýet başyna gelýärler.

Olaryň ýolbaşçysy Adolf Gitler ýurtda özüniň ýeke-täk hökümdarlygyny ornaşdyrýar.

Ol öz öňüne birinji jahan urşundaky şowsuzlyk üçin ýeňijilerden öç almak, dünýäni gaýtadan paýlamak, tutuş Ýewropany boýun egdirmek, soňra dünýäde hökümdarlyk etmek maksadyny goýýar. Bu elhenç maksady amala aşyrmak üçin zor edip täze urşa taýýarlanýar.

Italiýa we Ýaponiýa bilen özara ýaranlyk düzýär. Tiz arada öz maksatlarynyň amala aşyrmaga girişýär. Ýagny, 1939-njy ýylyň 1-nji sentýabrynda Germaniýa Polşa hüjüm edýär[1]. Muňa jogap edip Beýik Britaniýa we Fransiýa Germaniýa garşy uruş yglan edýärler. Şeýdip Ikinji jahan urşy başlanýar. Beýik Britaniýa, Fransiýa we öňki Sowet soýuzy özara gapma-garşylyklar we birek-birege ynanmazlyk sebäpli urşuň öňüni alyp bilmeýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Gitler Germaniýasynyň dünýäde agalyk etmäge dyrjaşmagy Ikinji jahan urşunyň esasy sebäbi boldy.

Beýik Britaniýa we Fransiýa Polşany saklap galmak üçin berk çäreleri görmeýärler. Netijede Polşa 17 günde boýun egdirilýär.

**Urşuň gidişi.** Uruş başlanansoň, Germaniýa örän gysga möhletiň içinde Günbatar Ýewropanyň ähli diýen ýaly döwletlerini basyp alýar.



**Ikinji jahan urşy ýyllarynda öňki Sowet soýuzy ulanan ýarag – katýuşa.**

1940-njy ýylda hatda Fransiýany hem derbi-dagyn edýär. Onuň nobatdaky maksady Beýik Britaniýany we öňki Sowet soýuzyny boýun egdirmekdi. Ýöne Beýik Britaniýanyň harby-deňiz floty we harby howa güýçleri güýçli bolanlygy üçin ony basyp alyp bilmeýär. Şonuň üçin Gitler ilki öňki Sowet soýuzyny basyp almagy karar edýär we 1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda onuň üstüne çozýar.

Dekabr aýynda bolsa Ýaponiýa Ýuwaş okeanda ABŞ-a garşy uruş hereketlerini başlap goýberýär. Gitler öňki Sowet soýuzyny örän gysga wagtyň içinde zabt etmegi göz öňüne tutupdy.

Germaniýanyň goşuny ilki çaltlyk bilen yzly-yzyna ýeňiş gazanyp öňe hereketlenýär. Öňki Sowet soýuzynyň paýtagty Moskwa şäheriniň basyp alynmagyna azajyk galýar. Ýöne öňki Sowet soýuzynyň goşuny gaýduwsyzlyk bilen garşylyk görkezýärler. Netijede Gitleriň öňki Sowet soýuzyny gysga möhletiň içinde basyp almak plany puja çykýar. Düzüminde özbegistanly söweşijiler hem bolan öňki Sowet soýuzynyň goşunynyň weýran ediji zarbalary astynda Germaniýanyň goşuny yza çekinmäge mejbur bolýar. Şol bir wagtda öňki Sowet soýuzy, ABŞ we Beýik Britaniýa Germaniýa garşy uruşda özara hyzmatdaşlyk etmek barada ylalaşyk gazanýarlar. Şeýdip Gitler Germaniýasyna garşy ýaranlyk emele gelýär. ABŞ bilen Beýik Britaniýanyň birleşen goşuny Germaniýanyň ýarany Italiýany boýun



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Germaniýanyň boýun egenligi baradaky resminama gol çekilýär.

egmäge mejbur edýär. Öňki Sowet soýuzynyň goşuny 1944-nji ýylda Germaniýanyň goşunyny öz çäginden bütinleý kowup çykarýar. Ýaran döwletleriň Germaniýany boýun egdirjegi gutulgysyz bolup galýar. 1945-nji ýylda Adolf Gitler we onuň käbir tarapdarlary öz janlaryna kast edýärler.

Ahyrynda, 1945-nji ýylyň 8-nji maý güni Germaniýa ýaran döwletleriň öňünde sözsüz boýun egýär. Bu barada degişli resminama hem gol çekilýär. Öňki Sowet soýuzynyň hökümeti faşistik Germaniýanyň üstünden gazanylan ýeňşiň hormatyna 9-njy maý gününi «Ýeňiş güni» diýip yglan etdi.

2-nji sentýabr güni Ýaponiýanyň boýun egenligi baradaky resminama gol çekilýär. Şeýdip Ikinji jahan urşy ony başlan döwletleriň ýeňilmegi bilen tamamlandy.

**Urşuň pajygaly netijeleri.** Ikinji jahan urşy uruşlaryň taryhyndaky iň elhençli uruş boldy. Urşa 60-dan artyk döwlet gatnaşdy.

**Ýatda saklaň!**

Ikinji jahan urşy 6 ýyl dowam etdi.

Alty ýylyň içinde 60 mln. dan artyk adam heläk boldy. 90 mln. dan artyk adam bolsa ýaradar we maýyp-müjrüp bolup galdy. Gitlerçiler özleri basyp alan çäklerde diňe bir uly ýaşdakylary däl, hatda çagalary hem işletmäge äkidipdi. Olar we ýesir alnan esgerler ýörite lagerlerde saklanypdyr. Şeýle lagerlerde saklananlaryň 16 mln. sanysy azaplara çydaman aradan çykypdyrlar.

Olar lagerlerdäki ýörite ýerlerde gaz bilen bogup öldürilipdir. Ölenleriň jesetleri ýörite peçlerde ýakylyp, külleri dökün hökmünde ulanylypdyr. Bular adamzat näme üçin ýer ýüzünde pugta parahatçylyk üçin göreşmeli, diýen soraga jogapdyr.

**Jenaýat jezasyz galmaýar.** Ýokarda getirilen sifrler gitlerçileriň adamzada garşy eden elhenç jenaýatydy. Şonuň üçin hem 1946-njy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýylda bu jenaýatyň aman galan günäkärleriniň üstünden halkara sud hökümi okaldy. Oňa görä jenaýatçylardan 12 sanysyna ölüm jezasy berildi. Galanlaryna uzak möhletli ýa-da ömürlik tussag jezasy bellendi.

### Özüňizi synaň

♦ 1939-njy ýylda – ... .
♦ 1945-nji ýyl, 8-nji maý – bu, ... .
♦ 1945-nji ýyl, 2-nji sentýabr ....

### Soraglar we ýumuşlar

***1.*** *Gitler Germaniýasynyň maksady nämedi?*
***2.*** *Näme üçin öňki Sowet soýuzy, Beýik Britaniýa we Fransiýa Ikinji jahan urşunyň öňüni alyp bilmediler?*
***3.*** *Ikinji jahan urşunyň jemleri barada aýdyp beriň.*
***4.*** *Ikinji jahan urşunyň pajygaly netijeleri adamzada nähili sapak berdi?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

*Faktlary deňeşdirip jedweli dolduryň*

| T/n | Soraglar | Birinji jahan urşy | Ikinji jahan urşy |
|---|---|---|---|
| 1. | Urşuň başlanan ýyly we senesi | | |
| 2. | Uruş nähili başlandy? | | |
| 3. | Urşa gatnaşan esasy döwletler | | |
| 4. | Urşuň netijeleri | | |
| 5. | Urşuň pajygaly netijeleri | | |

## 43-§. GITLER GERMANIÝASYNYŇ ÜSTÜNDEN GAZANYLAN ÝEŇŞE ÖZBEGISTANYŇ GOŞAN GOŞANDY

**Özbegistanyň halkynyň zähmet edermenlikleri.** Ikinji jahan urşy ýyllarynda Özbegistan entek öňki Sowet soýuzynyň düzüminde-di. Şeýlelikde, 1941-nji ýylyň 22-nji iýunynda Gitler Germaniýasy öňki Sowet soýuzyna hüjüm edensoň Özbegistan hem urşa çekildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şeýle bolsa-da, Özbegistan fronty zerur gural-ýarag, ok-däri, azyk we egin-eşik bilen üpjün edip durdy. Uruşda Özbegistandan 1 million 500 müňden artyk söweşiji gatnaşdy. Ilatdan ýygylan pul serişdeleri ýurduň goranma gaznasyna tabşyryldy.

Öňki Sowet soýuzynyň hökümeti Germaniýa basyp almagy mümkin bolan çäklerde ýerleşýän senagat kärhanalarynyň ýüzden gowragyny Özbegistana göçürdi. Özbegistanyň işçileriniň janaýamazlykly zähmetiniň hasabyna göçürlip getirilen kärhanalar gysga möhletlerde gaýtadan guruldy we front üçin zerur önüm öndürip başlady. 280 sany täze kärhana hem guruldy.

Özbegistan uruş ýyllarynda fronta 2100 sany samolýot, 1700 sanydan artyk samolýot motory, 2 milliondan artyk awiabomba, 330 müň sany paraşýut we başga gural-ýarag hem-de harby enjamlary iberdi. Özbegistanyň fabrikleri bolsa esgerleri ýyly egin-eşikler bilen üpjün etmek işine uly goşant goşdular.

**Oba zähmetkeşleriniň edermenligi.** Özbegistanyň oba ilaty bolsa fronty zerur azyk we egin-eşik bilen üpjün etmekde ullakan janypkeşlik görkezdi. Erkekler urşa ugradylanlygy üçin oba hojalygynda işçi güýji ýetişmeýärdi. Olaryň ýerini aýallar we çagalar eýeleýärler. Oba zähmetkeşleri agyr kynçylyklary mertlerçe ýeňmegi başardylar.

**Ýatda saklaň!**

Uruş ýyllarynda jemi 4 million tonnadan artyk pagta, 5 million tonnadan artyk däne ýetişdirildi.

Başga oba hojalyk önümlerini öndürmek hem barha köpelýär.

Halkymyz ynha şeýle agyr ýagdaýda gündizini gündiz, gijesini gije diýmezden, maşakgatly zähmet çekip, front üçin, ýeňiş üçin mynasyp goşant goşdular.[1]

**Uly sahawat.** Gitler Germaniýasyna garşy göreşde Özbegistanyň ilaty uly sahawat hem görkezdiler. Mysal üçin, olar ýurduň goranma

[1] *Islam Karimow.* O‘tganlarni xotirlash, keksalarni e’zozlash – bizning farzandlik burchimizdir. «Xalq so‘zi» gazeti. 2015-nji ýyl. 11-nji maý.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Özbegistanyň zähmetkeşleriniň serişdelerine ýasalan tanklar.**

gaznasyna 650 mln. somdan artyk pul, 55 kg-a golaý tylla we başga gymmatbaha zatlar tabşyrýarlar.

Bu serişdä front üçin broneotly, tank we samolýotlar ýasalýar we olar fronta iberilýär.

Öňki Sowet soýuzynyň hökümeti ýurduň çäginiň uruş hereketleri gidýän ýerlerinde ýaşaýan parahat ilatyň bir bölegini ýurduň içersine göçürýär. Şolardan bir milliondan gowragy Özbegistana getirildi.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistana göçürlip getirilenleriň 200 müň sanysy ýetim çagalardy.

Özbegistanyň halky olary dostlukly garşy alýar. Olara gamhorlyk edýär we ýaşamak üçin öz öýünden ýer berýär. Azygyny we egin-eşigini olar bilen deň bölüşýär. Göçürlip getirilen çagalaryň esasy bölegi çagalar öýlerine ýerleşdirilýär.

Bäş ýarym müňden artygyny bolsa bagrygiň, sahawatly özbek maşgalalary perzentlige alýarlar. Şeýle sahawatly özbek maş-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

galalaryndan biri daşkentli Ş. Şomahmudowlaryň maşgalasydy. Bu maşgala dürli millete degişli 16 sany çagany perzentlige alýar. Olary iýdirip-içirip, terbiýeläp kemala ýetirýärler. Bu hadysa özbek halkynyň bagrygiňliginiň, sahawatlylygynyň aýdyň nusgasydy.

**Özbegistanly esgerleriň frontdaky edermenlikleri.** Ikinji jahan urşy frontlaryna iberilen bir ýarym milliondan köpräk özbegistanly esgerler duşmana garşy mertlerçe söweş edýärler. Gitler Germaniýasynyň hüjümini birinjilerden bolup garşy alan Germaniýa serhetdeş Brest galasy boldy.

Galany goraýjylaryň arasynda özbegistanlylar hem bardy. Olar başga millet wekilleri bilen egindeş bolup bir aýyň dowamynda galany goraýarlar. Özbegistanlylar Ikinji jahan urşunyň haýsy frontunda bolsalar-da şeýdip mertlerçe söweşipdirler.



**«Gamgyn ene» heýkeli. Daşkent.**

Biziň ata-babalarymyz aldymberdimli söweş meýdanlarynda mertlik we gaýduwsyzlyk görkezendigi üçin olaryň 338 sanysy «Sowet Soýuzynyň Gahrymany» derejesine sezewar boldular.[1]

Ikinji jahan urşy ýyllarynda 500 müňe ýakyn özbegistanly esger heläk boldy. 60 müňden artyk esger bolsa inwalid, maýyp-müjrüp bolup galdy.

**Heläk bolanlaryň hatyrasy ebedidir.** Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen Ikinji jahan urşy frontlarynda heläk bolanlaryň hatyrasyny ebedileşdirmek üçin 1998-nji ýylda Özbegistanda Gitler Germaniýasynyň üstünden gazanylan ýeňiş güni – 9-njy maý umummilli «Hatyra we hormatlama güni» diýlip bellenildi.

[1] *Islam Karimow.* O‘tganlarni xotirlash, keksalarni e’zozlash – bizning farzandlik burchimizdir. «Xalq so‘zi» gazeti. 2015-nji ýyl. 11-nji maý.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

1999-njy ýylda Daşkendiň Baş meýdany – Garaşsyzlik meýdanynyň ýanynda «Hatyra meýdany» toplumy guruldy. Bu ýerdäki ýadygärlik diwarlaryna kitabyň sahypalarynyň şekli ýerleşdirildi. Olara Ikinji jahan urşunda heläk bolan özbegistanly esgerleriň atlary ýazyldy.

Toplumda «Gamgyn ene» heýkeli hem dikildi. Heýkelde uruşda öz perzendini ýitiren enäniň gam-gussasy suratlandyrylan. Heýkeliň ýanynda uruşda heläk bolanlaryň hatyrasy üçin baky alaw ýanyp durýar.

### Özüňizi synaň

♦ Uly sahawat diýlende ... .
♦ Özbegistana ... çaga göçürlip getirildi.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Brest galasy** – häzirki Belorussiýa Respublikasynyň Brest şäheriniň daşynda ýerleşen gala.

**Sahawat** (eli açyklyk) – adamlardan kömegini aýamazlyk.

**Front** – uruş hereketleri gidýän çäk.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Uruş ýyllarynda özbegistanly işçileriň görkezen zähmet edermenlikleri barada aýdyp beriň.*
2. *Özbegistanyň oba zähmetkeşleri uruş ýyllarynda nähili üstünlikleri gazandylar?*
3. *Özbegistan halkynyň uruş ýyllarynda görkezen bagrygiňligi we sahawatlylygy barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Özbegistanly esgerleriň söweş meýdanlarynda görkezen gahrymançylyklaryna mysallar getiriň.*
5. *Ikinji jahan urşunda heläk bolan özbegistanly esgerleriň hatyrasyny ebedileşdirmek boýunça nähili işler amala aşyryldy?*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# X bap. DÜNÝÄDE PARAHATÇYLYK WE HYZMATDAŞLYK ÜÇIN GÖREŞ

## 44-§. BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY (BMG)

**BMG-nyň düzülmeginiň sebäpleri.** 1945-nji ýylyň awgust aýy... Ikinji jahan urşy entek dowam edýärdi. ABŞ dünýä öz güýç-kuwwatyny görkezmek maksadynda 6 we 9-njy awgust günleri Ýaponiýanyň Hirosima hem-de Nagasaki şäherlerine iň elhenç ýarag – atom bombasyny taşlaýar. Özüniň bu hereketini Ýaponiýany tizräk boýun egmäge mejbur etmek bahanasy bilen aklamaga çalyşdy. Atom bombasy – iň elhenç gyryjy ýaragdyr. Bu bombanyň tolkuny ymaratlary agdaryp taşlaýar. Ondan ýaýraýan şöhle bolsa howany, suwy we ýeri zäherleýär. Müň-müňlerçe adamlar heläk bolýar. Munuň üstesine, atom bombasy ýaýradýan şöhle (radiasiýa) uzak wagta çenli özüniň heläkçilikli täsirini saklaýar.

1945-nji ýylda Ýaponiýada hut şeýle boldy.

Ýaponiýanyň Hirosima şäherinden onçakly uzak bolmadyk ýerde Sadako atly gyzjagaz ýaşaýardy. Bomba partlan mahalynda Sadakonyň ýüzi ýa-da bedeni ýanmandyr. Ýöne, Hirosima şäheri dikeldilenden 10 ýyl geçensoň Sadako keselleýär. Lukmanlar onuň gan raky keseli bilen kesellänligini anyklaýarlar. Bu kesel – 1945-nji ýylda Hirosima şäherine taşlanan atom bombasynyň şöhlesiniň erbet täsiridi. Sadako özüne ölüm garaşýandygyny bilýärdi.

Sadakodan Tidzuko atly jorasy hemişe habar alyp durýardy. Bir güni Tidzuko jorasyna Ýaponiýada mukaddes hasaplanýan durna guşunyň taryhy barada aýdyp beripdir. Ýaponlar durna 1000 ýyl



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýaşaýar, eger kesel adam kagyzdan 1000 sany durnanyň suratyny ýasasa ol aýaga galýar, diýip ynanýardylar. Sadako şu günden başlap 1000 sany durnanyň suratyny ýasamaga girişýär.

Ýöne, ol 644 sany durnanyň suratyny ýasap ýetişýär. Sadako aradan çykýar, onuň synpdaşlary galan 356 suraty ýasaýarlar we 1000 sany durnanyň suratyny Sadako bilen bile jaýlaýarlar. Sadako atom bombasynyň ýeke gurbany däldi.



**Ýaponiýadaky «Çagalar parahatçylyk heýkeli».**

Ýaponiýanyň çagalary Sadakonyň hatyrasyna ýadygärlik dikmek üçin üç ýylyň dowamynda zerur puly ýygmagy başarýarlar.

Sadakonyň hatyrasyna gurlan ýadygärlik «Çagalaryň parahatçylyk ýadygärligi» diýlip atlandyrylýar. Ol Hirosimadaky «Parahatçylyk alleýasyna» ornaşdyrylýar.

Ýadygärlik daşyna aşakdaky sözler oýulyp ýazylyp goýulýar:

*Bu biziň göz ýaşymyz,*
*Bu biziň dogamyz,*
*Dünýä – parahatçylyk.*

Hawa, şeýle. Dünýä parahatçylyk gerek. Diňe şonda Sadakolaryň tagdyry gaýtalanmaýar. Diňe şonda adamlar başpenasyz, perzentler ata-enesiz ýetim bolup galmaýar. Ata-eneler öz perzentlerinden aýrylyp galmaýarlar. Ýer ýüzüniň çagalary açlykdan, keselden heläk bolmaýarlar. Eger täze uruş bolýan bolsa öňküsinden-de elhenç gyrgyn we weýran edijilik bolar.

Diýmek, döwletler we döwlet işgärleri geljek barada aladalanmalydyrlar, uruşlaryň bolmagyna ýol bermeli däldirler.

Şonuň üçin hem döwlet işgärleri mundan soň jahan urşunyň bolmagyna ýol bermezlik maksadynda ýer ýüzünde pugta parahatçylyk ornaşdyrmaga hyzmat ediji halkara guramany düzmegi karar edýärler.

**BMG-nyň düzülmegi we onuň maksatlary.** Tiz arada şeýle halk-ara gurama düzüldi. Ol Birleşen Milletler Guramasy (BMG) diýlip atlandyryldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Birleşen Milletler Guramasy 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda düzüldi.

Birleşen Milletler Guramasynyň esasy maksatlary aşakdakylardygy kesgitlenildi:

– bütin dünýäde parahatçylygy üpjün etmek;

– dünýä halklarynyň arasynda dostlukly gatnaşyklary ösdürmek;

– dünýäde açlygy, keselleri we sowatsyzlygy ýok etmek boýunça bilelikde hereket etmek;

– ekologiýa heläkçiliginiň öňüni almak;

– adam hukuklaryna we azatlyklaryna hormat bilen garamagy höweslendirmek.



**Birleşen Milletler Guramasynyň ramzi.**

BMG-nyň karargähi ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşdi. BMG-na Baş kätip ýolbaşçylyk edýär.

Dünýäniň haýsy bir künjeginde bolsa-da, umumy parahatçylygy howp astyna salýan ýagdaý emele gelse, BMG ony ara alyp maslahatlaşýar we parahatçylygy saklap galmak üçin zerur çäreleri görýär. Häzirki günde dünýäniň 200-e ýakyn döwleti BMG agzasydyr. Ynha, Ikinji jahan urşundan soň geçen ýyllaryň dowamynda BMG Ýer ýüzünde mäkäm parahatçylyk işi üçin göreşip gelýär.

**Özbegistan halkara guramalaryň agzasy.** Özbegistan 1992-nji ýylyň 2-nji mart güni Birleşen Milletler Guramasyna kabul edildi. Bu waka Özbegistanyň halkara möçberde ykrar edilenligini doly tassyklady Şu günden başlap Özbegistan halkara bileleşigiň deň hukukly agzasyna öwrüldi.

BMG jaýynyň öňünde oňa agza döwletleriň baýdaklarynyň hatarynda Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy hem parlap başlady.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap Daşkentde BMG wekilhanasy açyldy. Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow 1993-nji ýylda BMG-nyň 48-nji umumy mejlisinde ilkinji gezek gatnaşdy we



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

söz sözledi. Bu taryhy waka dünýä garaşsyz Özbegistan döwletiniň bardygyny ýene bir gezek görkezdi.

**Ýada salyň!**

Birleşen Milletler Guramasy haçan we nähili maksatlarda düzülipdi?

Islam Karimow 2010-njy ýylda BMG-nyň XXI asyryň iň derwaýys halkara meselelerine bagyşlanan umumy mejlisine-de gatnaşdy.

Prezidentimiz öz çykyşynda umumy mejlisiň gatnaşyjylarynyň ünsüni Özbegistany aladalandyrýan meselelere gönükdirdi.

Özbegistan BMG-nyň ençeme halkara guramalarynyň işine-de işeňňir gatnaşyp gelýär. Olaryň içinde Siz ÝUNESKO we ÝUNISEF baradaky maglumata eýesiňiz.

Özbegistan ÝUNESKO agzalygyna kabul edildi. Öňki temalarda bu guramanyň Özbegistanda amala aşyran işleri bilen tanşypdyňyz.

ÝUNESKO tälimi, ylmy we medeniýeti ösdürmek ugrunda halkara aragatnaşyklary işeňňirleşdirmek işine uly goşant goşan adamlary sylaglamak üçin öz baýraklaryny hem döretdi.

**Ýatda saklaň!**

ÝUNESKO tarapyndan «Aristotel» we «Beýik Ýüpek ýoly» altyn medallary döredildi.

2007-nji ýylda Islam Karimow ÝUNESKO-nyň şu altyn medallary bilen sylaglandy.

## Soraglar we ýumuşlar

1. *ABŞ näme maksatda Ýaponiýa atom bombasyny taşlady?*
2. *Atom bombasy barada nämeleri bildiňiz?*
3. *Ýaponiýaly gyzjagaz Sadakonyň pajygaly tagdyry barada aýdyp beriň.*
4. *BMG nähili gurama we ol näme üçin döredildi?*
5. *BMG bilen Özbegistanyň hyzmatdaşlygy barada aýdyp beriň.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 45-§. BMG WE DÜNÝÄ ÇAGALARY

**BMG çagalar hukugynyň goraýjysydyr.** BMG dünýä çagalary barada hem hemişe gamhorlyk edip gelýär. Ol ikinji jahan urşunyň çagalaryň başyna salan pajygaly netijelerini aradan aýyrmak maksadynda 1946-njy ýylda «Çagalara kömek etmek halkara gaznasyny» düzdi.

**ÝUNISEF-iň işi.** 1946-njy ýylda düzülen «Çagalara kömek etmek halkara gaznasy» gysgaldylyp ÝUNISEF diýlip atlandyrylýar. Ol ilki uruşdan iň köp ezýet çeken Ýewropanyň çagalaryna kömek etdi. Soňluk bilen Aziýa, Afrika we Günorta Amerika kontinentiniň çagalaryna kömek edip başlady.

**Ýatda saklaň!**

ÝUNISEF dünýä çagalaryna eden kömegi üçin 1965-nji ýylda halkara Nobel baýragy bilen sylaglandy.

**ÝUNISEF-iň ramzi.**

Çünki bu kontinentleriň çagalarynyň durmuşy bilen bagly meseleler derwaýys bolmagynda galýar. Ýagny, çagalaryň arasyndaky ölüm derejesi entegem ýokary, millionlarça çagalar doýup nahar iýip bilenoklar.

130 milliondan artyk çaga bolsa mekdebe gatnamaýarlar.

Bulary hasaba alan ÝUNISEF öz işini aşakdaky ugurlara gönükdirýär:

– ölüme sebäpçi bolýan keseller bilen kesellenmegiň öňüni almak üçin çagalary sançmak;

– çagalary we eneleri arassa agyz suwy bilen üpjün etmek;

– çagalaryň arasynda açlyga, doýup nahar iýmezlige we sowatsyzlyga garşy göreş;

– çagalaryň kör bolup galmagna sebäp bolýan «A» witamini ýetmezçiliginiň öňüni almak;

– çagalar hukuklary baradaky halkara Konwensiýanyň ähli döwletler tarapyndan tassyklanmagyny gazanmak.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ÝUNISEF her ýylda 3 million çaganyň janyny saklap galýar. Bu günki günde ÝUNISEF-e 140-dan artyk döwlet agza. Özbegistan Respublikasy 1994-nji ýylda oňa agza bolup girdi we onuň bilen hemişelik hyzmatdaşlygy ýola goýdy. ÝUNISEF Özbegistanyň hökümeti bilen çagalary sançmak, waksinalar bilen üpjün etmek we Aralýaka ilatyna kömek etmek ýaly ugurlarda hyzmatdaşlyk edýär.

Özbegistanda çagalar barada gamhorlyk etmek döwlet syýasatynyň esaslaryndan birini düzýär.

BMG 1989-njy ýylda «Çaga hukuklary barada» diýlip atlandyrylýan halkara Konwensiýany kabul etdi. Onda 18 ýaşyna çenli bolan raýatlaryň çaga hasaplanýandygy bellenildi. Şonuň ýaly-da, BMG agzalaryna çagalaryň ýaşaýşyny, diri galmagyny we sagdyn ösüşini üpjün etmek borçnamasy ýüklenendir. Şol bir wagtda çagalaryň bilim almak hukugy kepillendirilýär. Çagalardan arzan işçi güýji hökmünde peýdalanmak we harby gulluga çekmek gadagan edildi. Çagalary neşe maddalary ulanmak dan saklamak çärelerini görmäge borçly edildi. Özbegistan Respublikasy hem bu Konwensiýa goşulýar.

2007-nji ýylda bolsa «Çaga hukuklarynyň kepilleri baradaky» Özbegistan Respublikasynyň kanuni kabul edildi.

Bu kanun 18 ýaşyna çenli bolan Özbegistan raýatlarynyň bähbidini goraýar.

**ÝUNISEF-iň serişdesi.** Agza döwletler her ýyl guramanyň hasabyna mälim mukdarda serişde goýberýärler. Şonuň ýaly-da, käbir şahslaryň haýyr-yhsanynyň hasabyna hem serişde toplanýar. Mundan daşary Gazna har ýylda özüniň simwoly düşürlen millionlarça açyk gutlag jilt hatlaryny satmak arkaly hem serişde toplaýar.

Açyk gutlag jilt hatyny satmak nähili resmileşdirilipdir?

1949-njy ýyl... Gazna Çehiýanyň çagalaryna kömek edýärdi. Kömek edilýän çagalaryň arasynda surat çekmäge zehinli 7 ýaşly Ýitka Samkowa hem bardy. Gaznanyň kömeginden ylhamlanan Ýitka (onuň synpdaşlary hem gaty hoşal bolýarlar) aýna parçalaryna Gazna üçin reňkli suratlary çekip berýär.

Synp mugallymy Ýitkanyň çeken suratlaryny Çehiýanyň paýtagty Pragada ýerleşýän Gaznanyň karargähine iberýär. Bu suratlar Gaznanyň işgärlerine gaty makul bolýar. Olar suratlary Nýu-Ýork şäherine iberýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Gaznanyň işgärleri Ýitkanyň suratlarynyň teswiri düşürilen açyk gutlag jilt hatlary taýýarlamaga karar edýärler we olary Isa pygamberiň doglan güni – Roždestwo baýramy mynasybetli bütin dünýäde satuwyny guraýarlar. Bu çäre Gazna uly girdeji getirýär.

Soňluk bilen, her ýylda şeýle açyk jilt hatlar satmak däbe öwrüldi.

### Özüňizi synaň

- ♦ Nýu-Ýork şäheri ... .
- ♦ ÝUNISEF ... .
- ♦ 1989-njy ýylda ... .

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Waksina** – adam bedeniniň keselden goranmak derejesini artdyrmak maksadynda sançmak üçin ulanylýan däri.

**Gazna** – belli bir işiň görnüşine, adamlaryň belli bir toparyna kömek bermek maksadynda düzülen gurama.

**Konwensiýa** – haýsy-da bolsa bir ýörite meselä degişli halkara şertnama.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** *BMG-nyň dünýä çagalarynyň hukuklaryny goramak boýunça alyp barýan işi barada nämeleri bildiňiz?*

**2.** *ÝUNISEF guramasy we onuň işi barada aýdyp beriň.*

**3.** *«Çaga hukuklary barada»ky Konwensiýanyň maksady nämelerden ybarat?*

**4.** *Özbegistan Respublikasy bilen ÝUNISEF haýsy ugurlarda hyzmatdaşlyk edýärler?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

Siziň maşgalaňyzda çagalar nähili kesellere garşy sanjym edilendigini anyklaň we olary depderiňize ýazyp geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# XI bap. ÖZBEGISTAN GARAŞSYZ ÖSÜŞ ÝOLUNDA

## 46-§. ÖZBEGISTANYŇ GARAŞSYZLYGYNYŇ GAZANYLMAGY

**Özbegistanyň birinji Prezidenti.** Özbegistan öňki Sowet soýuzynyň düzüminde koloniýady. XX asyryň 80-nji ýyllaryna gelende öňki Sowet soýuzynyň krizise duçar bolandygy aýdyň göründi. Kolonial halklaryň, şol sanda, özbek halkynyň garaşsyzlyk üçin göreşi bu krizisi has-da güýçlendirdi.

Şeýle şertde Özbegistana ony garaşsyzlyga tarap aýgytly alyp barmagy başarýan, gerek bolsa, janyny hem pida etmäge taýýar bolup durýan ýolbaşçy – baştutan zerurdy. Bu zerurlyk Islam Abduganiýewiç Karimowy syýasat meýdanyna çykardy. Islam Karimow tiz arada Özbegistanyň ýolbaşçysy edip saýlandy. Ol şuňa çenli ençeme ýokary döwlet ýolbaşçy wezipelerinde işläp uly tejribe toplapdy.



**Islam Karimow.**

1990-njy ýylyň 24-nji martynda Özbegistanyň taryhynda ilkinji gezek Prezidentlik wezipesi döredildi. Şol gün gelejegi öňünden görüp bilýän we danyşment ýolbaşçy, özbek halkynyň watanperwer perzendi, baştutany Islam Karimow Özbegistanyň Prezidenti edilip saýlandy.

Bu hadysa Özbegistanyň garaşsyzlygy üçin göreş ugrunda möhüm taryhy waka boldy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýatda saklaň!**

Prezident — mälim möhlete saýlap goýulýan döwlet baştutanydyr. Prezidentlik döwletdäki iň ýokary wezipe. «Prezident» adalgasy latynça söz bolup, türkmen dilinde «öňde oturýan» diýen manyny aňladýar.

**Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygynyň yglan edilmegi.** Prezident Islam Karimow Özbegistanyň garaşsyzlygyny üpjün etmegi özüniň esasy wezipesi diýip yglan etdi. Şol bir wagtda Özbegistany döwlet garaşsyzlygyna getirýän çäreleri yzygiderlik bilen amala aşyryp başlady. Olaryň arasynda 1990-njy ýylda kabul edilen «Garaşsyzlyk Deklarasiýasy» uly taryhy ähmiýete eýe boldy.

Ýykylyp barýan öňki Sowet soýuzynyň ýolbaşçylary 1991-nji ýylyň awgust aýynda güýç ulanmak ýoly bilen öňki Sowet soýuzyny saklap galmaga dyrjaşdylar. Ýöne bu hereket heläkçilige duçar boldy. Islam Karimowyň başlangyjy bilen Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşi 31-nji awgust güni «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Garaşsyzlygynyň esaslary barada» Kanun kabul etdi. 1-nji sentýabr bolsa Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni diýlip bellenildi.

Şeýdip dünýä syýasy kartasynda täze döwlet – Özbegistan Respublikasy peýda boldy. 1991-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Islam Abduganiýewiç Karimow alternatiw esasynda garaşsyz Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti edip saýlandy.

**Özüňizi synaň**

- 1990-njy ýyl 24-nji mart – ... .
- 1991-nji ýyl 31-nji awgust... .
- 1991-nji ýyl 1-nji sentýabr... .

**Özbegistan Respublikasynyň döwlet nyşanlary.** Özbegistan döwlet garaşsyzlygyny gazanansoň, öz keşbini halkara normalar esasynda ýüze çykarmalydy. Döwletiň keşbi bolsa onuň nyşanlarynda görünýär. Nyşanlar döwletiň, halkyň özboluşly taraplaryny aňladýan tymsallar bolup, döwleti halkara möçberde tanadýar. Onuň garaşsyzdygyny görkezýär. Döwletleri bir-birinden tapawutlandyryp durýar. Halkyň öz tagdyryny özi kesgitlemek hukugyna eýe bolandygyny aňladýar. Özünde halkyň geçmişini, bu gününi we geljegini, arzuw-maksatlaryny jemleýär. Şonuň üçin Özbegistan hem gysga wagtyň içinde öz döwlet nyşanlaryny kabul etmäge girişdi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Üns beriň!**

Özbegistan Respublikasy kanun bilen tassyklanýan öz döwlet nyşanlary – baýdagyna, gerbine we senasyna eýe.

Özbegistan Respublikasynyň
Konstitusiýasy, 5-nji madda.

Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baý-dagy 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda, Döwlet gerbi 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda, Döwlet senasy bolsa 1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda tassyklandy. Siz döwletimiz nyşanlarynyň mazmunyny olarda suratlandyrylan her bir teswiriň nähili manyny aňladýandygyny «Konstitusiýa älemine syýahat» derslerinden bilýärsiňiz.

**Garagalpagystan Respublikasy.** Özbegistan döwlet garaşsyzlygyny gazanansoň, Garagalpagystana Özbegistanyň düzümindäki garaşsyz Respublika derejesi berildi. Özbekler we garagalpaklar asyrlaryň dowamynda ýanaşyk, aga-iniler ýaly ýaşap gelýärler. Olaryň gatnaşyklary dostluk-doganlyga esaslanýar. Olaryň dilleri hem bir-birine ýakyn.

Özbegistanyň düzümindäki Garagalpagystan Respublikasy özüniň Konstitusiýasyna, döwlet nyşanlaryna, kanun çykaryjy häkimiýetine we hökümetine eýe. Garagalpagystan Respublikasynda kanun çykaryjy häkimiýeti Jokorgy Keňes amala aşyrýar.

**Özüňizi synaň**

- ♦ 1991-nji ýyl, 18-nji noýabr ... .
- ♦ 1992-nji ýyl, 2-nji iýul ... .
- ♦ 1992-nji ýyl 10-njy dekabr ....



**Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy.**



**Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gerbi.**



**Garagalpagystan Respublikasynyň baýdagy.**



**Garagalpagystan Respublikasynyň gerbi.**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Gerb** – döwletiň möhürinde, pullarda we resminamalarda teswirlenen, döwleti tanadýan aýratyn tapawutly belgi.

**Baýdak** – haýsy-da bolsa bir döwlete ýa-da gurama degişliligi aňladýan belgiler düşürilen belli bir ölçegdäki mata, döwlet garaşsyzlygynyň esasy nyşany.

**Alternatiw** – saýlanýan wezipelere dalaşgärleriň ikiden kem bolmazlyk düzgüni.

**Nyşan** – haýsy-da bolsa bir hadysany, ýagdaýy aňladýan şertli belgi.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Özbegistanda Prezidentlik wezipesiniň döredilmegi barada aýdyp beriň.*
2. *«Prezident» sözüni we onuň derejesini häsiýetlendirip beriň.*
3. *Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygynyň yglan etmek prosesi nähili geçdi?*
4. *Döwletlere döwlet nyşanlary näme üçin zerurlygyny düşündirip beriň.*
5. *Garagalpagystan Respublikasy barada nämeleri bildiňiz?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

**«Möhüm taryhy seneler»**

*Jedwelini dolduryň*

| T/n | Möhüm taryhy seneler | Bolup geçen möhüm taryhy wakalar we kabul edilen möhüm taryhy resminamalar |
|---|---|---|
| 1. | | |
| 2. | | |
| 3. | | |
| 4. | | |

## 47-§. ÖZBEGISTANYŇ YKDYSADYÝETINDÄKI ÜSTÜNLIKLER

**Özbegistanyň galla garaşsyzlygy.** Galla (bugdaý) halkymyzyň rysgalydyr. Özbegistan koloniýa bolan döwürlerde öňki Sowet soýuzyny pagta bilen üpjün edip geldi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Galla oragy.**

Özbegistanyň pagtasysyz öňki Sowet soýuzynyň dokmaçylyk kärhanalary işläp bilmeýärdi. Özbegistan öz ilaty üçin zerur gallanyň esasy bölegini öňki Sowet soýuzyndan öz pagtasynyň hasabyna alardy we ol ýylyna 3 million tonna golaý bolardy. Öňki Sowet soýuzy dargadylandan soň gallany daşary ýurtlardan satyn almaly boldy. Ýöne özara aragatnaşyklaryň bozulmagy netijesinde Respublikamyz bary-ýogy bir hepdä ýetýän galla gory galan günleri hem başyndan geçirdi.

Şeýle agyr şertden çykmak üçin Islam Karimowyň başlangyjy bilen ýurduň galla garaşsyzlygyny gazanmak barada karar kabul edildi. Oňa görä, Respublikada pagta ekilýän ýer meýdanlary gysgaldyldy. Pagtadan boşan ýerlerde galla ýetişdirilip başlandy. Şol bir wagtda her gektar ýerden alynýan dänäniň hasyllylygyny artdyrmak çäreleri görüldi. Bu hereket tiz arada öz netijesini berdi.

**Ýatda saklaň!**

2003-nji ýylda Özbegistan galla garaşsyzlygyny gazandy. Şol ýyl Özbegistanyň daýhanlarynyň janaýamazakly zähmeti sebäpli ýurdumyzda 5 mln. 100 müň tonna galla ýetişdirildi. Bu 1991-nji ýylga görä 5,5 esse köpdi.

Özbegistanyň Gahrymany, Özbegistanyň halk şahyry Abdulla Oripow bu ýeňiş gazanylan günlerde özüniň «Özbek çöregi» goşgusynda aşakdaky setirleri ýazypdy:

*Ýurdum, beýikligiň bildi giň jahan,*
*Doldy ammaryň öz dänäň bilen.*
*Sylaýaň älemi ýazyp desserhan,*
*Zähmet bilen tapan çöregiň bilen.*

Zähmetsöýer daýhanlarymyzyň zähmet edermenlikleri sebäpli 2014-nji ýylda Respublikamyzda 8 mln. tonnadan artyk galla ýetişdirildi. Bu gün Özbegistanyň gallasy hatda başga döwletlere-de satylýar.

**Nebit garaşsyzlygy.** Siz nebitiň nämedigini gowy bilýärsiňiz. Onuň adamzat jemgyýetiniň berkararlygy üçin ähmiýeti iňňän uludyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Nebiti gaýtadan işleýän zawod.

Şonuň üçin hem oňa gara altyn diýlip hem aýdylýar. Nebitden alynýan önümleri göz öňüne getirip görüň. Bular benzin, kerosin, solýarka we başga ýangyçlardyr. Bularsyz halk hojalygynyň hiç bir ugry birsydyrgyn işläp bilmeýär. Meselem, kerosinsiz samolýotlar uçup bilmeýär. Solýarkasyz oba hojalyk tehnikalary ýöremeýär. Benzinsiz transport serişdeleri hereketlenip bilmeýärler. Bir söz bilen aýdanda, nebiti halk hojalygynyň damsrlarynda akýan gana meňzetmek mümkin. Şonuň üçin hem nebit önümlerine bolan zerurlyk ýyldan ýyla barha artýar.

Özüni özi nebit önümleri bilen üpjün edýän döwlet özgeler eline garam bolmaýar. Özbegistanda ABŞ we Ýaponiýa bilen hyzmatdaşlykda ençeme nebit ýataklary işe girizildi. Netijede nebit gazyp almak ýyldan ýyla barha artýar.

**Ýatda saklaň!**

1995-nji ýyldan Özbegistan nebit garaşsyzlygyny gazandy.

Fergana we Buhara nebiti gaýtadan işleýän zawodlary Respublikanyň nebit önümlerine bolan zerurlygyny kanagatlandyryp gelýär.

**Özbegistan pagtasynyň dünýädäki orny.** Özbegistan dünýäde özüniň pagtasy bilen hem meşhur. Respublikamyz dünýäde pagta ýetişdirmek boýunça altynjy, ony daşary döwletlere satmak boýunça bolsa üçünji orunda durýar. Pagta gymmat bahaly çig maldyr.

**Ýatda saklaň!**

Bir tonna pagta çig malyndan ortaça 320 –350 kg süýüm alynýar. Bu süýümden bolsa 3500 kwadrat metr mata dokamak mümkin. Şonuň ýaly-da, 620 kg çigit hem alynýar. Bu çigitden bolsa 110 kg pagta ýagy, 225 kg künjara we 175 kg şulha we başga önümler alynýar.

Özbek pagtasyndan alynýan süýmüň hili örän ýokary. Şonuň üçin hem oňa dünýäde talap örän uly.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen Daşkentde «Halkara Özbegistan pagta ýarmarkasy» geçirilip durulýar we ol özbek pagtasynyň özboluşly dünýä bazary wezipesini ýerine ýetirýär.



**Pagta harmany.**

**Häzirki zaman senagaty.** Häzirki zaman senagaty bolmasa halk hojalygyny ösdürip bolmaýar. Elektrik energiýasy (tok) öndürmek kemeldi, diýip çak ediň. Eýsem, onda näme bolar? Elbetde, ähli senagat kärhanalary durup galar.

Ýa-da maşyn gurluşygy senagatyny alalyň. Häzirki zaman oba hojalyk tehnikalary bolmasa nädip oba hojalygynda iş ýöretmek mümkin? Maşyn gurluşygy senagaty bolmasa Özbegistan häzirki zaman ýeňil awtomobilleri öndürýän ýurda öwrülip bilermidi?

Bir-birinden ajaýyp ýeňil maşynlaryň öndürilýändigine özüňiz hem şaýatsyňyz.

Himiýa senagaty bolmasa-da oba hojalygynyň ösüşini göz öňüne getirip bolmaýar. Mineral dökünler bolmasa nädip ekinleriň hasyllylygyny artdyrmak mümkin, ahyryn? Ýa-da oba hojalygynyň zyýankeşlerine garşy himiki serişdelersiz nähili göreşmek mümkin?

Ýa-da azyk senagatysyz ilaty dürli hili azyk önümleri bilen üpjün edip bolarmy? Diýmek, Respublikamyzda senagaty ösdürmek meselesine mundan beýläk hem uly üns beriljekdir.

**Özüňizi synaň**

♦ Himiýa senagaty bolmasa, ... .
♦ Ýangyç senagaty bolmasa, ... .

**Adalgalaryň mazmunyny öwreniň!**

**Ykdysadyýet** – ýurduň ilatyny ähli zerur zatlar bilen üpjün edýän hojalyk, önümçilik.

**Tehnika** – adam zähmetini ýeňilleşdirýän we zähmet öndürijiligini artdyrmaga hyzmat edýän önümçilik gurallary, serişdeleri.

**Ýarmarka** – telekeçileriň we öndürijileriň sergä goýlan önümlerini lomaý satmak we satyn almak maksadynda geçirilýän çäre.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Soraglar we ýumuşlar

1. *Näme üçin Özbegistanda galla garaşsyzlygyny üpjün etmek zerurdy?*
2. *Galla garaşsyzlygyny gazanmak boýunça nähili çäreler amala aşyryldy we olar nähili netije berdi?*
3. *Nebit garaşsyzlygyny gazanmazdan önümçiligi ösdürip bolmaýandygyna deliller getiriň.*
4. *Özbegistan pagtasynyň dünýä bazaryndaky orny barada nämeleri bildiňiz?*
5. *Senagatyň ýurduň ykdysadyýetinde tutýan ornunyň biçak uludygyna deliller getiriň.*

### ÖZBAŞDAK IŞ

1. Siz ýaşaýan tümende senagatyň haýsy pudagy bar? Ata-eneňiziň kömeginde onuň tümeniňiziň durmuşynda tutýan orny barada maglumat toplaň.
2. Ata-eneňiziň kömeginde özüňiz ýaşaýan tümeniň pagta we galla ýetişdirmekde bu ýyl nähili netijeler gazananlygy barada maglumat toplaň.

## 48-§. RUHY WE MAGARYF TAÝDAN GALKYNYŞ

**Milli we ruhy gymmatlyklaryň dikeldilmegi.** Milli we ruhy gymmatlyklar asyrlaryň dowamynda döredilýär. Olar döwrüň, durmuşyň özgermegi bilen ýok bolup gitmeýär.

Tersine, soňky nesiller üçin miras bolup galýar. Soňky nesiller bolsa olary has-da baýlaşdyrýar. Olar hem özünden soňky nesle miras edip galdyrýar.

**Ýatda saklaň!**

Gymmatlyk (ähmiýetli, gymmatbaha, halk baýlygy) – adamlar üçin örän gadyrly, gymmatly bolan ähli zatlardyr.

Özbek halky geçmişde ähli halklar höwes eder ýaly derejede gymmatlyklary döredipdir. Ýöne olaryň köpüsi Özbegistan koloniýa bolan ýyllaryň dowamynda basgylanypdy. Garaşsyzlykdan soň bu gymmatlyklar basgançaklaýyn dikeldilip başlandy.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbek dili – özbek halkynyň ene dili, ýokary gymmatlygy. Kolonial ýyllarynda ol ikinji derejeli dil hataryna düşürlipdi. Onuň ulanylyş orny çäklendirilendi. Bu ýagdaý özbek halkynyň milli buýsanjyny kemsidýär. Şu ýagdaý aradan aýyrmak üçin Islam Karimowyň başlangyjy bilen 1989-njy ýyldan başlap özbek diline döwlet dili derejesi berildi.

**Nowruzyň dikeldilmegi.** Nowruz baýramy halkymyzyň gadymy gymmatlygydyr. Ol gadymda şeýle hormatly baýram bolan bolup, ol bellenilýän günlerde hatda uruşlar bes edilipdir.

Nowruz gowulyk, mähir-şepagat we ak göwünlilik baýramy hökmünde hem örän gadyrlanypdyr. Nowruzyň ýene bir özboluşly tarapy şundan ybarat, ýagny hut ol bellenilýän wagtda halkyň rysgalynyň esasy bolan ekerançylyk işleri hem başlanypdyr. Nowruz ynha şeýle häsiýetlerine görä iň söýgüli baýrama öwrülen. Ýöne Özbegistan koloniýa bolan döwürlerde Nowruz könäniň galyndysy, diýip yglan edildi we ony bellemek gadagan edilipdi.

1990-njy ýylda Özbegistanyň hökümeti muny çäklendirdi. Şu ýyldan başlap Respublikamyzda Nowruz gaýtadan dikeldildi. 21-nji mart Nowruz – milli halk baýramy hem-de dynç alyş güni diýlip bellendi. Respublikanyň ilaty muny minnetdarlyk bilen garşy aldy.

Halkymyz Nowruz günlerinde ýowarlary guraýarlar. Daş-töwerek arassalanýar, abadançylyk çäreleri geçirilýär. Daragtlar we gül nahallary oturdylýar. Halkymyzyň iň söýgüli tagamy – semeni (sümelek) saçaga çekilýär.

Mundan daşary, Nowruzda ýetim-ýesirlere, maýyplara, kömege mätäç maşgalalara halyndan habar alyp kömek edýärler..

**Dini baýram-haýytlaryň dikeldilmegi.** Özbegistanyň musulmanlary hem her ýyl mübärek Gurban baramyny we Oraza (Remezan) baýramlaryny belleýärler.

Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen 1991-nji ýyldan başlap Gurban baýramy we 1992-nji ýyldan başlap bolsa Remezan haýytlarynyň birinji güni dynç alyş güni diýlip bellendi.

**Beýik babalarymyzyň mübärek atlarynyň hormatlanmagy.** 1991-nji ýyldan başlap beýik şahyr, özbek nusgawy edebiýatyny esaslandyran Alyşir Nowaýynyň doglan gününiň 550 ýyllygy bellenip geçildi. Bu beýik senä bagyşlap onuň şa eserleri gaýtadan neşir



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Ymam al-Buharynyň kümmeti.

edildi. Daşkent şäherinde owadan we äpet heýkeli dikildi. Onuň ady bilen atlandyrylýan Özbegistan Milli bagy guruldy. Islam Karimow heýkeliň we Milli bagyň açylyş dabarasynda sözlän sözünde Alyşir Nowaýyny milli guwanjymyz diýip beýgeltdi.

Özbegistanyň adyny we beýik işlerini koloniýa ýyllarynda halkyň ýadyndan çykarmaga hereket etdiler, aslynda buýsanjymyz, guwanjymyz bolan Emir Temur babamyzyň mübärek adynyň dikeldilenligi uly taryhy hadysa boldy.

Özbegistan dünýä diňe bir beýik ylym-bilim alymlaryny kemala getiren ülke bolman, ol şol bir wagtda, dini alymlary hem ýetişdiripdir. Prezident Islam Karimowyň başlangyjy bilen döwletimiziň garaşsyzlygy ýyllarynda olaryň hem mübärek atlary dikeldildi. Ýagny, watandaşlarymyz, hadys ylmynyň beýik görnükli wekilleri Ymam al-Buharynyň doglan gününiň 1225 ýyllygy, Abu Isa at-Termiziniň doglan gününiň bolsa 1200 ýyllygy bellenip geçildi.

Mundan daşary, meşhur yslam kanunşynasy Burhaniddin Marginanynyň doglan gününiň 910 ýyllygy, yslam dininiň esaslaryny düşündirip bermek ylmynyň meşhur wekili ymam Maturidiniň doglan gününiň 1130 ýyllygy hem bellenip geçildi. Olaryň hatyrasyna bagyşlanyp ajaýyp binagärlik ýadygärlikleri guruldy.

Ýubileý dabaralarynyň ählisine Prezident Islam Karimow gatnaşdy.

**Ýurdumyzdaky milletler arasyndaky agzybirlik.** Özbegistan hem köp milletli döwletdir. Onda 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri ýaşaýar. Özbek halkyna başga halklary äsgermezlik ýa-da kemsitmek bilen garamak ýat zat. Ol asyrlaryň dowamynda başga halk wekilleri bilen asuda-agzybir ýaşap gelen bagrygiň, dostlugy gadyrlaýan halk. Garaşsyzlyk ýyllarynda hökümetimiz milletler arasyndaky agzybirligi has-da pugtalandyrmak çärelerini gördi. Ilki bilen, Özbegistanyň her



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Burhaniddin Marginanynyň kümmeti.**

bir raýaty haýsy millete degişlidigine seretmezden kanunyň öňünde deň diýlip yglan edildi. Milletine seretmezden her bir raýatyň kalbyna, aňyna ýeke-täk Watan taglymy siňdirilip başlandy.

Özbek diline döwlet dili derejesi berlen bolsa-da, başga diller hem kemsidilenok.

Mysal üçin, Respublikamyzyň umumy orta bilim berýän mekdeplerinde okatmak özbek dilinden daşary ýene 6 dilde alnyp barylýar (garagalpak, rus, täjik, türkmen, gazak we gyrgyz dillerinde). Derslikler hem 7 dilde neşir edilýär.

Ähli milletleriň we halkyýetleriň dilleri, urp-adatlary we däpleri kanun bilen goralýar. Olaryň ösmegi üçin ähli şertler döredip berildi.

Başga millet wekillerine milli zerurlyklaryny erkin kanagatlandyrmaklary üçin öz milli-medeni merkezlerini düzmäge rugsat edildi. Milletara agzybirligi üpjün etmek boýunça amala aşyrylan işler Özbegistan halkynyň birligini, jebisligini we asudalygyny üpjün etmäge hyzmat edýär. Bu bolsa Özbegistanyň bahasyna ýetip bolmaýan baýlygydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



Gurhany Kerim.

**Dini bagrygiňlik.** Her bir döwletiň durmuşynyň asuda geçmegi, raýatlarynyň parahat-agzybir ýaşamagy dini bagrygiňligiň nähili derejede pugta emele gelendigine hem baglydyr.

**Ýatda saklaň!**

Dini bagrygiňlik – Watany bir, ýöne dini ygtykatlary her hili bolan raýatlaryň bir-birleriniň dini ygtykadyny hormat etmegidir. Ýeke-täk beýik maksat ugrunda jebisleşip hyzmatdaş we raýdaş bolup ýaşamaklarydyr.

Adamzadyň geçmiş taryhy dini gyrgynçylyklara hem doly bolupdyr. Mysal üçin, Fransiýada ýekeje 1572-nji ýylda bolup geçen dini gyrgynçylykda bir hepdäniň içinde 30 müň adam heläk bolupdyr. Gynansak-da, dünýä häzir hem özara dini gyrgynçylyklardan doly azat bolup bilenok.

Özbegistanyň çäginde gadym-gadymdan dürli dinler ýanaşyk ýaşap gelýär. Olara ygtykat edijiler öz dini amallaryny erkin berjaý edipdirler. Çünki özbek halky ozaldan bagry giň halk. Bu günki günde Respublikamyzda 15-den artyk dini ygtykada degişli dini guramalar iş alyp barýarlar.



Daşkentdäki rus prawoslaw buthanasy.

Olaryň kanunyň öňünde deňlik düzgüni kesgitlendi. Öz işlerini erkin amala aşyrmaklary üçin şert döredip berildi. Şeýdip, ýurdumyzyň dürli dini ygtykatlara amal ediji raýatlarynyň arasynda dini bagrygiňlik has-da pugtalandyryldy.

Olar baş taglymymyza esas bolan «Azat we abat Watan, erkin we abadan durmuş gurmak» ýaly beýik wezipäni amala aşyrmak işine öz goşantlaryny goşup gelýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Özüňizi synaň**

♦ Özbegistanda ... ýaşaýar.
♦ Özbegistanda 15-den artyk ... .

### Adalganyň mazmunyny öwreniň!

**Hadys ylmy** – Muhammet pygamberiň (s.a.w.) aýdan sözlerini, eden işlerini we görkezmelerini toplap, olaryň ynamlylaryny seýip almak ylmy.

### Soraglar we ýumuşlar

1. *«Gymmatlyk» sözüniň manysyna düşündiriş beriň. Näme üçin gymmatlyklary dikeltmek zerurdy?*
2. *Özbegistanda özbek halkynyň asyrlar boýy gymmatlyklarynyň dikeldilendigine deliller getiriň.*
3. *Beýik babalarymyzyň mübärek atlarynyň dikeldilmegi barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Milletler arasyndaky agzybirlik nähili üpjün edildi?*
5. *«Dini bagrygiňlik» düşünjesine kesgitleme beriň. Özbegistanda dini bagrygiňligi pugtalandyrmak boýuna nähili işler amala aşyryldy?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

1. Mähelläňizde bu ýylky Nowruzyň nähili bellenendigi barada maglumat toplap geliň.
2. Remezan we Gurban baýramlarynyň mähelläňizde nähili bellenip geçilendigi barada maglumat toplap geliň.

## 49-§. ÖZBEGISTAN WE DÜNÝÄ

**Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygynyň dünýä ýurtlary tarapyndan ykrar edilmegi.** Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygy dünýä döwletleri tarapyndan yzly-yzyna ykrar edilip başlady. Garaşsyz Özbegistan daşary döwletler bilen deňlik esasynda hyzmatdaşlyk etmäge başlady. Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow seçilip alnan ýol barada şeýle diýipdi: «Özbegistan hiç kimden sadaka soramaýar, diňe deňme-deň hyzmatdaşlyga taýýar».

Özbegistan, ilki bilen, Russiýa Federasiýasy bilen her taraplaýyn hyzmatdaşlyk etmäge uly üns berdi. Iki döwletiň arasynda ýaranlyk gatnaşyklary barada şertnama gol çekildi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



**Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow we Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin.**



**Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow we Hytaý Halk Respublikasynyň başlygy Su Szinpin.**

Şertnama iki döwletiň hem bähbitlerine birmeňzeş hyzmat edýär. Russiýa Federasiýasy Özbegistanyň iň iri söwda hyzmatdaşy hemdir.

Özbegistan Aziýanyň Hytaý, Günorta Koreýa, Ýaponiýa, Malaýziýa we Singapur ýaly iň ösen döwletleri bilen pugta hyzmatdaşlygy ýola goýmagy başardy. Ýurdumyzda bu döwletleriň gatnaşmagynda guralan ençeme bilelikdäki kärhanalar iş alyp baryp, olar bilen söwda-ykdysady aragatnaşyklar barha ösýär.

Mysal üçin, 2013-nji ýylda Özbegistan bilen Hytaýyň arasyndaky söwda dolanyşygy 5 mlrd. ABŞ dollaryndan geçdi. Özbegistan Hytaý bilen Aziýada pugta parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça hem ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.

Islam Karimowyň 2014-nji ýylda Hytaýda, Hytaý ýolbaşçysynyň Özbegistanda bolmagy iki döwletiň arasyndaky aragatnaşyklary has-da pugtalandyrmaga hyzmat edýär.

Günorta Koreýa Respublikasy hem Özbegistanyň Aziýadaky iri hyzmatdaşlaryndan biri hasaplanýar.

Günorta Koreýa bilen hyzmatdaşlyk Özbegistanyň dünýäde ýeňil awtomobil öndüriji döwlete öwrülmeginde möhüm rol oýnady. Günorta Koreýanyň «DAEWOO» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlykda Asaka şäherinde awtomobil zawody guruldy.

1996-njy ýylyň 26-njy mart güni birinji awtomobil öndürildi. Şeýdip Özbegistan dünýäde awtomobil öndüriji 28-nji döwlete öwrüldi. Özbegistan Ýaponiýa bilen hem özara bähbitli hyzmatdaşlyk edip gelýär. Ýurdumyzda ondan artyk Özbegistan – Ýaponiýa bilelikdäki kärhanasy iş alyp barýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Özbegistan dünýäniň iň güýçli döwleti bolan ABŞ bilen, onuň ençeme kompaniýalary we korporasiýalary bilen, şol sanda, «Jeneral Motors» korporasiýasy bilen hyzmatdaşlyk edýär. Bu korporasiýa bilen hyzmatdaşlykda «Asaka» zawodynda dürli modellerdäki häzirki zaman ýeňil awtomobilleri, Daşkent welaýatynda bolsa olar üçin dwigatel (motor) öndürilýär.



**Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow we Günorta Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Pak Kin He.**

**Özbegistan regional guramalaryň hem agzasydyr.** Özbegistan regional guramalar bilen hem hyzmatdaşlyk edýär. Olaryň içinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) we Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG) aýratyn orun tutýar. 1991-nji ýylda döredilen GDA guramasyna Russiýa Federasiýasy, Ukraina, Belorussiýa, Özbegistan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Gazagystan, Türkmenistan, Azerbaýjan, Ermenistan we Moldowa döwletleri agza. Olaryň ählisi öňki Sowet soýuzynyň düzümindäki respublikalardy. GDA-ny düzmekden gözlenýän esasy maksat – oňa agza döwletleriň arasynda uzak ýyllaryň dowamynda karar emele gelen ykdysady aragatnaşyklary saklap galmakdy. Muňa köp tarapdan gazanyldy. Şol bir wagtda GDA öňki Sowet soýuzynyň çäginde raýatlar urşunyň ýüze çykmagynyň öňüni aldy. Agza döwletleriň öz garaşsyzlyklaryny pugtalandyrmakda birek-birege kömekleşmegi gazanyldy.

Özbegistan agza bolan ýene bir regioal gurama – Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasydyr (ŞHG). Bu gurama Hytaýyň Şanhaý şäherinde Hytaý, Russiýa Federasiýasy, Gazagystan, Täjigistan, Gyrgyzystan we Özbegistan döwletleri tarapyndan düzüldi.

Guramasa agza döwletler terrorçylygy, dürlüçe gatnaşykda bolmagy we ekstremizmi «üç ýowuz güýç» hasaplaýarlar.

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Dürlüçe gatnaşyk** – döwletiň çäginiň bir bölegini bölüp alyp ol ýerde täze döwlet düzmek üçin göreş.[1]

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 53-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Kompaniýa** – söwda ýa-da senagat pudagynda iş alyp barýan işewürler bileleşigi.[1]

**Korporasiýa** – ösen iri paýdarlar jemgyýeti.[2]

**Region** – Ýer ýüzüniň haýsy-da bolsa bir bölegi.

**Terrorçylyk** – öz maksadyna ýetmek ugrunda bäsdeşlerini gorkuzmak, ýok etmek, ilatyň arasynda wehim döretmek maksadynda edilýän zorluk hereketi.[3]

**Ekstremizm** – öz maksadyna ýetmek ugrunda iň ýiti çäreleri ulanmaga tarapdarlyk.[4]

## Soraglar we ýumuşlar

1. *Özbegistan – Russiýa Federasiýasy gatnaşyklary Özbegistanyň başga döwletler bilen gatnaşyklaryndan haýsy taraplary bilen tapawutlanýar?*
2. *Özbegistanyň Aziýadaky esasy söwda-ykdysady hyzmatdaşlary bolan döwletler bilen gatnaşyklaryna degişli maglumatlary bellik ediň.*
3. *Özbegistanyň ABŞ bilen hyzmatdaşlygy barada nämeleri bildiňiz?*
4. *Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy nähili maksatda düzülen?*
5. *Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň esasy wezipeleri nämelerden ybarat?*

## ÖZBAŞDAK IŞ

**«Özbegistan agza bolan halkara we regional guramalar barada nämeleri bilýärsiňiz?»**

*(Jedweli dolduryň)*

| T/n | Halkara Guramalaryň ady | Döredilen ýyly | Guramanyň esasy wezipesi | Özbegistan agza bolup giren wagt | Halkara gurama döreden baýrak |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | BMG | | | | |
| 2. | ÝUNESKO | | | | |
| 3. | ÝUNISEF | | | | |
| 4. | GDA | | | | |
| 5. | ŞHG | | | | |

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 396-njy sah.
[2] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 2-nji jilt. 408-nji sah.
[3] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 4-nji jilt. 76-njy sah.
[4] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2008. 8-nji jilt. 28-nji sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



# XII bap. DÜNÝÄ HALKLARY XXI ASYRDA

## 50–51-§. DÜNÝÄ HOWPSUZLYGYNA WEHIM

**Adamzadyň parahatçylygyna howp salýan güýçler.** Bu günki günde adamzadyň parahatçylygyna regional dawalar, halkara terrorçylyk, dini ekstremizm hem-de adamzadyň tebigata görä ýerliksiz gatnaşygyny getirip çykaran ekologik meseleler uly howp salýar.

Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow entek 1997-nji ýylda «Özbegistan XXI asyryň bosagasynda» atly eserinde bularyň adamzadyň parahatçylygyna döredýän howpunyň gerimi we netijeleri barada jikme-jik durup geçipdi.

**Regional dawalar we olaryň howpy.** Regional dawa – Ýer ýüzüniň haýsy-da bolsa bir böleginde döwletleriň arasynda gelip çykan özara jenjeller ýa-da haýsy-da bolsa bir döwletiň çäginde bolýan raýatlar urşydyr. Goňşymyz Owganystanda ýüze çykan raýatlar urşy muňa aýdyň mysaldyr. Bu döwletiň raýatlary 35 ýyldan artyk döwürden bäri parahatçylygyň nämedigini bilmeýärler.

Regional dawalar adamzadyň parahatçylygyna döredýän howpy nämede?

Ilki bilen, olar goňşy döwletlerde parahatçylygy howp astynda goýýar. Ikinjiden, raýatlar urşy gaçaklar meselesini getirip çykarýar. Üçünjiden, regional dawalara çekilip galan çäkler neşe maddalaryň dolanyşygynyň köpelmegine, halkara terrorçylyk hereketiniň güýçlenmegine, bikanun gural-ýarag söwdasynyň ýaýbaňlanmagyna getirýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Biz dünýäniň dürli ülkelerinde dowam edýän duşmançylyklary we gapma-garşylyklary diňe syýasy ýol bilen, parahatçylykly ýol bilen çözmegiň tarapdarydyrys.[1]

**Halkara terrorçylyk.** XX asyryň ahyry – XXI asyryň başlarynda halkara terrorçylyk adamzadyň başyna uly külpet salyp başlady.

Halkara terrorçy güýçler döwlet ýolbaşçylarynyň, ilçileriň janyna kast etmek we ogurlamak, adamlary girewe almak, halkara guramalaryň binalaryny, aeroportlary we wokzallary partlatmak, samolýotlary alyp gaçmak ýaly elhenç jenaýatlary edýärler.

Häzirki günde dünýäniň hiç bir döwleti özüni halkara terrorçylyk howpundan azat diýip hasaplap bilmeýär. Halkara terrorçy güýçler 2001-nji ýylyň 11-nji sentýabrynda hatda ABŞ-da hem aýylganç jenaýatlary amala aşyrýarlar. Terrorçylar şol güni özleri eýeläp alan samolýotda Nýu-Ýork şäherinde ýerleşen halkara «Söwda merkezi»niň göge direlýän binasyny weýran etdiler. Netijede müňlerçe adamlar heläk boldular.

Halkara terrorçy güýçler Russiýa Federasiýasynda hem ençeme howply jenaýat edenligine taryh şaýat. Aýratynam 2004-nji ýylda Beslan şäherindäki orta mekdepde täze okuw ýyly başlanýan 1-nji sentýabr güni edilen jenaýat iň elhenç jenaýatlardan biri boldy.

Bu jenaýat dünýäniň ähli parahatçylyk söýüji güýçlerini lerzana getirdi. Çünki jenaýat netijesinde mekdep okuwçylary-da heläk boldular.

**Dini ekstremizm.** XX asyryň ahyrlarynda dini ekstremizm hem güýçlendi. Ekstremizm – maksada ýetmegiň ýiti çäreleri bolup, zorluk, güýç ulanmak we terror etmek ýoly diýenidir. Ekstremizmi dini dogmatizm emele getirdi.

Dini dogmatizm – öz ömrüni ýaşap bolan, köneli̇şen dini düzgünleri saklap galmak üçin göreşmeklikdir. Dini dogmatlar ýer ýüzüniň dürli ýurtlarynda, şol sanda, Özbegistanda hem dini kanunlar esasynda dolandyrylýan döwlet gurmak üçin göreşdiler. Olar 1999-njy ýylyň 16-njy fewralynda Daşkentde Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň janyna kast etmegi guradylar.

---

[1] *Islam Karimow.* O‘tganlarni xotirlash, keksalarni e’zozlash – bizning farzandlik burchimizdir. «Xalq so‘zi» gazeti. 2015-nji ýyl. 11-nji maý.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2005-nji ýylda bolsa Andijan şäherinde ýene baş göterdiler. Ýöne Özbegistanyň halky olaryň dawasyny ret etdi.

Netijede, dogmatlaryň planlary amala aşmady. Gynansak-da, dini dogmat güýçler öz maksatlaryndan entegem gaýtmadylar.

**Özüňizi synaň**

♦ Dini dogmatizm – bu, ... . ♦ Terrorçylyk – ... .

**Ekologik meseleler.** Adamzadyň howpsuzlygyna ekologik meseleler hem uly howp döredýär.

Bu mesele adamlaryň tebigata ýerliksiz, hatda wagşyçylykly gatnaşygy netijesinde gelip çykdy.

Dünýä ýurtlary ýaly Özbegistan hem ekologik meselelerden azat däl. Özbegistany aýratynam «Aral pajygasy» diýlip atlandyrylýan ekologik mesele gaty aladalandyrýar.

Aral pajygasy uzak ýyllaryň dowamynda Aral deňzine Amyderýadan we Syrderýadan ýeterli mukdarda suw akyp barmanlygy netijesinde gelip çykdy. Bir wagtlar seýrek we gözel bolan Aral deňzi bu günki günde gurap diýen ýaly we ýogalyp barýan suw basseýnine öwrülýär.

**Ýatda saklaň!**

Soňky 40 ýylyň içinde Aral deňziniň göwrümi 7 esse, suwunyň göwrümi bolsa 13 esse kemeldi[1].

Bar suwuň hem şorlanma derejesi onlarça esse artypdyr. Deňiz jandarlaryň ýaşamagy üçin ýaramsyz bolup galdy. Netijede ähli diýen ýaly haýwanat we ösümlik dünýäsi heläkçilige duçar boldy.

**Parahatçylyk üçin göreş ugrundaky hyzmatdaşlyk.** Özbegistan garaşsyzlgyň ilkinji günlerinden başlap Owganystan meselesini çözmäge gönükdirilen teklipleri öňe surdi. Islam Karimow 2010-njy ýylda BMG-nyň umumy mejlisinde bu barada Özbegistanyň garaýyşlaryny ýene bir gezek beýan etdi. Özbegistanyň berk pikiriçe, daşary ýurtlaryň harby güýçleri Owganystanda parahatçylyk ornaşdyryp bilmeýärler. Owganystanlylar öz meselelerini özleri

---

[1] *Islam Karimow.* «O‘zbekiston XXI asr bo‘sag‘asida». – D.: «O‘zbekiston» NÇDÖ. 1997.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

çözmelidirler. Ösen döwletler bolsa Owganystana ykdysadyýetini dikeltmäge kömek etmelidirler.

Özbegistan halkara terrorçylyga we dini ekstremizme garşy göreşde hem-de ekologik meseleleri çömekde-de dünýä bileleşigi bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edip gelýär.

Özbegistan halkara terrorçylyga we dini ekstremizme garşy göreşde Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen hem ýakyndan hyzmatdaşlyk edip gelýär. Bu Guramanyň regional terrorçylyga garşy göreşýän shrukturasynyň karargähi Daşkent şäherinde ýerleşýär. Gurama agza döwletler terrorçylygy, dürlüçe gatnaşygy we ekstremizmi «üç ýowuz güýç» diýip hasaplaýarlar. Bu üç ýowuz güýje garşy göreş mäkäm parahatçylygyň berkarar bolmagyna hyzmat edýär.

Özbegistan Aral pajygasynyň has-da çuňlaşmagynyň öňüni almak boýunça-da BMG we Merkezi Aziýa döwletleri bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär.



**Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimow we BMG Baş kätibi Pan Gi Mun.**

Mysal üçin, Özbegistanyň Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýanyň bäş döwletiniň arasynda «Araly halas etmek halkara gaznasy» döredildi.

Islam Karimowyň tagallalary bilen 2010-njy ýylda BMG Baş kätibi Pan Gi Mun Aralýaka çäklere bardy. Baş kätip Aral pajygasynyň netijelerini öz gözi bilen gördi. Saparyň ahyrynda Aral meselesini çözmäge kömekleşjekdigini mälim etdi.

Islam Karimow BMG-nyň «Müňýyllyk ösüş maksatlaryna» bagyşlanan umumy mejlisinde ýygnananlara ýüzlenip: «Aral meselesi – bu, şu sebitde ýaşaýan, BMG ýaly abraýly gurama umyt bilen kömek sorap ýüzlenýän millionlarça adamlaryň meselesidir», – diýip nygtady.

[1] *Islam Karimow.* O‘tganlarni xotirlash, keksalarni e’zozlash – bizning farzandlik burchimizdir. «Xalq so‘zi» gazeti. 2015-nji ýyl. 11-nji maý.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Özüňizi synaň

- 1999-njy ýylyň 16-njy fewralynda – ... .
- 2001-nji ýylda ABŞ-da... .
- 2005-nji ýylda Andijanda ... .

### Adalgalaryň mazmunyny öwreniň!

**Dogma** – köre-körlük bilen makullanylýan subutnamasyz düzgün.[1]

**Ekologiýa** – tebigaty, daşky gurşawy gorap, aýawly saklamak.

### Soraglar we ýumuşlar

**1.** *Nähili güýçler adamzadyň parahatçylygyna howp döredýär?*
**2.** *Regional dawalaryň nämedigi we onuň adamzada salýan howpy barada aýdyp beriň.*
**3.** *Halkara terrorçylygyň adamzadyň parahatçylygyna salýan howpy barada nämeleri bildiňiz?*
**4.** *Dini dogmatlaryň maksatlary näme we olar Özbegistanda nähili jenaýatlary amala aşyrýarlar?*
**5.** *Ekologiýa meseleleriniň peýda bolmagyna nämeler sebäp bolupdyr?*
**6.** *«Aral pajygasy» näme we Özbegistanyň hökümeti onuň netijelerini kemeltmek boýunça nähili işleri amala aşyrýar?*

### ÖZBAŞDAK IŞ

*Jedweli dolduryň*

| T/n | Regional dawalar we olaryň netijeleri | Halkara terrorçy güýçleriň eden elhenç jenaýatlary | Dini dogmatizm | | Ekologik wehim | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | Maksatlary | Eden jenaýatlary | Ekologik meseleleriň peýda boluş sebäpleri | Aral pajygasynyň netijelerini kemeltmek boýunça alnyp barylýan işler |
| | | | | | | |

[1] ÖDDS. – D.: «ЎзМЭ». 2006. 1-nji jilt. 126-njy sah.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 52-§. XXI ASYR – YLYM-BILIM WE ÖSÜŞ ASYRY

**Näme üçin XXI asyr ylym we ösüş asyry diýilýär?** Siz her gün diýen ýaly «ylym» sözüni eşidýärsiňiz. Ýogsam, ylym näme? Ylym – dünýäde bar bolan bilimleriň ulgamydyr. «Ylym» sözüniň ýerine «bilim» sözi hem ulanylýar. Olar bir manyny aňladýan sözlerdir. Adamzadyň bütin taryhynyň dowamynda ylym-bilim barha ösüpdir. Adamyň fiziki zähmeti ýeňilleşdirmäge ymtylmagy tehnika pudagynda uly açyşlaryň, oýlap tapmalaryň döredilmegine getirdi.

**Ýatda saklaň!**

Tehnika (ussatlyk) – adamyň zähmetini ýeňilleşdirýän we adam üçin zerur zatlary ýeterli mukdarda öndürmäge mümkinçilik berýän maşynlar, abzallar, gurallar we gurluşlar ýygyndysydyr.

Şeýlelikde, tehnika – bu, ekskawatorlar, dürli hili traktorlar, kombaýnlar, buldozerler, ýeňil we ýük, ýolagçy daşaýan transport serişdeleri, samolýot, kosmik raketalar, telewizor, kompýuter, elektron hasaplaýyş maşynlary, internet ulgamlary we başgalardyr.

Bir wagtlar ýönekeý kätmen bilen kanal gazan adam soňluk bilen ekskawator bilen kanal gazyp başlady. Bu adamyň zähmetini nähili derejede ýeňilleşdirýändigini, zähmet öndürijiligini näçe artdyrýandygyny bir göz öňüne getirip görüň.

Adamyň bu günki durmuşyny samolýotlarsyz, kompýuterlersiz, öýjükli telefonlarsyz ýa-da internetsiz göz öňüne getirip bolarmy? Ullakan tehnika adama ýeriň jümmüşinden tonnalap ýerasty baýlyklary gazyp almaga mümkinçilik berýändiginiň şaýadysyňyz.

Ýa-da lukmançylyk tehnikalaryny alalyň. Bu ugurda amala aşyrylan ullakan oýlap tapmalar adamzada näme berýär? Ilki bilen, ol adamyň bedeniniň näsaglan dürli agzalaryny, şol sanda, ýüregini hem çalşyrmaga mümkinçilik berdi. Ýa-da näçe-näçe keseller hirurgik tygsyz bejerilýär.

Adam tehnikanyň ösüşi sebäpli hatda Aýa gonmagy-da başardy. Adam bularyň ählisini ylym-bilimiň ösüşi sebäpli gazandy.

Ylym-bilimiň we tehnikanyň ösüşindäki şeýle uly üstünlikler taryha ylmy-tehniki ynkylap ady bilen girdi. Ylym-bilimiň ösmegine uly



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

üns berýän döwletler bu günki günde her taraplaýyn ösen döwletlere öwrüldiler. Raýatlary bolsa bolelinlikde ýaşaýarlar.

Dünýäde ylym-bilim pudagynda beýik açyşlary amala aşyran alymlar halkara Nobel baýragy hem-de milli sylaglar bilen sylaglanýarlar. Ylym-bilim XXI asyrda XX asyrdakydan hem çaltlyk bilen ösýär. Mundan beýläk hem ýurduň ykdysady güýjüni, ertirki gününi we tagdyryny ylym-bilimiň ösüşi çözýär. Kompýuteriň kömeginde uly göwrümli maglumatlary döretmek, toplamak, saklamak, gaýtadan işlemek we olary ibermek ýönekeý hadysa öwrüldi. Meselem, kompýuteriň ýekeje kiçijik fleşkasyny alyň. Oňa bir giden birnäçe onlarça, ýüzlerçe kitaplary we maglumatlary islendik mukdarda ýerleşdirmek mümkin.

Adamlar olardan islendik ýerde peýdalanyp bilýärler. Şeýlelikde, informasion tehnologiýalar barha ykjamlaşyp barýar. Tehnologiýalaryň şeýle ykjamlaşmagy nanotehnologiýa (milliardyň bir bölegi) diýilýär. Ol iň döwrebap tehnologiýa bolup, ähli habar serişdelerini kiçeltmäge mümkinçilik berýär. Netijede, geljekde ähli amallary ýerine ýetirip bilýän kompýuterler el sagagynyň göwrümine deň bolýar. Şeýlelikde, ähli ugurlarda ulanylýan gural-enjamlara sarp edilýän materiallaryň harajaty ýiti kemelýär. Nanotehnologiýa pudagynda döredilen oýlap tapmalar önümçilikde, lukmançylykda, ekologiýada, awiasiyada, radiotehnikada we başga ençeme möhüm ugurlarda ýokary netijeliligi üpjün edýär.




**Nobel baýragy nyşany.**

Mundan çykýan netije şundan ybarat, ýagny ylma ymtylma ýitse, ylym ösmeýär. Ylym-bilim ösmege, ýurduň geljegini göz öňüne getirip bolmaýar.

Şeýlelikde, XXI asyrda ylym-bilimiň üstünlikleri döwletleriň ösüşiniň baş faktory bolmagynda galýar. Şonuň üçin hem XXI asyr – ylym-bilim we ösüş asyry diýilýär.

**Özüňizi synaň**

♦ Ylym bu, – ... .
♦ Tehnika – ... .



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**«Güýç – bilimde we pikirlenmede».** Bu pähimli sözler Prezidentimiz Islam Karimowa degişli. Bu hikmetdäki «Güýç» sözi Özbegistanyň maksady geljekde dünýäniň ösen, raýatlary bolsa bolelin ýaşaýan döwletler hataryndan orun tutmalydygyny aňladýar.

«Bilim» sözi bu beýik maksadyň amala aşmagynda ýurdumyzda ylym-bilimiň nähili derejede ýokary ösüşine baglydygyny aňladýar. «Pikirlenme» sözi bolsa ýurduň hünärmen kadrlarynyň häzirki zaman ylym-biliminde toplanan ýokary derejedäki bilimleri çuňňur özleşdirmegi özleri hem dünýä ylym-biliminiň ösmegine mynasyp goşant goşmalydygyny aňladýar.

Özbegistan – dünýäniň ösen, raýatlary bolelin ýaşaýan döwletine öwrülmegi üçin ähli mümkinçiliklere eýe. Hususan-da, ýurdumyz ýerasty we ýer üsti baýlyklara baý. Tebigy şerti örän amatly. Ýeri hasylly, güneşli günleri köp ülke. Ýöne ýurduň ýokary derejede ösen döwlete öwrülmegi üçin bularyň özi ýeterli däl.




**Häzirki zaman kolleži.**

Bu, ilki bilen, ylym-bilimiň nähili derejede ýokary ösüşine baglydyr. Ylym ösmese beýik döwlet gurup bolmaýar.

Ikinjiden, ylym-bilimiň üstünliklerini önümçilikde ulanýan hünärmenleriň öz borjuna, wezipesine nähili derejede wyždan bilen çemeleşmegine-de baglydyr.

**Şuny ünsli okaň!**

Ýaponiýanyň we Günorta Koreýanyň biziňki ýaly ullakan tebigy baýlyklary barmy? Ýok. Ýöne, dünýäniň iň öňdebaryjy tehnologiýasy ine şu ýurtlarda ýerleşen.

*Islam Karimow*

Şonuň üçin hem Özbegistan döwleti ýurtda ylym-bilim işgärlerine – alymlara netijeli işlemekleri üçin zerur şertleri döredip bermegi esasy wezipelerden biri hasaplaýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Garaşsyzlyk ýyllarynda Özbegistanyň Ylymlar akademiýasynyň hakyky ylym-bilim merkezine öwrülmegi üçin köp işler amala aşyryldy. Prezident Islam Karimow Ylymlar akademiýasynyň alymlary bilen birnäçe gezek duşuşdy. Akademiýanyň işiniň netijeliligini artdyrmaga gönükdirilen hökümet karary hem kabul edildi.

Şol bir wagtda alymlaryň dünýä ylmynyň üstünliklerinden doly habarly bolmak meselesine hem uly üns berildi. Bu babatda her bir alymyň haýsy-da bolsa bir daşary ýurt dilini pugta bilşi höweslendirilýär.

1997-nji ýylda Respublikamyzda «Umid» gaznasy düzüldi. Mundan maksat – zehinli ýaşlary seçip alyp olaryň daşary ýurtlarda okuwyny goldamakdy. Soňluk bilen «Iste’dod» diýlip atlandyrylýan Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň gaznasy düzüldi. Ýaşlary daşary ýurtlarda okatmak arkaly dünýä tejribesini öwrenen, ýokary hünärli hünärmenleriň sanynyň köpelmegi gazanyldy. Ýokary okuw edaralarynda ylmyň dürli ugurlaryny pugta eýeleýän, ylmy barlag işlerini alyp barýan iň zehinli talyplary we ýaş alymlar öz ýönelişleri boýunça Özbegistanyň Prezidentiniň stipendiýasy, Nowaýy, Biruny we Kamolot stipendiýalarynyň eýeleri boldular. Hökümetimiz ylym-bilim we tehnika pudagynda uly täzelikleri amala aşyrýan alymlary hem sylaglamak üçin Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýragyny döretdi.

Gysga taryhy döwrüň içinde Özbegistan hem ylym-bilimiň ösüşinde dünýäniň iň öňdebaryjy döwletlerinden birine öwrüljekdigine hiç şübhe ýokdur. Munda bolsa elbetde Siziň gowy bahalara okamagyňyz möhüm ähmiýete eýedir.

### Taryhy şahslaryň we adalgalaryň mazmunyny öwreniň

**Alfred Nobel –** şwesiýaly oýlap tapyjy, dünýäde birinji bolup dinamiti (partlaýjy madda) oýlap tapan adam. Entek dirikä öz baýlyklarynyň hasabyndan halkara baýrak döretmegi wesýet edipdir.

**Stipendiýa** – ýokary okuw edaralarynyň talyplaryna bellenilen tertipde her aýda tölenip durulýan pul.

**Ylmy-tehniki ynkylap** – ylym-bilim we tehnika pudagyndaky düýpli özgerişler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Karimov I.A.* «Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch». – T.: «Ma’naviyat» nashriyoti 2008.

2. *Karimov I.A.* «Amir Temur – faxrimiz, g‘ururimiz». – T.: «O‘zbekiston» NMIU. 1998.

3. O‘zbekiston Respublikasi Konstitutsiyasi. – T.: «O‘zbekiston» NMIU. 2014.

4. *Иванин М.* «Икки буюк саркарда». – T.: «Fan» nashriyoti. 2000.

5. O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi. – T.: «ЎзМЭ». 1–12-jildlar. 2002–2005.

6. O‘zbek tilining izohli lug‘ati. – T.: «ЎзМЭ». 1–5-jildlar. 2006–2007.

7. *Mahkamov A.* Rasmlarda Vatan tarixi. – T.: «Cho‘lpon» nashriyoti. 1996.

8. «Bola huquqlari to‘g‘risida»gi xalqaro Konvensiya. – T.: «Adolat» nashriyoti. 1991.

9. «O‘zbekiston Respublikasining davlat ramzlari to‘g‘risida»gi qonuni. – T.: «O‘zbekiston» NMIU. 2012.

10. Q. Rajabov va boshq. O‘zbekiston tarixining eng asosiy sanalari». – T.: «O‘zbekiston» NMIU. 2012.

11. *Q. Rajabov* va boshq. Jahon tarixining muhim sanalari. – T.: «Sharq» NMAK. 2011.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## MAZMUNY

Giriş: Taryhy hatyrasyz geljek ýok..........3

### I bap. Taryh ylmy nämäni öwrenýär?

1-§. Taryhy çeşmeler..........7
2-§. Kalendarlaryň taryhyndan..........9
3-§. Taryhda ýyl hasaby..........12
4-§. Dünýä kartasynyň taryhy..........15

### II bap. Iň gadymy döwürlerde dünýä halklary

5-§. Iň gadymy adamlar we olaryň menzilleri..........19
6-§. Gadymy adamlaryň durmuş terzi..........21
7-§. Arheologiýanyň taryhyndan..........25

### III bap. Adamzat medeniýetiniň şekillenmegi

8-§. Gaýadaş suratlary..........28
9-§. Ýazuw – adamzadyň beýik açyşy..........31
10-§. «Awesto» – eždatlarymyz döreden irki ýazuw taryhy çeşmesi..........34
11-§. Muzeýler..........37

### IV bap. Ilkinji siwilizasiýalar, şäherler we döwletler

12-§. Ýewropada we Amerikada ilkinji siwilizasiýalar..........41
13-§. Gadymy şäherleriň döreýşi..........45
14-§. Dünýäniň gadymy döwletleri..........48
15-§. Gadymy dünýäniň ýedi täsinligi..........51
16-§. Özbegistanyň çägindäki gadymy döwletler..........54

### V bap. Söwda we aragatnaşyk

17-§. Teňňeler – taryhyň şaýady..........58
18-§. Söwda ýollary..........61
19-§. Täze deňiz söwda ýollarynyň açylmagy..........64
20-§. Önümçilik tehnikasynyň emele gelmegi..........67
21-§. Transport serişdeleriniň oýlanyp tapylmagy..........70
22-§. Aragatnaşyk serişdeleriniň oýlanyp tapylmagy..........73

### VI bap. Watanymyzda we Ýewropada ylym-bilimiň ösüşi

23-§. Mekdep – bilim ojagy..........78
24-§. Ýurdumyzyň beýik alymlary..........82



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

25-§. Mürze Ulugbek we onuň akademiýasy......86
26-§. Ýurt abadançylygy, edebiýat we sungat......89
27-§. Ýewropada ylym-bilim açyşlary......93
28-§. Türküstan magaryfperwerleri......95

## VII bap. Azatlyk üçin göreşen gahrymanlar

29-§. Tomarisiň we Şyragyň edermenligi......99
30-§. Spitameniň gahrymançylygy......102
31-§. Araplara garşy halk azatlyk göreşi......105
32-§. Jelaliddin Menguberdi halkymyzyň milli gahrymany......108
33-§. Sahypgyran Emir Temur......112
34–35-§. Soňky tabynlyk......115

## VIII bap. Özbegistanyň gadymy şäherleri, taryhy ýadygärlikleri

36-§. Özbegistanyň taryhy şäherleri......120
37-§. Özbegistanyň paýtagty Daşkent – 2200 ýaşda......125
38–39-§. Özbegistanyň taryhy-binagärlik ýadygärlikleri......129

## IX bap. Adamzat taryhyndaky jahan uruşlary

40-§. Birinji jahan urşy......134
41-§. Birinji jahan urşy we Türküstan......137
42-§. Ikinji jahan urşy......140
43-§. Gitler Germaniýasynyň üstünden gazanylan ýeňşe Özbegistanyň goşan goşandy......143

## X bap. Dünýäde parahatçylyk we hyzmatdaşlyk üçin göreş

44-§. Birleşen Milletler Guramasy (BMG)......148
45-§. BMG we dünýä çagalary......152

## XI bap. Özbegistan garaşsyz ösüş ýolunda

46-§. Özbegistanyň garaşsyzlygynyň gazanylmagy......155
47-§. Özbegistanyň ykdysadyýetindäki üstünlikler......158
48-§. Ruhy we magaryf taýdan galkynyş......162
49-§. Özbegistan we dünýä......167

## XII bap. Dünýä halklary XXI asyrda

50–51-§. Dünýä howpsuzlygyna wehim......171
52-§. XXI asyr – ylym-bilim we ösüş asyry......176
Peýdalanylan edebiýatlar......180

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Usmon Toshpo‘latovich JO‘RAYEV,**
**Qamar USMONOV,**
**Adham Yarashboyevich NURQULOV,**
**Gulira’no Usmonovna JO‘RAYEVA**

# TARIXDAN HIKOYALAR

***Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining 5-sinfi uchun darslik***

*(Turkman tilida)*

***2-nashri***

*Terjime eden* ***Kamiljan Hallyýew***
*Redaktor* ***Jumanazar Metýakubow***
*Çeper redaktor* ***Jahangir Badalow***
*Tehredaktor* ***Ýelena Toloçko***
*Korrektor* ***Jumanazar Metýakubow***
*Kompýuterde sahaplan* ***Kamiljan Hallyýew***

Lisenziýa nomeri AI № 163. 09.11.2009. Çap etmäge 2015-nji ýylyň 18-nji iýunynda rugsat edildi. Möçberi $70\times90^{1}/_{16}$. Times New Roman garniturasy. Kegli 13. Ofset kagyzy. Ofset çal ediliş usuly. Şertli çap listi 13,75. Neşir listi 10,8. 949 nusgada çap edildi. Şertnama № 44—2015. Buýurma № 15–274.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň Çolpan adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi. 100129, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.
Telefon: (371) 244-10-45. Faks (371) 244-58-55.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekiston» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. 100129, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.

J88 **Joraýew, U.**
Taryhdan hekaýalar: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 5-nji synpy üçin derslik/U. Joraýew [wa boshq.]; jogapkär redaktor Ö. Mawlanow. – D.: Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2015 – 184 s.
ISBN 978-9943-05-743-2

**UO‘K: 372.893=512.164(075)**
**KBK 63.3 (5Tur)ya72**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T. n. | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1. | | | | | | |
| 2. | | | | | | |
| 3. | | | | | | |
| 4. | | | | | | |
| 5. | | | | | | |
| 6. | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy |
| **Gowy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagat-lanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagat-lanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE